Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# DÜNÝÄ TARYHY

# 10

*Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synpy üçin derslik*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenildi*

Täze neşir

**Daşkent – 2022**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 94(100)(075.3)
KBK 63.3(0)ya72
D 75

**AWTORLAR:**

**Şuhrat Ergaşew, Begzod Hodjaýew, Jamşid Abdullaýew, Nurhaýot Hakimow.**

**SYN ÝAZANLAR:**

**S. Şadmanowa** – Daşkent döwlet gündogary öwreniş uniwersitetiniň gündogar ýurtlarynyň taryhy we antropologiýa kafedrasynyň professory, taryh ylymlarynyň doktory.

**B. Pasilow** – DDPU dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti.

**Ş. Abdullaýewa** – Jahan ykdysadyýeti we diplomatiýa uniwersitetiniň akademik liseýiniň taryh mugallymy.

**M. Ahralow** – Daşkent şäheriniň Sergeli tümenindäki 266-njy mekdebiň taryh mugallymy.

**ŞERTLI BELGILER:**

– işjeňleşdiriji soraglar we ýumuşlar.

– adalgalaryň mazmuny.

– ýatda saklaň!

– ýada salyň.

– biljek boluň.

– döredijilikli iş.

– pikirleniň we logiki netije çykaryň.

– taryhy ser salma.

– internet bilen işlemek.

– soraglar we ýumuşlar.

– çeper eser bilen işlemäge degişli ýumuş.

– özbaşdak iş.

– ugrukdyryjy soraglar.

*Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.*

*Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.*

ISBN 978-9943-8455-9-6
© Respublikan tälim merkezi, 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

Angliýadaky senagat rewolýusiýasy, başga Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlaryndaky senagat önümçiliginiň ösmegine Aziýa we Afrika halklarynyň durmuşynda hem möhüm ösgerişlere getirdi. Koloniýa we tabyn ýurtlar senagat önümleriniň bazaryna we çig mal bazasyna öwrülýär. Ýewropa ýurtlary Türkiýe, Eýran we Hytaý ýaly resmi taýdan garaşsyz döwletleriň ösüşine-de güýçli täsir etdi. XIX asyryň ahyrlarynda başlanan taryhy döwür ylymda imperializm adyny aldy. XX asyryň başyna gelip Afrika kontinentiniň 90 göterim çägi öňdebaryjy Ýewropa döwletleriniň koloniýalaryna öwrülipdi. Emma koloniýalar üçin göreş dowam etdi, ýaraglanyşyk haýdadyldy. Bu wakalar gutulgysyz ýagdaýda 1914–1918-nji ýyllardaky birinji jahan urşuna getirdi. Uruş adamzat taryhyndaky beýik geografik açyşlardan başlanan täze döwrüň jemini jemledi.

Birinji jahan urşundan soňky döwür «Iň täze taryh» diýlip atlandyrylýar. Ol Birinji jahan urşunyň jemi – 1918-nji ýyldan başlanyp, häzirki güne çenli bolan döwri öz içine alýar. Iň täze taryha adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň industrial siwilizasiýadan postindustrial siwilizasiýa geçiş döwri hökmünde garalýar.

Iň täze döwrüň taryhynda üç basgançagy tapawutlandyryp görkezmek mümkin. Birinji basgançak – 1918–1945-nji ýyllaryň aralygynda industrial jemgyýetiň jemgyýetçilik-syýasy ulgamynyň krizisiniň başlanan döwri. Bu krizis iki jahan uruşlarynda, sosialistik rewolýusiýalar we milli-azatlyk hereketlerinde, Germaniýada, Italiýada, Ýaponiýada, SSSR-de totalitar düzümleriň berkarar bolmagynda, jemgyýetçilik gapma-garşylyklarynyň ýitileşmeginde ýüze çykdy. Bu basgançagyň mazmunyny jemgyýetiň ösüşiniň iki esasy modelleri – liberal-demokratik we totalitar düzümleriň arasyndaky göreş düzýärdi.

Ikinji basgançak 1945–1991-nji ýyllary öz içine alýar. Bu basgançagyň mazmunyny kolonial ulgamyň ýykylmagy we ençeme garaşsyz döwletleriň döremegi, «sowuk uruş», dünýäni ýadro heläkçiliginiň ýakasyna getiren ýaraglanyşygy haýdatmak düzýär. Bu döwür sowetleriň totalitar düzümi bilen liberal demokratiýanyň arasyndaky global gapma-garşylyk bilen häsiýetlenýär.

1991-nji ýyldan başlanan üçünji basgançak halkara gatnaşyklarda şekillenen iki polýusly dünýä ulgamyň krizisi, sosialistik düzümiň berbat bolmagy, SSSR-iň dargap gitmegi we öňki sowet respublikalarynyň garaşsyz ösüş ýoluna girmegi bilen başlanýar. Bu döwür jahan siwilizasiýasynyň globallaşmagy, «üçünji dünýä» ýurtlarynyň ösüşiniň çaltlanmagy, siwilizasiýalaryň arasyndaky gapma-garşylyklaryň güýçlenmegi bilen häsiýetlenýär.

Şu derslikde täze döwrüň soňky basgançagy we iň täze döwürde bolup geçen möhüm wakalar beýan edilmegi bilen birlikde, jemgyýetiň ösüşiniň häzirki basgançagy, şonuň ýaly-da, bu günki günde dünýä möçberinde ýüze çykýan käbir wakalaryň gelip çykyş sebäplerini derňemäge mümkinçilik berýän hem-de okuwçylary özbaşdak pikirlenmäge ündeýän, olaryň dünýägaraýyşlaryny giňeltmäge gönükdirilen taryhy maglumatlar getirilen. Bu maglumatlar dünýä halklarynyň medeniýetiniň her biri özboluşly we seýrek ekenligini, ynsanperwerlik we watanperwerlik prinsipleri, raýatlyk jemgyýeti we hukuk döwleti taglymlaryna esaslanan umumadamzat gymmatlyklary aňmaga kömekleşýär. Dünýäniň we jemgyýetiň ösüşiniň möhüm kanunalaýyklyklaryny we özboluşly ýollarynyy bilmek we gelejek baradaky düşünjä eýe bolmaga mümkinçilik berýär. sonuň ýaly-da, öňdebaryjy ýurtlaryň taryhy tejribesini Özbegistanda döredijilikli ulanmaga mümkinçilik berýän bilimleri şekillendirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Radionyň açyş edilmegi

1896-njy ýylyň 24-nji martynda rus alymy Aleksandr Popow Russiýanyň fizika-himiýa jemgyýetiniň ýygnagynda dünýäde birinji gezek radio-telegrammany iberdi.

1897-nji ýylyň 2-nji iýulynda italýan alymy Guglielmo Markoni radio signallary uzak aralyklara ibermegi başarýan gurluşa patent alypdyr.







## Nakal lampanyň açyş edilmegi

Dürli materiallarda müňden artyk synag geçiren amerikaly oýlap tapyjy Tomas Edison 1879-njy ýylda 40 sagat ýanyp durýan uglerod süýümli lampoçkany döredipdir.



## Parowozyň açyş edilmegi

1804-nji ýylda iňlis inžener-oýlap tapyjysy Riçard Treýtwik bilesigeliji tomaşaçylara birinji parowozy görkezipdir. Ol silindr şekilli bug gazany hem-de oňa birikdirilen wagon-arabadan ybaratdy. Agyrlygy 5 tonna töweregindedigine seretmezden, şu parowoz hersinde 25 tonnadan ýük bolan 5 sany wagony 8 km/sagat tizlik bilen çekip, menziline eltipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# I BAP

# XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ ÝURTLARY: INDUSTRIAL SIWILIZASIÝANYŇ BERKARAR BOLMAGY

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 1-nji tema

# Industrial siwilizasiýanyň berkarar bolmagy

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Täze döwrüň iň esasy aýratynlyklary nämelerden ybarat?
2. Industrial siwilizasiýasynyň öňüsyrasynda Gündogar we Günbatar ýurtlarynyň arasynda nähili tapawutlar peýda bolýar?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*1895-nji ýylda inžener V. I. Lopuşinskiý işläp taýýarlan ýük lokomotiwi*

XVIII asyryň ahyrlarynda başlanan ***senagat agdarylyşygy*** diňe senagatyň däl, oba hojalygynyň hem ösüşini kesgitläp berip, bütin XIX asyryň dowamynda ençeme ýurtlaryň ösüşiniň esasy mazmunyna öwrülýär. Ilki Angliýa, onuň yzyndan Fransiýa, biraz soňrak ABŞ, Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Italiýa, Russiýa dürli tizlik bilen bolsa-da, şu ýoldan ýörediler. Şeýdip, alymlar ***industrial siwilizasiýa*** diýip atlandyran, baş gymmatlyklary tehniki ösüş we adamyň azatlygy bolan siwilizasiýa XIX asyrda Ýewropada we ABŞ-da üzül-kesil berkarar boldy hem-de baryp iki asyryň dowamynda dünýä halklarynyň ösüşiniň mazmunyny kesgitläp berdi.

**ÝADA SALYŇ**

*Kapitalizm bu – ...*

Ylym we tehnika ugrunda gazanylan üstünlikler hojalyk durmuşynyň ösüşine-de uly täsir etdi. Asyrlaryň dowamynda deňizlerde we okeanlarda ýüzüp ýören ýelkenli gämiler bilen bir hatarda ***parohodlar*** peýda bolýar. Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň şäherleri ***demir ýol*** ulgamy bilen baglandy we bu senagatyň hem-de söwdanyň ösüşine uly itergi bolýar. 1870-nji ýyllarda ***elektrodwigatel, elektrolampa, telefon,*** sähel soňrak ***radio*** açyş edildi. 1880–1890-njy ýyllaryň başlarynda ***elektrik energiýa***syny simler arkaly uzak aralyga ýetirip bermek mümkinçiligi peýda boldy, benzinde işleýän ilkinji ***içinden ot alýan dwigateller*** döredilip, şondan soň ilkinji ***awtomobiller***, soň bolsa ***samolýotlar*** peýda bolýar.

Şol döwrüň ykdysadyýetiniň öňdebaryjy ugurlary – ***metallurgiýa, maşyn gurluşyk, transport*** çaltlyk bilen ösdi. ***Elektrotehnika, himiýa senagaty*** ýaly täze ugurlar peýda bolup, olaryň önümi adamlaryň gündelik durmuşyny üýtgedip başlady.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Senagat önümçiliginiň depginleriniň artmagynda aýratynam tiz ösýän metallurgiýanyň saldamy uly bolýar. Fransuz ***P. Marten*** we iňlis **G. Bessemerler** tarapyndan döredilen polat eretmegiň täze usullary ony öndürmegi ýiti artdyryp, özüni ödeýiş gymmatyny esli peseltdi. Iňlis metallurgy **S. Tomas** tarapyndan döredilen suwuk çoýuny arassalamak usuly bolsa fosfatlara baý demir magdanlaryndan peýdalanmak mümkinçiligini döretdi we önümiň hilini ýiti artdyrdy. Netijede 1870-nji ýyldan 1900-nji ýyla çenli dünýäde polat öndürmek 56 esse artdy. Senagatda ***«demir döwri»*** ýerine ***«polat döwri»*** başlandy.

XIX asyryň soňky otuz ýyly – iri senagat önümçiliginiň çalt ösüş döwri bolýar. Ösüşiň täze basgançagy senagaty ýola goýmagyň täze şekillerini talap etdi. Bu iri önümçiligiň ýiti ösen döwri bolup, ol uly maliýe harajatlaryny talap edýärdi. Şeýle uly serişdeleri bir ýere toplamak üçin ***paýdarlar kompaniýalary*** döredildi. Bu kompaniýalar iri banklaryň we senagatçylaryň öz serişdelerini bir ýere jemlemäge mümkinçilik berdi. Emma şeýlelikde peýda bolan ***maliýe oligarhiýasy*** tiz jemgyýetiň dar ***elitar gatlagyna*** öwrülip, industrial siwilizasiýa emele gelen öňdebaryjy ýurtlarda XX asyryň başyna gelip ykdysady we syýasy öňdebaryjylygy ele aldy.Şeýle prosesler soňluk bilen kapitalistik ösüş ýoluna geçen ençeme öňki sosialistik ýurtlarda XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda hem bolýar.



*Birinji radio apparaty*



**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Ýewropada nähili esaslar ylmy-tehniki rewolýusiýalaryň netijeleri senagat önümçiliginiň depginleriniň artmagy bilen utgaşdyryldy?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Bu özgerişler jemgyýetiň durmuşynda, adamlaryň gündelik durmuşynda nähili göründi?

Ilki bilen, täze döwür adamsy şekillendi. XVIII asyrda peýda bolan adamyň tebigy we aýrylmaz hukuklary baradaky taglymat jemgyýetçilik durmuşynda ýene-de giňräk ýüze çykyp başlady. Syýasy düzümler özgerdi, absolyut monarhiýalar geçmişde galyp gitdi we ýerini çäklendirilen (konstitusion) monarhiýalara we respublikalara boşadyp berdi.

*Birinji parohod*



## ÝATDA SAKLAŇ

*1870-nji ýyllarda elektrodwigatel, elektrolampa, telefon, sähel soňrak radio açyş edildi.*

*P. Marten we G. Bessemerler tarapyndan polat eretmegiň täze usullary oýlap tapyldy.*

Parlamentiň işi kanunçylyk, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetleri bir-birinden bölünen hukuk döwletiniň şekillenmegine kömekleşär. Şeýle döwletlerde şahsyň hukugy kepillendirilip, raýatlaryň kanunyň öňündäki deňligi prinsipi ornaşdyryldy.

Hukuk döwleti raýat jemgyýetiniň ösüşini üpjün edýär. Ol adamlaryň durmuşyna aşakdaky özgerişleri getirdi: a) şahsy azatlyklar giňeldi; b) feodal tabynlykdan azat bolmak prosesi dowam etdi; ç) ýerli dolandyryş organlary şekillendi; d) bileleşikler we syýasy partiýalar döredildi; e) aýallaryň erkekler bilen deň hukuklylygyny üpjün etmek üçin göreş alnyp baryldy; wyždan erkinligi yglan edildi we kepillendirildi.

Ylymda we sungatda örän uly özgerişler bolup geçdi, häzirki zamen ylmy şekillendi. Ylmy öndüriji güýje öwürmegiň uzak dowam eden prosesi tamamlanyp, ol XX asyrda ***ylmy-tehniki rewolýusiýa*** getirdi. Ylym jemgyýeti öňe hereketlendirýän gudratly güýje öwrülýär.

Ylymdaky oýlap tapmalar senagata we oba hojalygyna yerleşdirildi. Demir ýollar, parohodlar, awtomobiller, samolýotlar, elektrik yşyklandyryjylar, telefon, telegraf we başga ençeme oýlap tapmalar adamlaryň durmuşyny düýpgöter üýtgedip goýberdi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kärhanadaky iş prossesi

Ylym-bilimiň üstünliklerinden ylhamlanan bu döwrüň adamlary tebigaty boýun egdirmäge, adamyň çäksiz mümkinçiliklerini işe salmaga, adamyň tebigatynyň özüni kämilleşdirmäge çalyşyp ýaşapdyrlar. Netijede diniň adamyň aňyna täsiri peselýär, köp ýurtlarda dünýewi tälim ýola goýlup, dini edaralar döwletden, tälim prosesi dinden bölünip aýrylýar. Dünýewi döwlet, mekdep, ylym we medeniýet şekillendi. Dünýewi çemeleşme, ***sekulýarlyk***, wyždan erkinligi adamyň dünýägaraýşynyň, erkin şahs hökmünde özüni aňmagyň esasyny düzýär.

Industrial döwletler kolonial imperiýalary döredip, Aziýany, Afrikany we Latyn Amerikasyny täsir çäklerine bölüp almak üçin çalyşýarlar. Bu döwür Günbatar siwilizasiýasynyň ***ekspansiýa***sy döwri, Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy halklarynyň diňe bir syýasy we ykdysady däl, eýsem siwilizasion tabynlygynyň hem başlanan döwri bolýar.

Bu döwürde Günbatar jemgyýetiniň düzümi özgerdi, ilatyň täze gatlaklary peýda bolýar. Adamyň özi, içki dünýäsi we durmuş ýörelgesi hem üýtgedi. Onuň esasy gymmatlyklary erkinlik we şahsy erkinlik bolýar.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Industrial siwilizasiýa** – bu jemgyýetçilik durmuşynda möhüm esasy rol oýnaýan jemgyýet. Täze döwürde şekillenen bazar gatnaşyklary, syýasy we sosial deňlik, hukuk döwleti, dini bagrygiňlik, adam hukuklary, umumadamzat gymmatlyklar ýaly düşünjeler industrial siwilizasiýanyň esasy alamatlary hasaplanýar.

**Sekulýarlyk** – hökümet we başga hukuk çeşmeleri diniň islendik görnüşinden aýry bolmalydygy baradaky düşünje.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda kapitalizmiň ösüşinde bolup geçen düýpli özgerişler nämelerden ybarat?**
2. **XIX asyryň ahyry we XX asyryň dowamynda ylmy-tehniki rewolýusiýa getiren açyşlaryň tertip nomeri, döwlet, ýyly, açyş görnüşini jedwel halatyna getiriň.**
3. **Nähili faktorlar XX asyrda ylmy-tehniki rewolýusiýa getirdi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 2-nji tema

# «Ýene-de Beýik Britaniýa» üçin: täze ykdysady we aňyýet ulgamynyň peýda bolmagy

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Dünýä taryhynda birinji parlament nädip emele gelipdir?
2. «Kontinent gabawy» syýasaty Beýik Britaniýa üçin nähili netijelere getirdi?
3. Beýik Britaniýada berkarar raýat jemgyýetini şekillendirýän faktorlary sanaň.

Все учебники Узбекистана на сайте RESHEBA.ONLINE




Napoleon uruşlarynyň tamamlanmagy Ýewropada ösüşiň täze basgançagyny başlap berdi. Bu döwürde Angliýa uzak ýyllar dünýä syýasatynda öňdebaryjy orny eýeläp geldi, «jahan ussahanasy» diýen ady aldy, birinji döwlete, dünýäniň maliýe merkezine we liberal jemgyýetiň nusgasyna öwrülýär.

XIX asyryň ortalaryna gelip Angliýada berkarar raýat jemgyýeti şekillendi. Rewolýusiýanyň tarapdarlary bolan radikal güýçler syýasy proseslerden daşlaşdyryldy – Angliýa ösüşiň ***ewolýusion ýoluny*** saýlady.

Bu döwürdäki ykdysady ilerleme işçilere öz ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin göreşmäge mümkinçilik berdi. Kärdeşler bileleşikleriniň iş wagtyny azaltmak we öz işlerini leýellaşdyrmak üçin göreşi olaryň hatarlarynyň duýarly giňelmegine getirdi. Şol döwürde aglaba işçi guramalary meseleleri çözmegiň ýollaryny rewolýusion hereketden däl-de, reformizmden gözlemeli, diýip hasaplaýardylar.

*Halkara sosialistik işçiler we kärdeşler bileleşikleriniň kongresi, London, 1896-njy ýyl*

**ÝADA SALYŇ**

*Hukukşynaslyk ylmyndaky bilimleriňize esaslanyp raýat jemgyýeti düşünjesine kesgitleme beriň.*

Emma XIX asyryň 70-nji ýyllaryna gelip Angliýa senagatyň ösüş depginleri boýunça Germaniýa we ABŞ ýaly ýaş senagat ýurtlaryndan yzda galyp başlaýar. Senagatyň täze ugurlary bolan himiki önümçilikde we elektrotehnikada hem iňlisler Germaniýadan we ABŞ-dan duýarly derejede yza galdy.

Angliýanyň senagatynyň beýlekilerden haýal ösmeginiň esasy sebäbi onuň tehniki yzagalaklygydy. Ýaş kapitalistik ýurtlar – Germaniýada we ABŞ-da senagat kärhanalary öz döwrüniň iň öňdebaryjy tehnikasy esasynda gurulýan, Angliýada bolsa senagat esli öň peýda balanlygy sebäpli köp zawodlaryň we fabrikleriň enjamlary könelipdi.

XX asyryň başlaryna gelip ABŞ dünýäniň birinji senagat ýurduna öwrülýär. Germaniýanyň senagaty hem ençeme möhüm ugurlar, meselem, metallurgiýa boýunça uly tizlik bilen Angliýany kowup geçip başlady. Germaniýa söwda ugrunda hem uly bäsdeşligi emele getirdi. XIX asyryň ahyrlaryndan nemesleriň arzan satyn zatlary Angliýanyň we onuň koloniýalarynyň bazarlaryna girip geldi.

Şeýdip Angliýa dünýäniň birinji senagat ýurdy derejesini ýitirdi we birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda ***«Pax Britanica»*** (Paks Britanika – «Britaniýa dünýäsi») döwri tamamlanýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emma XX asyryň başlarynda hem Angliýa dünýäniň iň baý ýurdy bolup galýardy. Bu döwürde başga senagat ösen ýurtlar Angliýa ýaly iri kapitala eýe däldi.

Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda bäş sany iri bank maliýe bazarynda öňdebaryjy bolup, olar Londonyň merkezi kwartaly – Sitide toplanypdyr we filiallary bütin dünýä boýunça ýaýrapdy. Bu banklar öz kapitallaryny bütin dünýä boýunça peýdaly ugurlara ýerleşirdi we bu proses ***kapital eksporty*** diýlip atlandyryldy. Angliýa senagat önümçiliginde yza galdygy saýyn kapital eksporty uly ähmiýete eýe bolup, barha peýda gazanmagyň möhüm çeşmelerinden birine öwrülýär.



**BILJEK BOLUŇ**

*XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ...*

*Birinji senagat ýurdy derejesi bu ...*

*XX asyryň başlarynda ...*

Beýik Britniýanyň ykdysadyýeti kolonial häsiýete eýe bolmagynda galyberdi. Britan imperiýasynyň çägi 1884-nji ýyldan 1900-nji ýyla çenli 30%-e giňeldi, ilaty bir ýarym esse köpeldi. Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda iňlis koloniýalarynda 400 mln adam ýaşaýardy.

Koloniýalar üçin bolan uruşlaryň iň irisi 1899–1902-nji ýyllardaky iňlis-bur urşy bolýar. Burlar gollandiýaly kolonizatorlaryň nesilleri bolup, olar Günorta Afrikada



*Ýüp egirýän kärhana*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Nähili sebäplere görä Beýik Britaniýa dünýäniň birinji senagat ýurdy derejesini ýitirdi? Esaslaryňyzy jedwel halatyna getiriň.*



*Işçiler senagat rewolýusiýa döwründe*

Transwaal we Oranj atly iki respublika düzüpdirler we ol ýerlerde esasan çarwaçylyk bilen meşgullanýardylar. Angliýa uzak dowam eden uruşdan soň, 1902-nji ýylda bu iki respublikany hem boýun egdirýär. Angliýanyň kolonizatorçylyk dyrjaşmalary dünýä bileleşigi tarapyndan ýazgarylýardy. Bu bolsa onuň halkara meýdanda abraýynyň peselmegine getiripdir.

Koloniýalarda ýerli ilat aýylganç ekspluatasiýa edilýärdi, olaryň ýerleri çekip alnyp, özleri kolonizatorlaryň peýdasyna işlemäge mejbur edilýärdi. Agyr salgytlar, gaty pes iş haky ilatyň garyplaşmagyna we bütin başly halklaryň gyrlyp gitmegine getirdi. Köp iňlis koloniýalarynda ***ýerli*** ilat doly gyrlypdy, olaryň ilatyny indi ýewropalylar, esasan iňlisler statusyny düzüp başlapdy. Şeýle koloniýalar XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda awtonomiýalara eýe bolýar. Olar indi ***dominion***lar diýlip atlandyrylyp başlandy. Kanada, Täze Zelandiýa, Awstraliýa ine şeýle dominionlardy.

Angliýa ösüşiň ewolýusion ýoluny saýlany üçin parlament we saýlaw özgertmeleri dowam etdirildi. 1868-nji ýylda şäherlerde işçileriň bir bölegi saýlaw hukugyna eýe bolýar. Tiz arada bu ähli graflyklara girizildi. XX asyryň başyna gelip obşina palatasynyň üstünligi anyk kesgitlenip, lordlar palatasynyň hukuklary bolsa barha çäklenýär.

Imperiýa 64 ýyl hökümdarlyk eden korol aýal Wiktoriýa 1901-nji ýylda aradan çykýar we tagta onuň uly ogly Eduard VII geldi. Eduard VII iňlis diplomatiýasynda hökümdarlyk eden «ajaýyp izolýasiýa» syýasatyny ýatyrýar. Korol syýasatynyň üstünligi diýip Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň gowulanmagyny aýtmak mümkin. Russiýa bilen hem ylalaşyga gol çekilýär. Eduard VII döwri Angliýanyň taryhynda ***«Ajaýyp döwür»*** diýlip atlandyrylýar.

Wiktoriýa döwrüniň «unudylan meşhur» ýazyjysy **Jozef Redýard Kipling** «ýene-de Beýik Britaniýany döretmek» başyny başlaýjylaryndan biri bolýar. «Medeniýetden yza galan» halklara diňe ak bedenliler kömek etmegi mümkinligine Kipling tüýs ýürekden ynanýar. Ýazyjynyň bu garaýyşlary «Ak bedenlileriň ýüki» diýip manyly

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## TARYHY SER SALMA

*Beýik Britaniýanyň kolonial ýörişleri we onuň soňy nähili netijelere getirdi?*

atlandyrylan goşgusynda öz beýanyny tapýar. Kipling özüniň bu goşgusy, durmuş filosofiýasy we iňlisleriň siwilizasion missiýasyna berk ynamy bilen Çarlz Dilk, Jon Sili we Sesil Rods ýaly imperiýa apologetine öwrülýär.

Olar imperiýa baradaky mifi döretdiler. Bu mifiň merkezinde britaniýalylar dolandyryşy iň gowy dolandyryş usulydygy baradaky düşünje ýatýar. Iňlisleriň pikiriçe, aziýalylar we afrikalylar öz ýurtlaryny özbaşdak dolandyrmagy we ösdürmegi başarmaýarlar. Aziýa we Afrika döwletleriniň içki işlerine iňlisleriň gatyşmagy, häkimiýetleri agdarmagy köplenç bu döwletlerdäki syýasy ulgamynyň kemçiliklerini aradan aýyrmak hökmünde garalýar.

Umuman, bu döwürde Angliýa dünýäniň öňdebaryjy imperiýalaryndan biri bolup galýan bolsa-da, imperiýanyň öňki güýjüniň barha sönýändigini, täze döwürleriň başlanýanlygyny iňlis jemgyýeti hem duýýardy.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Pax Britanica** (latynça, «Britaniýa dünýäsi») - Beýik Britaniýanyň 1815-nji ýyldaky Waterloo söweşinden başlap birinji jahan urşuna çenli deňizde we halkara gatnaşyklardaky hökümdarlyk döwri.

**Dominion** (tabyn ýer) – iňlis korolyny (aýal koroly)döwlet baştutany diýip ykrar edip gelen we Britaniýa imperiýasynyň düzüminde bolan döwlet.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **XX asyryň başlarynda Beýik Britaniýanyň senagatynyň ösüş depginleri näme sebäpden haýallaşdy?**
2. **Kapital eksporty düşünjesiniň manysy nämelerden ybaratdy?**
3. **Aýal korol Wiktoriýa we onuň uly ogly Eduard VII hökümdarlygy ýyllarynda Beýik Britaniýanyň daşary syýasatynda nähili özgerişler boldy?**
4. **Jozef Redýard Kipling öz eserleri bilen Beýik Britaniýanyň taryhynyň haýsy aýratynlyklaryny açyp görkezdi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 3-nji tema

# Fransiýa we Germaniýa: Ýewropada öňdebaryjylyk üçin göreş



**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. General ştatlar haçan emele gelipdir?
2. Germaniýa üçin Wena kongresi nähili netijelere getirdi?
3. Fransiýanyň taryhynda Napoleon Bonapart döwrüniň aýratynlyklaryny hronologiýa görnüşine getiriň.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Pariž halkynyň gozgalaňy*

## FRANSIÝA

Fransiýada Ikinji imperiýa 1870-nji ýyla çenli bar bolýar. Şol ýylda başlanan Fransiýa-Prussiýa urşunyň ilkinji söweşlerinde Fransiýa armiýasynyň urşa ýaramsyzdygyny görkezdi. Birnäçe agyr söweşlerden soň fransuzlar boýun egýär, imperator Napoleon III ýesir alynýar.

Bu heläkçilik bütin Pariži aýaga galdyrýar. Häkimiýet özlerini «milli goranyş» hökümeti diýip atlandyran bir topar syýasatçylaryň we harbylaryň eline geçýär. Täze hökümet özüniň ähli ünsüni Prussiýa bilen ylalaşyga gönükdirýär, çünki ykdysady weýrançylyk, köpçüligiň garyplygy netijesinde emele gelen rewolýusion yagdaýdan gorkan hökümet islendik egilişikleriň öwezine bolsa-da ylalaşyga taýýardy.

**ÝADA SALYŇ**

*Täze döwürde Günbatar Ýewropada Fransiýa we Germaniýa gatnaşyklarynyň ýitileşmegine sebäp bolan taraplary tapyň.*

Alty aýdan bäri prusslaryň armiýasy tarapyndan gabalýan Pariž şäheriniň işsizlikden we açlykdan azap çekýän ilaty 1871-nji ýylyň martynda gozgalaň turuzdy. Milli gwardiýa birleşen proletariat Kommunany esaslandyrýar we onda özleriniň ozaldan gelýän arzuwlary – sosial respublika prinsiplerini ornaşdyrmakçy bolýarlar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kommuna hemişelik armiýany ýatyrýar. Buržuaz sudy hem ýatyryldy. Buthana döwletden bölündi. Ýolbaşçy organlaryň saýlap goýulmagy baradaky dekret kabul edildi. Kommunany ykrar etmedik köne emeldarlaryň hemmesi wezipelerinden boşadylýar.

Kommuna Fransiýanyň döwlet gurluşyny gaýtadan gurmagyň planyny işläp taýýarlaýar we yglan edýär. Plana görä, Fransiýa Pariž Kommunasy tipindäki azat kommunalary birleşdirýän respublika bolmagy, şäherler we iň kiçi obalar hem özüni-özi dolandyrmagyň doly hukugyna eýe bolmagy we bu hukuklar goňşy kommunalaryň şeýle hukuklary we ýurduň bähbitleri bilen çäklenmegi mümkindi.

Ähli synanyşyklara seretmezden, fransuz we pruss armiýalary tarapyndan gurşap alnan Pariž Kommunasy 72 günlük gyzgalaňly işinden soň 28-nji maý güni ýykylýar. On müňlerçe adamlar öldürildi, tussag, sürgün edildi. Umumy hasapda Pariž özüniň 100 müň oglan-gyzlaryndan aýryldy.

*Fransiýanyň imperatory Napoleon III*

Pariž Kommunasyndan soň Fransiýada respublika düzümi üzül-kesil ornaşdyrylýar. Monarhiýa dolanmak indi mümkin däldi halkyň we buržuaziýanyň uly bölegi haýsy-da bolsa bir şekildäki monarhiýany başga islemeýärdi. Şu sebäpli Fransiýada 1870-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda yglan edilen Üçünji respublika Ikinji jahan urşuna çenli ýaşady.

1875-nji ýyldaky Fransiýanyň konstitusiýasynyň harakteri ahyrsoňy ýurduň ykdysady we sosial durmuşynda bolup geçen özgerişler bilen kesgitlendi. Bu özgerişleriň arasynda iri maşyn senagatyna geçmegiň tamamlanandygy aýratyn ähmiýete eýe bolup, ol täze taryhy döwrüň girip gelýändigini delillendirýärdi.

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Fransiýa-Prussiýa urşy hem-de Pariž Kommunasynyň 72 günlük işi Ýewropanyň taryhynda nähili orun tutýar?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bütin XIX asyryň dowamynda Fransiýa senagat önümçiligiň derejesi boýunça Angliýadan soň ikinji orny eýeläp geldi. Asyryň ahyryna gelip bolsa ýaş kapitalizm ýurtlary bolan ABŞ-dan we Germaniýadan hem yzda galdy. Ösüş derejesiniň haýallaşmagy Fransiýanyň ykdysadyýetiniň alamatlaryndan birine öwrülýär. Şoňa seretmezden, Fransiýanyň banklary asyryň ahyrynda örän uly maliýe kapitalyna eýelik edýärdi. Bu banklaryň konsentrirlenmegi, olaryň senagat bilen goşulyp gitmegi we maliýe kapitalynyň şekillenmegine getirdi. Maliýe oligarhiýasy ýurduň ykdysady we syýasy durmuşynda esasy güýje öwrülýär.

**ÝATDA SAKLAŇ**

*Pariž Kommunasy 72 günlük gyzgalaňly iş alyp bardy.*

*1870-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Fransiýada Üçünji respublika yglan edildi.*



*Pariž Kommunasynyň ýygnagy*

XX asyryň başlaryna gelip Fransiýa dünýäniň iň güýçli döwletleriniň hataryna girse-de, rewolýusiýalardaky we uruşlardaky örän uly ýitgiler sebäpli ösüş depginleri barha peselýärdi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GERMANIÝA

Fransiýa-Prussiýa urşy prussiýalylaryň ýeňşi bilen tamamlanandan soň, 1871-nji ýylyň ýanwarynda Prussiýanyň imperatory Wilgelm I Wersal köşgüniň haşamly aýnaly zalynda Germaniýanyň imperatory diýlip yglan edildi. Ýurdy birleşdirmek üçin alnyp barylan uzak ýyllyk göreş tamamlandy.

Nemesler dabara edýärdiler. Bismark ýurdy birleşdirmegiň hötdesinden geldi. Günorta german döwletleri bilen şertnamalara gol çekilýär. 1871-nji ýylyň baharynda birinji imperiýa reýhstagy konstitusiýa kabul edýär. Konstitusiýa Prussiýanyň imperiýadaky öňdebaryjylyk roluny pugtalandyrýar. Germaniýa çalt ösýärdi, onuň senagat harytlary ähli kontinentlerdäki bazarlara girip barypdy. Ýogsam, beýle üstünligiň syry nämededi?

Ilki bilen bu ýurduň birleşdirilmegi we netijede ýeke-täk içki bazaryň şekillenmegi bilen baglydy. Gümrükhana araçäkleri ýok boldy, ýeke-täk pul birligi, agyrlygyň we uzynlygyň ýeke-täk ölçeg ulgamy girizilýär. 1871-nji ýyldan 1875-nji ýyla çenli ýurtda örän köp senagat kompaniýalary we banklar peýda bolýar.

XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Germaniýa uly ykdysady böküşi amala aşyrdy. Senagat önümçiliginiň umumy göwrümi boýunça eger 1870-nji ýylda dünýäde dördünji orunda bolsa, 1880-nji ýylda üçünji, 1913-nji ýylda bolsa ABŞ-dan soňky ikinji ornaçykýar. Iri senagat banklaryny we korporasiýalary döretmek prosesi dowam edýär. Olardan käbirleri monopoliýalara öwrülýär. Iri korporasiýalar ilki bilen agyr senagatda döredilýär. Senagatyň bir ýa-da birnäçe pudagyny gözegçilik edýän senagat magnatlary we ukyply bankirler peýda bolýar.

Obalarda gatlaklanma prosesi çalt dowam etdi. Köp adamlar şäherlere gitmäge mejbur bolýar. Eger 1871-nji ýylda Germaniýanyň ilatynyň 1/3 bölegi şäherlerde ýaşan bolsa, 1910-njy ýyla gelip 2/3 bölegi şäherlerde ýaşaýardy.

Germaniýa industrial ýurda öwrülýär.

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Germaniýa işjeň kolonial syýasatyny alyp barýar. Imperator Wilgelm II «täze kursy» yglan edýär, Ýewropada hökümdarlyga ymtylmak, Afrikada, Aziýada we Okeaniýada täsir çygyrlaryny gaýtadan bölmek bu kursuň esasyny düzýärdi. Germaniýa koloniýalar «adalatsyz» bölünen diýip hasaplaýardy. Ol iň ösen döwletleriň hataryndan orun eýeleýär we koloniýalardan öz ykdysady güýjüne we syýasy ýagdaýyna laýyk ülüş talap edip başlaýar. Muny bolsa uly uruşsyz çözmek mümkin däldi.

Şeýlelikde Germaniýa uly urşa taýýarlanyp başlaýar.



*Napoleon III-üň boýun egmegi*

**TARYHY SER SALMA**

*XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Germaniýanyň çalt ösmegi nähili faktorlar sebäpli boldy?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





*German imperatory Wilgelm I*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Pariž Kommunasy** – 1871-nji ýylyň 18-nji martyndan – 28-nji maýyna çenli Fransiýany dolandyran wagtlaýyn hökümet.

**Dekret** – ýokary häkimiýet ýa-da dolandyryş organy çykaran we kanun güýjüne eýe bolan möhüm karar.

**Konsentrasiýa** (latynça *con* – «bile» we *centrum* – «merkez») – käbir zadyň belli bir ýere toplanmagy.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Fransiýa-Prussiýa urşy iki döwlet üçin nähili tamamlandy?**
2. **Pariž Kommunasy amala aşyran özgertmeler Fransiýanyň soňky ösüşi üçin nähili ähmiýete eýe boldy?**
3. **Haýsy taryhy waka bilen Germaniýany birleşdirmek üçin alnyp barylan uzak ýyllyk göreş tamamlandy?**
4. **Imperator Wilgelm II yglan eden «täze kurs»yň many-mazmuny nämelerden ybaratdy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




# 4-nji tema

# Gündogar Ýewropa we Russiýa: jemgyýeti özgertmek meseleleri

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Gündogar Ýewropa döwletlerine haýsy döwletler girýär?
2. Awstro-Wengriýa imperiýasynyň gowşamagyna sebäp bolan faktorlar nämelerden ybarat?
3. Täze döwürde Rus imperiýasynyň içki we daşary syýasaty barada nämeleri bilýärsiňiz?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Awstro-Wengriýa imperatory Frans Iosif I we onuň maşgalasy.*

## GÜNDOGAR ÝEWROPA ÝURTLARY

XIX asyryň ahyrynda Gündogar Ýewropa Balkan ýurtlary, şonuň ýaly-da, Awstro-Wengriýa we Russiýanyň bir bölegi girýärdi.

XIV–XV asyrlarda Balkan ýurtlarynda ornaşan Türkiýe hökümdarlygy XIX asyra çenli, käbir çäklerde XX asyra çenli saklanýar. 1878-nji ýylda Russiýanyň kömegine daýanan Serbiýa öz garaşsyzlygyny yglan edýär. Şondan soň Serbiýa çalt ösýär we Russiýa ýene-de barha ýakynlaşýar. Emma ilaty serblerden ybarat we Serbiýa bilen birleşmek öňden gelýän arzuwy bolan iki iri welaýatlar – Bosniýa we Gersegowina 1908-nji ýylda Awstriýa tarapyndan anneksiýa edilýär.

**ÝADA SALYŇ**

*Rus imperiýasy haçan döredildi?*

Awstro-Wengriýa imperiýasy 1867-nji ýylda iki döwlet – Awstriýanyň we Wengriýanyň hökümdar toparlarynyň ylalaşmagy esasynda döräpdi. Oňa çenli Çehiýa, Morawiýa, Galisiýa we Bukowina Awstriýanyň düzümine, Slowakiýa, Horwatiýa we Transilwaniýa Wengriýa döwletiniň düzümine girýärdi.

Şol ýylda imperiýanyň konstitusiýasy kabul edilip, oňa görä Awstriýanyň imperatory birleşen imperiýa hökümdary bolýar. Gabsburglar dinastiýasy 1918-nji ýyla çenli tagtda oturýar.

XIX asyryň ahyrky çärýeginde Awstro-Wengriýa imperiýasy Ýewropanyň iň yzagalak ýurtlaryndan biri bolup, saklanyp galan feodal gatnaşyklar senagatyň ösüşine böwet bolýardy. Asyryň ahyryna gelip ilatynyň diňe üçden bir bölegi şäherlerde ýaşaýardy.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Awstro-Wengriýa imperiýasy Ýewropanyň iň yzagalak ýurtlaryndan biri bolup galmagyna sebäp bolan faktorlary tapyň. Pikiriňizi logiki yzygiderlikde jedwel görnüşinde getiriň.*

Bu döwürde Gündogar Ýewropa imperiýasynyň düzümine giren halklarynyň arasynda milli-azatlyk hereketleri hem iň ýokary derejä galýar. 1912-nji ýylda başlanyp giden ykdysady krizis imperiýanyň ýagdaýyny ýene-de agyrlaşdyrýar. Şeýle ýagdaýda *Awstro-Wengriýa* Birinji jahan urşuna girip gelýär.

## RUSSIÝA

Russiýa, XIX asyryň 60–70-nji ýyllarynda geçirilen özgertmeler – krepostnoý hukugyň ýatyrylmagy, ýer reformasy, maliýe, uniwerstitet, mekdep, metbugat özgertmeleri we başgalar ýurduň täze – buržuaz ösüş kursuny kesgitläp berdi.

XIX asyryň 80–90-njy ýyllarynda Russiýanyň senagat önümçiliginde ençeme üstünlikler gazanylýar. XIX asyryň 90-njy ýyllaryna gelip Russiýada senagat agdarylyşygy tamamlandy we ýurt önümçiliginiň umumy göwrümi boýunça dünýäniň bäş iň iri industrial döwletleriniň hataryna goşulýar.



*Rus imperatory Aleksandr II*

## 1905–1907-nji ýyllardaky Birinji rus rewolýusiýasy

1905–1907-nji ýyllardaky Birinji rus rewolýusiýasy Russiýada ösýän kapitalistik jemgyýet bilen zulumkär patyşa düzüminiň arasynda uly gapma-garşylyk barlygyny, halk indi köneçe ýaşaşamak islemeýändigini görkezdi.

Rewolýusiýa öz öňüne goýan wezipelerine görä buržuaz rewolýusiýasy bolup, ilki bilen krepostnoýçylyk galyndylaryny ýok etmäge gönükdirilipdi. Bu wezipeler örän möhüm, sebäbi, olar Russiýanyň ilatynyň ähli gatlaklarynyň bähbitlerine doly laýykdy. Şu sebäpli rewolýusiýa prosesinde ilatyň örän giň gatlaklary gatnaşýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 1905–1907-NJI ÝYLLARDAKY REWOLÝUSIÝANYŇ NETIJELERI

| Düzüm we jemgyýetçilik ýagdaýy | Rewolýusiýa çenli | Rewolýusiýadan soň |
|---|---|---|
| **Samoderžawiýe** | Hiç kim we hiç zat bilen çäklendirilmändi | Döwlet Geňeşi we Döwlet Dumasy bilen çäklendi |
| **Ilatyň esasy gatlaklary** | Syýasy azatlyklardan mahrumdy | Syýasy azatlyklara, şol sanda, şahs eldegrilmesizlige eýe boldy |
| **Zähmet şertleri** | Işçileri ekspluatasiýa etmek ýokary derejededi | Iş haky artdyrylyp, iş wagty 9–10 sagada çenli gysgaldyldy |

## Daşary syýasat

**1905**–1907-nji ýyllardaky rewolýusiýa ahyryna ýetmeýär. Ol öz öňüne goýan möhüm meseleleri çözüp bilmedi: patyşa häkimiýetde galýar, hökümdar gatlak özgerýär, býurokratiýa ýok bolmady korrupsiýa has-da güýçlenýär, adamlaryň ýaşaýyş şerti peselýär we ş. m. Emma bu rewolýusiýa Russiýadaky ikinji – 1917-nji ýyldaky fewral rewolýusiýasy üçin giriş boldy, sebäbi, ikinji rewolýusiýanyň netijeleri birinjiniň dowamydy.

### BILJEK BOLUŇ

*Gabsburglar dinastiýasy ...*

*Russiýada XIX asyryň 60–70-nji ýyllarynda geçirilen özgertmeler bu ...*

*Ýewropa ýoluny gaýtalamak ...*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Medeniýet

Russiýanyň durmuşynda XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda bolup geçen ähli özgerişler reformizme ýykgyn etmek, ýurdy industriallaşdyrmak üçin hereket, krepostnoýçylyk hukugyna garşy göreş we onuň ýatyrylmagy, sosial gapma-garşylyklar we rewolýusion hereketler – bularyň ählisi edebiýatda we sungatda öz şöhlelenmesini tapypdyr. Eger galan ähli ugurlarda Russiýa Ýewropanyň yzyndan barýan bolsa, XIX asyrda rus edebiýaty we sungaty bütin dünýä öz täsirini ýetirip başlaýar.Bu döwürde edebiýatda F. M. Dostoýewskiý, L. N. Tolstoý we A. P. Çehow ýaly geniler döredijilik edipdirler. Şu döwürdäki rus kompozitorlary M. P. Musorgskiý, P. I. Çaýkowskiý we N. A. Rimskiý-Korsakowlaryň eserleri dünýä saz sungatynyň dürdänelerinden hasaplanýar.

Mahlasy, bu döwürde Rus jemgyýetindäki çözülmedik derwaýys meseleler ony Birinji jahan urşunda gatnaşmaga ündedi. Bu bolsa Russiýanyň demokratik ösüş ýolundan barmak mümkinçiligini ýoga çykardy we ýetmiş ýyl dowam eden kommunistik režime ýol açyp berdi.

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Anneksiýa** – başga bir döwletň çägini bütinleý ýa-da bölekleýin eýelemek ýa-da öz döwletine goşup almak syýasaty.

**Býurokratiýa** – ilki hökümet edaralarynyň ýolbaşçylary we emeldarlary häkimiýetini, soňluk bilen jemgyýetiň dürli ugurlarynda peýda bolan iri guramalardaky gullukçylar gatlagyny hem aňladypdyr.

**Samoderžawiýe –** Russiýada patyşanyň çäklendirilmedik zulum ediji häkimiýeti we şeýle häkimiýetiň esasyna gurlan döwlet düzümi.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Serbiýa haçan we haýsy ýurduň kömegine daýanyp öz garaşsyzlygyny yglan etdi?**
2. **Awstro-Wengriýa imperiýasynda ykdysadyýetiň haýsy ugurlary çalt ösdi?**
3. **1905–1907-nji ýyllardaky rus rewolýusiýasyna sebäp bolan esasy faktorlar nämelerden ybarat?**
4. **XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Russiýanyň medeni durmuşynda bolup geçen esasy özgerişler nämelerden ybarat?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**5-nji tema**

# Iki hili Amerika: Demirgazyk we Günorta Amerikada ösüşiň ugurlary

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. ABŞ haçan öz garaşsyzlygyny yglan edipdir?
2. Günorta Amerika ýurtlary haýsy Ýewropa döwletleriniň koloniýalary hasaplanypdyr?
3. Näme diýip oýlaýarsyňyz: näme üçin Demirgazyk we Günorta Amerikada ösüşiň ugurlary bir-birinden düýpgöter tapawutlanýar?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ABŞ *prezidenti Wudro Wilson*

## AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

ABŞ-da 1861–1865-nji ýyllarda bolup geçen Raýatlyk urşy öz mazmunyna görä buržuaz-demokratik rewolýusiýady. Ol ABŞ-nyň sosial-ykdysady ösüş meselelerini, olaryň içinde iň möhümlerinden biri bolan gulçulygyň takdyryny buržuaz ruhda çözdi. Netijede senagat çalt ösdi, oba hojalygynda bolsa kapitalizmiň ösüşiniň erkin fermerlige esaslanan «amerikan» ýoly emele geldi.

Raýatlar urşundan soň Günbatardaky giň çäkleri özleşdirmek we şu proses bilen bagly demir ýol we şosse ýollary, kanallar we portlar gurluşygy senagatyň ösmegine, giň içki bazaryň şekillenmegine getirdi. Amerikanyň buržuaziýasy Ýewropa kapitaly we öňdebaryjy ýurtlaryň tehniki üstünliklerinden önümli peýdalandy. Ýewropadan we Aziýadan gelýän millionlarça immigrantlar senagaty zerur işçi güýji bilen üpjün edip durdy. Senagat önümleriniň umumy göwrümi boýunça Amerikanyň Birleşen Ştatlary 1894-nji ýylda ähli kapitalistik ýurtlary kowup ýetdi we dünýäde birinji orna çykdy.

### ÝADA SALYŇ

*ABŞ «Garaşsyzlyk deklarasiýasy»nyň awtory barada nämeleri bilýärsiňiz?*

## ABŞ «PROGRESSIW ERA» ÝYLLARYNDA

Täze asyra ABŞ ykdysadyýetiň köp ugurlarynda birinjilige çalyşýan, çalt ösýän ýurt hökmünde girip geldi. 1901-nji ýylda ABŞ-da prezidentlik wezipesini Teodor Ruzwelt eýeleýär. Köpden bäri ýurdy beýle aýgytly, görnükli we güýçli şahs dolandyrmandy. Ol öz işini ýurtda özgertmeler geçirmek zerurlygyna halky ynandyrmakdan başlady.

1912-nji ýyldaky saýlawlarda demokratlaryň wekili, görnükli taryhçy, döwletlilik we halkara gatnaşyklar boýunça hünärmen Wudro Wilson ýeňiji bolýar. Ol tutanýerli özgertmeleriň tarapdary hökmünde örän tiz tanalýar; jemgyýete özi ***«täze azatlyk»*** diýlip atlandyrylan syýasy maksatnama kursuny hödürleýär.

W.Wilsonyň maksatnamasynyň maslahaty Ýewropada Birinji jahan urşunyň başlanmagyna gabat geldi. ABŞ entek urşa gönüden-göni çekilmän bolsa-da, uruş faktory içeri syýsata hem duýarly täsir etdi.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*ABŞ-nyň ösüşine sebäp bolan esasy faktorlary tapyň. Pikiriňizi logiki yzygiderlikde jedwel görnüşine getiriň.*

## Daşary syýasat

Özüniň uly içki mümkinçilikleri we Russiýadan satyn alnan Alýaska ýarymadasyny özleşdirmek bilen meşgul bolan ABŞ koloniýalary eýellemek we öz täsir çygyryny giňeltmäge Ýewropa döwletlerinden soňrak girişdi. Munda ABŞ öz ünsüni Latyn Amerikasyna, Karib deňzine we Ýuwaş okeanyň kenarlarynda ýerleşýän ýurtlara gönükdirdi.

1889-njy ýylda ABŞ-nyň başlangyjy bilen Waşingtonda I Panamerika konferensiýasy çagyrylýar. Konferensiýanyň soňunda «Amerika respublikalarynyň ýygnagy» halkara assosiasiýasy döredilýär. Şeýdip ABŞ-nyň Günbatar ýarymşar ýurtlarynyň üstüden ýeke-täk hökümdarlygyna gönükdirilen panamerika syýasaty şekillendi.

Şondan soň ABŞ Ýuwaş okeandaky Aziýa eltýän ýollaryň çatrygynda ýerleşýän Gawaý adalaryny basyp alýar we XIX asyryň ahyrynda dünýäniň iri deňiz ýurduna öwrülär. 1898-nji ýylda Ispaniýa bilen bolan uruşda ýeňiş gazanyp, Puerto-Riko, Guam adalaryny goşup alýar, şonuň ýaly-da, Filippin ABŞ-nyň koloniýasyna öwrülýär. Kubanyň üstünden hem ABŞ-nyň gözegçiligi ýola goýulýar.

## Medeniýet

ABŞ-da medeniýet ýurduň etniki köpdürlülige laýyklykda şekillendi. Oňa Irlandiýadan, Germaniýadan, Italiýadan, Polşadan gelen imigrantlar, Afrikadan geltirilen gullaryň nesilleri, şonuň ýaly-da, Amerika hindileri we Gawaý adalarynyň ilaty uly täsir edýär. Emma ABŞ medeniýetiniň esasyny iňlis dilli ilat kesgitleýär. Olaryň dili, hukuk ulgamy we medeni üstünlikleri bu ýerde giň ýaýraýar we Amerika siwilizasiýasynyň şekillenmeginde esasy faktora öwrülýär.

XIX asyryň 60–90-njy ýyllarynda Amerikanyň medeniýetiniň ösüşiniň ikinji basgançagy bolup, bu döwürde edebiýatda – Uolt Uitmen we Mark Twenler, şekillendiriş sungatynda – Uinslou Homer, Tomas Ikins we Jeýms Uistler ýaly beýik döredijiler iş alyp barýar. XX asyrdan başlap Amerika medeniýetiniň özboluşly tarapy onda köpçülikleýin medeniýetiň ileri tutulmagy bolýar.



*1880–1890-njy ýyllarda Nýu Ýork şäheriniň görnüşi*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## LATYN AMERIKASY

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Latyn Amerikasynyň ykdysadyýetine daşary ýurt kapitalynyň girip gelmegi ýiti işjeňleşýär. Bu babatda XIX asyrda Angliýa öňdebaryjylyk eden bolsa, asyryň ahyryna gelip Germaniýa we aýratynam ABŞ inwestorlary örän işeňňirleşýärler.

XIX asyryň ahyrynda Latyn Amerikasynyň aglabasy, şol sanda, sebitiň iň uly döwleti Braziliýa hem gaty yzagalak jemgyýetçilik düzüme eýedi. Plantasiýalardaky önümçilik esasan gullaryň zähmetine esaslanan bolup, Braziliýada gulçulyk diňe 1888-nji ýylda ýatyryldy we 1891-nji ýylda Braziliýa respublika diýlip yglan edildi.

Latyn Amerikasy jemgyýetiniň ösüşine we harakterine bu ýerdäki etniki prosesler uly täsir edýär. Dürli halklar – hindiler, negrler, ýewropalylar medeniýeti we däpleriniň arasyndaky özara täsir bu ýurtlarda örän köpdürli we özboluşly ***etnopsihologik*** obşinalaryň şekillenmegine getirdi. Bu bolsa, öz nobatynda, syýasy medeniýetiň, bütin syýasy prosesleriň harakterini kesgitläp berdi we olar jemgyýetdäki syýasy durnuksyzlyga, tiz-tiz bolup durýan döwlet agdarylyşyklaryna, gozgalaňlara, rewolýusiýalara, syýasy göreşiň hileli usullaryndan giň peýdanmaga getirdi. Köp döwletlerde öz işinde armiýa daýanan ***awtoritar režim***ler ornaşdyrylýar.



**TARYHY SER SALMA**

*XIX asyryň başlarynda Latyn Amerikasy halklarynda ösüşiň esasy meseleleri haýsy taraplarda görünýär.*

## Meksika rewolýusiýasy (1910-1917)

1910-njy ýylda başlanan rewolýusiýa Latyn Amerikasynyň iň iri döwletlerinden bolan Meksikanyň soňky ösüşine örän uly täsir etdi. Rewolýusiýa öňki düzümden saklanyp gelýän yzagalak jemgyýetçilik gatnaşyklary aradan aýryp, Meksika jemgyýetiniň pajarlap ösmeginde, durmuş-ykdysady we syýasy ösüşinde, sebitdäki öňdebaryjy döwlete öwrülmeginde aýgytlaýjy rol oýnady.

1911-nji ýylda Meksikada diktator **Dias**yň häkimiýeti agdarylýar. Şol ýylyň oktýabrynda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda **Madero** ýeňiş gazanýar. Emma durmuş-ykdysady meseleleri çözmekde hökümetiň gowşaklygy we oňa garşy güýçleriň ABŞ tarapyndan goldanmagy Maderonyň hökümetini pese gaçyrýar. 1913-nji ýylyň fewralynda başlanan gozgalaň netijesinde häkimiýete general **Uerta** gelýär. Madero tussag edilip, atyp taşlanýar. Bu waka raýatlar urşunyň gaýtadan güýjemegine sebäp bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1916-njy ýylda ABŞ-nyň hökümeti araçäkdäki agzalalygy bahana edip Meksika goşun sürýär. Daşky howp öňünde ähli rewolýusion güýçler birleşip, hökümetiň Meksikanyň çägindäki daşary ýurtlular, ilki bilen amerikanlar emläge görä gatnaşygy ýitileşýär. Interwentler bilen göreş bir ýyla uzap we 1917-nji ýylyň fewralynda ABŞ-nyň goşunlarynyň Meksikadan çykarylmagy bilen tamamlanýar. Rewolýusiýa ýeňiş gazanýar.

## Medeniýet

Sebitiň ýurtlarynda ýerli hindileriň we afrikalylaryň nesilleriniň doly mifologik düşünjelerine esaslanan medeni garaýyşlary bilen ýewropalylaryň rasionalistik medeniýeti gatyşyp, özboluşly Latyn Amerikasy medeniýetini emele getirýär. XX asyryň başlarynda edebiýatda – **Sezar Walýeho, Gabrila Mistral**, şekillendiriş sungatynda – **Diýego Riwera, Hose Orosko, Dawid Sikeýros** ýaly döredijileri iş alyp barypdyrlar.

Netije çykaryp aýdýan bolsak, XX asyryň başlaryna gelip Latyn Amerikasynda koloniýa döwründe döredilen hojalyk ýuwaş-ýuwaşdan kapitalistik hojalyga öwrülipdir. Iri şäherler – senagat we medeniýet merkezleri peýda bolýar. Jemgyýetde industrial siwilizasiýanyň alamatlary aýdyň görünýärdi.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Awtoritar režim** – syýasy häkimiýet ýeke hökümdar şahsyň ýa-da bir topar şahslaryň erki, merkezleşen häkimiýete esaslanan döwleti dolandyryş usuly.

**Interwent** – interwensiýa guraýan ýa-da onda gatnaşýan. Interwensiýa – bir ýa-da birnäçe döwletiň başga bir döwletiň içki ilerine zorluk bilen gatyşmagy, onuň çäk bitewiligine, syýasy garaşsyzlygyna garşy gönükdirilen hereketleri.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **1861–1865-nji ýyllarda ABŞ-da bolup geçen raýatlar urşy nähili netijeler bilen tamamlandy?**
2. **ABŞ-nyň başlangyjy bilen çagyrylan Waşingtondaky I Panamerika konferensiýasy Amerika halklary üçin nähili ähmiýete eýe?**
3. **XIX asyryň ahyrky çärýeginde Latyn Amerikasynyň iň uly döwleti bolan Braziliýada nähili möhüm wakalar boldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



6-njy tema

# Ýaponiýa, Hytaý we Hindistan: özgertmeleriň aziýa ýoly

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Ýaponiýanyň özboluşly aýratynlyklary nämelerden ybaratdy?
2. Hytaýyň taryhyndaky haýsy dinastiýalary bilýärsiňiz?
3. Hindistanyň taryhynda Baburylar dinastiýasy nähili orun tutýar?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



XIX – XX asyryň başlary «Aziýanyň oýanyşy» döwri bolup, onda Gündogaryň adaty jemgyýetlerinde industriallaşdyrmagyň pyntyklary görnüp başlady. Bu bir tarapdan gündogara mahsus däpler saklanyp galan, başga tarapdan – Gündogar ýurtlarynda ykdysadyýeti modernizasiýa etmek başlanan gapma-garşylykly döwürdi.

**ÝADA SALYŇ**

*Modernizasiýa düşünjesine kesgitleme beriň.*

Bu döwürdäki «günbatarlaşma», ýagny Ýewropa we amerikan döwlet dolandyryşyna, kanunçylyk, bilim ulgamy, geýinmek we özüňi alyp barmak medeniýeti modeline öýkünmek, olary gaýtalamak – bularyň ählisi Gündogar ýurtlaryny koloniýa etmegiň netijesidi.



*Meýdzi rewolýusiýasy*

## ÝAPONIÝA

Ýaponiýa iki asyryň dowamynda Günbatar ýurtlary üçin «ýapyk» bolmagynda galýardy. Günbatar ýurtlarynyň söwda aragatnaşyklaryny ýola goýmak üçin eden ähli synanyşyklary ýogunly tarapyndan berk ret edildi. 1868-nji ýylda harby-feodal hökümet – ***Tokugawa sýogunlygy*** agdarylýar. ***Sýogun*** goşunlary söweşsiz boýun egýär we özüniň atamiras mülküne ugraýar. Ýöne Tokugawanyň tarapdarlaryna garşy harby hereketler dowam etdirilip, 1869-njy ýylda sýogunlyk bütinleý ýatyrylýar. Bu ýyllardaky wakalar Ýaponiýanyň taryhynda ***«Meýdzi rewolýusiýasy»*** adyny aldy. Bu at şonuň bilen bagly bolup, ýagny imperator Masuhito hökümdarlygy resmi taýdan ***Meýdzi*** diýlip, ol ***«aň-bilimli dolandyryş»*** manysyny aňladýar. Meýdzi döwri 1868–1912-nji ýyllary öz içine alýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Meýdziniň buržuaz özgertmeleri

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Meýdzi – «aň-bilimli dolandyryş» döwründe Ýaponiýada amala aşyrylan ähli özgertmeler ýapon jemgyýeti üçin nähili tamamlandy?*



*Ýapon imperatory Musihito (Meýdzi)*

1871-nji ýylda ýurduň ýeke-täk döwletde birleşmek prosesi tamamlandy. Feodal ýer eýeçiligi ýatyryldy we gönüden-göni merkezi hökümete boýun egýän prefekturalar girizildi, gatlaklar sany üç çenli gysgaldyldy: derejeli asylzadalar, aristokratlar we ýönekeý halk.

«Täze Ýaponiýa»ny gurmak hut imperator häkimiýetiniň dikeldilmegi bilen bagly. Bu rewolýusiýany amala aşyranlar çaltlyk bilen ýurdy gaýtadan gurmaga girişýärler. Ýaponlar özboluşly täsinlik döredýärler: olar ilat bir wagtyň özünde hem Günbatarda, hem Gündogarda ýaşaýan iki hili siwilizasiýa esaslanan ýurdy gurýarlar.

Ýaponiýa ykdysady we harby taýdan güýçlenmegi bilen onuň kolonizatorlyk hyjuwlary-da barha öwjüne galýar. 1904–1905-nji ýyllardaky Rus-Ýapon urşundan soň Ýaponiýa Günorta Mançžuriýa we Koreýanyň üstünden öz hökümdarlygyny yerleşdiryär, Koreýanyň daşary syýasatyny hem kesgitläp başlaýar. 1910-njy ýyldan Koreýa resmi taýdan Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrülýär.

## Medeniýet

Modernizasiýa prosesinde Günbatar medeniýetine öýkünmegi, ondan öňdebaryjy ylmyň we tehnikanyň üstünliklerini kabul etmek ýurduň umumy medeni derejesini artdyrmaga hyzmat etdi. Hökümetiň medeniýeti ýene-de ýewropalaşdyrmak talaby ilatyň bir bölegi, aýratynam intelligentleriň arasynda närazylygy getirip çykardy. Sungatyň görnükli wekilleriniň arasynda ýapon milli medeniýetini, özboluşly sungaty dikeltmek taglymy güýçlenýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HYTAÝ

Ikinji ***«tirýek urşundaky»*** (1856–1860) şowsuzlykdan soň Hytaýyň hökümdarlary ýurdy Günbatar döwletleriniň girdeji çeşmesine öwrülmek howpundan halas etmäge ýene bir gezek synanyşyp görýärler. Netijede taryhşynaslykda «öz-özüni güýçlendirmek» («szi sýan») adyny alan ösüşiň täze ýoly işlenip taýýarlanýar. Bu ýol möhüm özgerişlersiz 1895-nji ýyla çenli amala aşyryldy.



*Sun Ýatsen*

Şoňa seretmezden, ilat sany taýdan dünýäniň iň uly ýurdy onlarça ýyllaryň dowamynda daşary döwletleriň ýarym koloniýasy bolup galýardy. XX asyryň başlarynda ýurduň 400 mln. ilatyndan 90%-i sowatsyzdy.

Ynha şeýle çylşyrymly taryhy ýagdaýda ***Sun Ýatsen****iň* baştutanlygynda ***Sinhaý rewolýusiýasy*** başlanýar. Ol hytaýlylaryň kalendary boýunça «sinhaý» ýylda başlanany üçin şeýle ady alypdyr. 1911–1912-nji ýyllardaky rewolýusiýa netijesinde mançžurlar dinastiýasy tagtdan agdarylýar. Hytaý respublika diýlip yglan edilýär, emma ýurt syýasy dagynyklyga duçar bolýar. 1912-nji ýylda Sun Ýatsen ***Gomindan*** («Milli partiýa») partiýasyny esaslandyrýar.

Respublikanyň düzümine geçen Hytaýda buržuaz ösüş çaltlanýar. XIX asyryň ahyrlarynda medeni ugurda bir-birine ters ugurlar peýda bolýar. Bir tarapdan, edebiýatda, aýratynam, şygryýetde klassyky nusgalara öýkünmek bolan bolsa, başga tarapdan jemgyýetiň diňe bilimli bölegine düşnükli bolan ***wenýan*** köne edebi dili ýuwaş-ýuwaşdan gysyp çykarýan, ilatyň giň gatlaklaryna düşnükli bolan ***baýhua*** edebi dili barha giň ýaýraýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda hytaý dilinde onlarça gazetler we žurnallar peýda bolýar.

Mahlasy, XIX asyryň başlarynda entek beýik döwlet hasaplanan Hytaý asyryň ortalaryna gelip Günbatar döwletleri, soňra ABŞ, Russiýa we Ýaponiýanyň hem kolonial bähbitleri kesişen iň derwaýys çäge öwrülýär. Hytaýyň ykdysady we harby taýdan yzagalaklygy, onuň öz-özüçe saklanyp galýan beýik döwlet statusyna seretmezden, ony Günbatar döwletleriniň ýarym koloniýasyna öwürýär.



**ÝATDA SAKLAŇ**

*1889-njy ýylyň başlarynda kabul edilen ýapon konstitusiýasyna görä ýurt konstitusion monarhiýa öwrülýär.*

*Hytaýyň taryhynda ikinji «tirýek urşy» 1856–1860-njy ýyllarda bolup geçdi.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HINDISTAN



Filosof Swami Wiwekananda

XIX asyryň ahyrlaryna gelip Hindistanda Beýik Britaniýanyň kolonial zulmy ýene-de güýçlenýär. Kolonizatorlar hindi ykdysadyýetini Angliýanyň industrial jemgyýetiniň zerurlyklary üçin uýgunlaşdyrmaga hereket edýärler. Iňlisleriň göni gatnaşmagynda hindi oba obşinasy ýatyrylýar we Hindistanda kapitalistik gatnaşyklar täze esasda ösüp başlaýar.

XIX asyryň ikinji ýarymyndan Hindistana iňlis kapitaly girip gelip başlaýar. Birinji iri maýa goýumlary girizilen ugur demir ýol gurluşygy bolýar. Demir ýol gurluşygynda maýa sarplan kompaniýalar örän uly girdeji alýarlar.

Kapital girizmegiň soňky ugry plantasiýa hojalygy bolýar. Angliýa hökümeti Hindistanda çaý, kofe, kauçuk plantasiýalaryny köpeltmek we dürli ýeňillikler arkaly goldamaga uly üns berdi. Iňlis kapitalistleri fabrik-zawodlar gurluşygyna we dag-magdan senagatyna hem iri maýa goýumlaryny girizýärler.

Kapitalizm bilen bile Hindistanda barha milli aňyýet hem şekillendi. Milli täzeleniş aňyýetiniň ilkinji ideologlary hökmünde ***Ramakrişna Paramahasa*** we onuň şägirdi ***Swami Wiwekananda*** Hindistanda we daşary ýurtlarda hem meşhurdy. Hindistan milli azatlyk hereketi taglymyny wagyz etmekde Wiwekanandanyň orny çäksiz. Ol häzirki zaman Hindistan milli hereketiniň esaslandyryjylaryndan biridi.

1885-nji ýylyň dekabrynda Bombeýde ýurduň taryhynda birinji dini däl,umummilli, amalda parlament guramasy – ***Hindistan milli kongresi*** (HMK) döredildi. Hindi watanperwerleriniň forumynda Britaniýa hökümetine we parlamentine kongresçileriň esasy talaplary şekillendirildi.

1906–1907-nji ýyllarda hindi musulmanlarynyň hem partiýasy – Musulman ligasy döredildi. XX asyryň başlarynda bar bolan Hindistanyň syýasy statusy we parlament özgertmeleri meselesinde şu partiýa bilen HMK arasyndaky aýratyn agzalalyk ýokdy.

### TARYHY SER SALMA

*Şu döwre degişli Ýaponiýa, Hytaý we Hindistan üçin umumy bolan özgertmeleriň aziýa ýolynyň kemçilikleri we üstünlikleri nämelerden ybarat?*

*Özgertmeler Ýaponiýa, Hytaý we Hindistan jemgyýeti üçin nämeleri berdi?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Medeniýet

Bu döwürdäki Hindistanyň medeniýeti özüniň köp müň ýyllyk däplerini dowam etdirmek bilen birlikde we şol bir wagtda iňlis medeniýetiniň täsirini özünde saklady. Hindiler söýýän saz, aýdymçylyk, tans sungatynda köpräk halk däpleri saklanyp galan bolsa, edebiýat, şekillendiriş sungaty ýaly ugurlar örän tiz döwrebaplaşýar. Hindi edebiýatynyň iň iri wekillerinden biri ***Rabindranat Tagor*** hem şu döwürde döredijilik edipdir. Ol «Gitanjali» («Gurbanlyk aýdymlary») goşgular toplumy üçin 1913-nji ýylda edebiýat ugrunda Nobel baýragyna sezewar bolýar.

### BILJEK BOLUŇ

*«Ýapyk» ýurt bu -...*

*1912-nji ýylda Sun Ýatsen...*

Şeýdip, XIX asyr – XX asyryň başlary Hindistanyň ykdysady we syýasy durmuşynda möhüm özgerişler bolýar. Haýallyk bilen bolsa-da, kapitalizm ösýär. Milli-azatlyk hereketi peýda bolýar we iňlis kolonial hökümdarlygyna garşy göreş ýeke-täk taglym aşagynda birleşýär.

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR



Rabindranat Tagor

*Özbaşdak ýagdaýda Rabindranat Tagoryň döredijiligi bilen tanşyň. Onuň döredijiliginde Hindistandaky durmuşyň haýsy taraplary jemlenen? Pikiriňizi depderiňize kiçi esse ýazyň.*

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Gündogar ýurtlarynda başlanan ykdysadyýeti modernizirlemegiň nähili gapma-garşylykly taraplary bardy?**
2. **Meýdzi özgertmeleri Ýaponiýa üçin nämeleri berdi? Bu özgertmeleri ugurlara bölüp, jedwel görnüşine getiriň.**
3. **Hytaýda Sun Ýatsen tarapyndan halky «ikinji rewolýusiýa» çagyrylmagy nähili tamamlandy?**
4. **Hindistanyň milli kongresi kolonial syýasata garşy göreşmek üçin haýsy taraplara esasy üns berdi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 7-nji tema

# Yslam siwilizasiýasy ýurtlarynda däpler bilen reformizmiň arasyndaky göreş

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Haýsy dünýä dinlerini bilýärsiňiz?
2. Yslam dini haçan we nirede emele gelipdir?
3. Dünýä medeniýetine Yslam siwilizasiýasy nämeleri beripdir?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Yslam siwilizasiýasy taryhynda XIII– XIV asyrlardan başlanan intellektual pese gaçma XVI asyra gelip ykdysady we syýasy krizisi hem başlap berdi. Bir wagtlar dünýä ösüşiniň baýdak göterijisi bolan beýik yslam siwilizasiýasy XVII asyra gelip çuňňur intellektual krizise duçar boldy we yslam ýurtlaryndaky tälim we medeniýet merkezleriniň aglabasy dar pikirli fanatikleriň we birehim gaflatparazlaryň ojagyna öwrülýär. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryna gelip yslam siwilizasiýasy ýurtlary Günbatardan esli yzdady.

**ÝADA SALYŇ**

*Taryh ylmyndaky bilimleriňize daýanyp, däpler we reformizm düşünjelerine kesgitleme beriň.*



*Soltan Abdulhamid II*

## TÜRKIÝE

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Osmanlylar imperiýasynyň şu döwür yslam dünýäsiniň iň güýçli döwletine öwrülmegine sebäp bolan faktorlar nämelerden ybaratdy?*

***Osmanlylar imperiýasy*** yslam dünýäsiniň iň güýçli döwleti bolup, ol soltanyň ýeke hökümdarlygyna esaslanan monarhiýady. Ykdysadyýetiniň esasyny örän yzagalak oba hojalygy düzýänligi üçin, açlyklar bolup durardy. Osmanlylar hökümetiniň reformizm kursy hem puja çykdy. Ähli hereketlere seretmezden, XIX asyryň ahyrky çärýegine gelip Türkiýe ýarym koloniýa, daşary ýurt kapitalyna tabyn ýurda öwrülipdi.

Ynha şeýle ýagdaýda jemgyýetiň öňdebaryjy gatlaklarynyň arasynda bar bolan ýagdaýa garşy närazylyk keýpi güýjäp başlaýar. 1865-nji ýylda Stambulda gizlin syýasy gurama düzülip, onuň agzalary özlerini «täze osmanlylar» diýip atlandyrýarlar. Ýewropada bu gurama «Ýaş Türkiýe», onuň gatnaşyjylary «Ýaş türkler» adyny aldylar. Olaryň hereketi sebäpli Türkiýede özgertmeler başlanýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1876-njy ýyl tagta ***Abdulhamid II*** geldi, ***Midhat paşa*** bolsa beýik wezir wezipesini eýeleýär we geljekki konstitusiýanyň taslamasyny taýýarlamaga rugsat alýar. Ýaş türklere beýle eglişik edilmegi imperiýanyň şol döwürlerdäki agyr ýagdaýyndan gelip çykan zerurlykdy. Soltan Abdulhamid II hem şu sebäpli konstitusiýany kabul etmäge mejbur bolýar.

***1876-njy ýylyň dekabrynda*** kabul edilen ***«Midhat konstitusiýasy»*** Türkiýäni ***konstitusion monarhiýa*** diýip yglan edýär. Onda iki palataly parlament gurluşy hem nazarda tutulypdy. Imperiýanyň ähli raýatlary osmanlylar diýip atlandyrylyp, kanunyň öňünde deň hasaplanýar. Bu konstitusiýa özüniň ähli kemçiliklerine seretmezden, eger durmuşa ornaşdyrylanda, şol döwürdäki Türkiýe üçin progressiw ähmiýete eýe bolmagy mümkindi.

***1877-nji ýyl baharda*** Rus-Türk urşy başlanýar. 1878-nji ýylyň başynda Türkiýäniň harby ýagdaýy agyr, armiýa derbi-dagyn edilen, ruslar imperiýanyň paýtagtyna ýakynlaşýardy. Soltan Abdulhamid bolsa bu heläkçilikli ýagdaýdan peýdalanyp parlamenti dargadyp goýberýär we «Midhat konstitusiýasy»ny ýatyrýar. Deputatlaryň bir bölegini tussag edip, ýurdy ýeke özi dolandyrýandygyny yglan edýär. 1878-nji ýylyň martynda Stambulyň golaýyndaky San-Stefano diýen ýerde ruslar bilen ýaraşyga gol çekildi. Ýaraşygyň esasy şerti garaşsyz Bolgariýa döwletini düzmek bolýar.

*Birinji Osmanlylar imperiýasy parlamentiniň açylyşy*

## ÝATDA SAKLAŇ



**Soltan Abduleziz**

*1871-nji ýylda soltan Abduleziziň baş weziri Mahmyt Nadim paşa «ýaş türkler»iň yzarlanmagynyň bes edilmegini gazanýar.*

*1876-njy ýylyň dekabrynda Türkiýe konstitusion monarhiýa diýlip yglan edilen.*

1908-nji ýylda «Ýaş türkler» partiýasyndan bolan ofiserler gozgalaň turuzýar. ***«Ýaş türkler rewolýusiýasy»*** adyny alan bu rewolýusion wakalar Türkiýede feodal-zulumkär düzümi agdaryp taşlaýar we konstitusiýany dikeldýär. Şeýlelikde 1908-nji ýyldaky Türkiýe rewolýusiýasy ýeňiş gazanýar.

Birnäçe harby agdarylyşyklardan soň 1913-nji ýylda häkimiýete «Ýaş türkler» partiýasynyň wekilleri – Enwer paşa, Tal’at paşa we Jemal paşalardan ybarat «üçlük» gelýär. Olar Birinji jahan urşunyň öňüsyrasyndaky çylşyrymly halkara şertde Antanta ters ýagdaýda Germaniýa bilen ýakynlaşmak syýasatyny alyp barýarlar. 1914-nji ýylyň awgustynda gaty gizlin ýagdaýda Germaniýa bilen şertnama baglaşýar. Bu şertnama gol çekilmegi Osmanlylar imperiýasynyň heläkçiliginiň möhüm sebäplerinden bir bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## PARS DÖWLETI

XIX asyryň ikinji ýarmy Ýewropa döwletleriniň, birinji nobatda, Angliýanyň we Russiýanyň Parsda işjeň kolonial ekspansiýasy döwri bolýar. Häkimiýetde duran ***gajarlar dinastiýasy*** wekilleri öz halkynyň talabyndan görä daşary döwletleriň talabyny ýerine ýetirmegi makul görýärdiler. Parsy tabyn etmek daşary ýurt kapitalynyň öwezine dürli ***konsessiýa***lary almak we Tährana pul karz bermek ýaly usullardan giň peýdalandylar. Netijede Pars barha Ýewropa döwletleriniň çig mal bazasyna öwrülýär.

Ýurduň ykdysadyýetinden daşary, döwlet dolandyryşynyň käbir ugurlary-da daşary ýurtlularyň gözegçiligine geçýär. 1879-njy ýylda rus ofiserleriniň baştutanlygynda düzülen kazaklar polky soňluk bilen brigada öwrüldi we Pars armiýasynyň ýeke-täk söweşjeň bölegi hökmünde, şa reźiminiň Russiýa tabynlygyny güýçlendirmäge hyzmat etdi.

Ýurtdaky agyr ýagdaý we Muzaffariddin şanyň syýasaty 1905–1911-nji ýyllardaky buržuaz-demokratik rewolýusiýasyna getirdi we ol milli-azatlyk hereketi bilen goşulyp gitdi. Rewolýusiýa prosesinde mejlis (parlament) düzüldi, konstitusiýa kabul edildi. Bu özgertmelere seretmezden, ahyrynda gajarlar häkimiýeti dikeldildi we ýurt Russiýa hem-de Angliýa tarapyndan täsir çäklerine bölüp alynýar. Netijede Pars güýçli döwletleriň ýarym koloniýasyna öwrülýär.

### TARYHY SER SALMA

*Bu döwürde Türkiýe we Pars üçin umumy bolan däpler bilen reformizmiň arasyndaky göreş jemgyýetiň ösüşi üçin nähili ähmiýete eýe bolupdyr?*

*Bu göreşler Türkiýe we Pars üçin nämeleri berdi?*

Mahlasy, XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlary Ýewropa döwletleri, ABŞ we Ýaponiýanyň kolonial ekspansiýasy iň yokary derya galan döwür bolýar. Yslam dünýäsi hem iri çäklere eýelik edýän metropoliýalar tarapyndan doly diýen ýaly bölüp alynýar, Türkiýe, Pars ýaly ýurtlar ykdysady zulmuň astynda galdy, ýarym koloniýalara öwrülýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Özbaşdak ýagdaýda dünýä siwilizasiýalarynyň taryhy bilen tanşyň. Her bir siwilizasiýanyň adamzat jemgyýetiniň ösmegi üçin goşan goşandyny derňäň. Pikiriňizi depderiňize kiçi esse ýazyň.*

Bu döwürde başga koloniýalar ýaly yslam ýurtlarynda hem ykdysady durmuş birneme durnuklaşýar. Infragurluşlaryň gurluşygy işjeň alnyp baryldy: demir ýollar, deňiz portlary, irrigasiýa desgalary gurulýar. Yslam ýurtlarynda kolonizator hökümetler tarapyndan ençeme könelişen urp-adatlar we nogsanlar (gul söwdasy, çaga söwdasy, köpaýallylyk) ýatyryldy. 1870–1914-nji ýyllarda koloniýalar, şol sanda, yslam ýurtlarynda girizilen inwestisiýalar hem ýiti artýar. Türkiýe, Müsür we Ýakyn Gündogar ýurtlaryna girizilen inwestisiýalaryň göwrümi ähli inwestisiýalaryň 50–60%-ini düzýär.

Yslam ýurtlarynyň medeni ösüşinde däpler bilen modernizmiň arasyndaky ýiti göreş esasy rol oýnady. Eger ençeme başga ýurtlar, meselem, Ýaponiýada däpler bilen modernizmi sazlan özboluşly gurşaw şekillenen bolsa, yslam ýurtlarynda Günbataryň medeni täsirine garşy güýçli hereketler alnyp baryldy.

## ÖZBAŞDAK IŞ

*Kartadan XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryndaky Türkiýäniň we Eýranyň çäklerini gözden geçiriň.*

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **«Ýaş türkler» partiýasy haçan döredildi? Partiýanyň işiniň esasy ugurlaryny sanap geçiň?**
2. **Parsda 1905–1911-nji ýyllardaky buržuaz-demokratik rewolýusiýasy nähili tamamlandy?**
3. **XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Pars üçin umumy bolan alamatlary nämelerden ybaratdy?**
4. **Bu döwürde Pars döwletine görä daşary ýurt döwletleriniň täsiri nähili boldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 8-nji tema

# Afrika ýurtlarynda kolonializm we ösüş meseleleri



**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Afrika ýurtlarynyň çägi esasan haýsy oba hojalyk önümlerine ýöriteleşen?
2. Orta asyrlar Afrika ýurtlarynyň ösüşiniň özboluşly aýratynlyklary nämelerden ybaratdy?
3. Täze döwrüň başlarynda Afrika ýurtlarynyň ösüşiniň yza galmagynyň sebäplerini sanap geçiň?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## XIX ASYR AHYRYNDA AFRIKA

Täze döwrüň iň betnam hadysalaryndan biri gulçulyk we gul söwdasy bolýar. Gul söwdasy Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ ýaly döwletlerde resmi taýdan XIX asyryň birinji ýarymyndan gadagan edilipdi. 1889–1890-njy ýyllardaky Brýussel konferensiýasy gul söwdasyny gadagan etdi we Afrikadan gullaryň gizlin äkidilmegine garşy göreş başlanýar.

Gul söwdasy onuň bilen meşgullanýanlara we söwdagärlere örän uly peýda getirýärdi. Ýewropadaky we Amerikadaky şäherler – Bristol, Liwerpul, Mançester, London, Nant, Ruan, Amsterdam, Nýu Ýork, Täze Orlean, Rio-de-Žaneýro we başgalaryň çalt ösüşi we gülläp ösmegi gul söwdasy bilen baglydy.

Baryp dört asyryň içinde ýewropaly gul sowdagärleri Amerika 15–16 million gullary getirýärler (Araplar hem musulman ýurtlaryna takmynan şonça gul eltip beripdir). Atlantik okean arkaly amala aşyrylan gul söwdasy proseslerinde takmynan 60–70 million adam heläk bolýar. Gul söwdasy Afrikany güýçden gaçyrmagyň öwezine Ýewropa we Amerika ýurtlarynyň ykdysady gülläp ösmegine hyzmat etdi.

XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli dowam eden gul söwdasynyň Afrika üçin iň agyr netijelerinden biri psihologik yagday boldy: adamyň durmuşy gadyrsyzlandy, gul eýeleriniň we gullaryň degradasiýasy ýüze çykdy. Gulçulygyň iň adamkärçiliksiz görnüşi – ***rasizm*** aňyýeti şekillendi. Dört asyryň dowamynda köpçüligiň, ilki bilen ýewropalylaryň düşünjesinde gul diýende, afrikaly, ýagny gara tenli adam şöhlelenýän bolýar. Köp nesil Gana, Songaý, Benin, Monomotapa ýaly özboluşly siwilizasiýalar barada maglumata eýe hem bolup bilmezden, Afrikany diňe gul söwdasy we gul düşünjeleri arkaly göz öňüne getirýärler. Gul söwdasy Afrika halklarynyň taryhy dälligi, ýokary akyl ukybyna eýe dälligi baradaky ylmy däl konsepsiýalary getirip çykardy. Ýewropalylar Afrikany zabt etmek we koloniýalara bölüp almakdaky özleriniň adamkärçiliksiz we ahlaksyz hereketlerini aklamak üçin bu konsepsiýalardan ussatlyk bilen peýdalandylar.

## 1884–1885-nji ýyllardaky Berlin konferensiýasy

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe gul söwdasynyň Afrika üçin iň agyr netijeleri nämelerde görünýär?*

1884–1885-nji ýyllardaky Berlin konferensiýasy Afrikany koloniýa öwürmek döwründäki möhüm wakalardan biri bolýar. Konferensiýa Ýewropa döwletleriniň gatnaşmagynda «Gara kontinent» takdyryny ara alyp maslahatlaşmaga bagyşlanan birinji ýörite ýygnak bolýar. Ol Germaniýanyň we Fransiýanyň başlangyjy bilen çagyrylyp, 12 Ýewropa döwletleri, ABŞ we Türkiýe gatnaşdy.Konferensiýada Afrikada Ýewropa döwletleriniň kolonial we ykdysady ekspansiýasynyň obýekti hökmünde garalýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Afrikalylaryň nukdaýnazarynda, Berlin konferensiýasy halklaryň hukuklaryny äsgermeýän imperialistik syýasatyň görkezilmesi bolýar. Tropik Afrikadaky gazetlerden biri – «Lagos obserwer» 1885-nji ýylda: «Dünýä entek hiç haçan beýle uly möçberdäki we bihaýaçylykly edilen talaňçylyga şaýat bolmandy. Ýöne Afrika garşylyk etmäge ejiz», – diýip ýazypdy.

*Berlin konferensiýasy*



## ÝATDA SAKLAŇ

*Ýewropadaky we Amerikadaky şäherler – Bristol, Liwerpul, Mançester,London, Nant, Ruan, Amsterdam, Nýu Ýork, Täze Orlean, Rio-de-Žaneýro we başgalaryň çalt ösüşi we gülläp ösmegi gul söwdasy bilen baglydy.*

*Berlin konferensiýasynda Afrika Ýewropa döwletleriniň kolonial we ykdysady ekspansiýasynyň obýekti hökmünde garalýar.*

## AFRIKANYŇ BÖLÜP ALNYŞY

Kontinenti koloniýalara bolüp almak XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýewropada kapitalizmiň ösüşiniň netijesi bolýar. 1876-njy ýyla çenli Ýewropa döwletleri tarapyndan Afrika kontinentiniň diňe 10%-i eýelenipdi. 1900-nji ýyla gelip Afrika kontinentiniň 9/10 bölegi kolonizator basybalyjylaryň eline geçdi. Beýik Britaniýa kontinentiň uly bölegini basyp alan bolup, bu çäklerde Afrikanyň umumy ilatynyň ýarysy diýen ýaly ýaşaýardy.

Fransiýa hem Afrika kontinentiniň uly bölegini eýeläp alan bolup, bu çäklerde Afrika ilatynyň üçden bir bölegi ýaşaýardy. Fransiýanyň koloniýalarynyň esasy bölegi Günbatar we Ekwatorial Afrikada ýerleşýär we esli bölegi Sahara dogry gelýärdi. Galan çäkler Belgiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Germaniýa we Italiýanyň arasynda paýlanypdy.

Ähli koloniýalardaky ýewropalylaryň işiniň umumy alamaty Afrika halklarynyň rehimsiz ekspluatasiýa edilmegi we bu ýerdäki baýlyklaryň talanmagy bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AFRIKA HALKLARYNYŇ KOLONIALIZME GARŞY GÖREŞLERI

Garaşsyzlyk üçin göreş ýyllarynda Afrika watanperwerleriniň ajaýyp ukyplary ýüze çykdy. Garşylyk görkezmek hereketine esasan uly-kiçi döwletler we döwlet birleşmeleriniň hökümdarlary, taýpa başlyklary ýolbaşçylyk edýärler. Olaryň arasynda, aýratynam, Samori, Behanzin, Rabbah, Muhammet ibn-Abdulla ýalylar öz edermenlikleri we ukyplylyklary bilen meşhur bolupdyrlar.

**TARYHY SER SALMA**

*Şu döwürde Afrika ýurtlary üçin umumy bolan kolonializm we ösüş meseleleriniň kemçilikleri we üstünlikleri nämelerden ybarat?*



Tropik Afrika ýurtlarynda milli aňyýetiň şekillenmeginde täze, bilimli sosial gatlagyň peýda bolmagy uly rol oýnady. Adatda bu gatlagy kolonial režime hyzmat edýän kiçi emeldarlar, mugallymlar, ruhanylar, lukmanlar we ýuristler düzýärdi. Köp yagdaýlarda bu afrikalylaryň adaty şekillenen ata-babalar dininden ýüz öwürýärdiler. Hristiançylygy kabul edenlerinden soň olary baglap duran taýpa aragatnaşyklary gowşap, Ýewropaça medeniýete ýykgyn edilýär. Ynha şu täze gatlagyň çygrynda milli intelligensiýa şekillendi.

**BILJEK BOLUŇ**

*XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli – ...*

*1884–1885-nji ýyllardaky Berlin konferensiýasy...*

*1876-njy ýyla çenli Ýewropa döwletleri tarapyndan ...*

*XIX asyryň ahyrynda Tunisiň ilaty*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Mahlasy, Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda imperialistik döwletleriň Afrikany bölüp almak prosesi tamamlandy. Öz watanyny we garaşsyzlygyny goran ýüz müňlerçe afrikalylar kolonizatorlar bilen bolan deňsiz söweşlerde heläk boldular. Kolonizatorlar bolsa kontinentiň tebigy baýlyklaryny dalamak, ilatyny rehimsiz ekspluatasiýa etmegiň hasabyna çäksiz baýlyklar toplap, Ýewropany rowaçlandyrmaga goşant goşdular.

**DÖREDIJILIKLI IŞ**

*Afrikanyň taryhynda öz edermenlikleri we ukyplylyklary bilen meşhur bolan Samori, Behanzin, Rabbah, Muhammet ben Abdulla ýaly halk ýolbaşçylarynyň işinden häzirki kemala gelen nesil nämeleri öwrenmegi mümkin.*

*Bu şahslaryň işine bagyşlanan tanyşdyrma (slaýd) taýýarlaň.*

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR**

1. **Afrika ýurtlary üçin gul söwdasynyň nähili netijeleri bolupdyr?**
2. **Berlin konferensiýasy Afrika ýurtlary üçin nähili ähmiýete eýe?**
3. **Afrika halklarynyň kolonializme garşy göreşleri nähili tamamlandy?**
4. **Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Afrika halklarynyň ösüşinde nähili proses boldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



F. Ferdinand

## Birinji jahan urşy

(1914-nji ýyl 28-nji iýul – 1918-nji ýyl 11-nji noýabr)

Urşuň sebäbi bosniýaly serb Gawrilo Prinsip tarapyndan Awstro-Wengriýa tagtynyň mirasdary Frans Ferdinandyň we onuň aýalynyň öldürilmegidi. Uruşýan ýurtlaryň armiýalaryna 70 milliondan artyk adam mobilizlenen, olardan 10 milliona golaýy heläk bolupdyr. 1919-njy ýylyň 28-nji iýun güni ýeňiji döwletler tarapyndan guralan Pariž parahatçylyk konferensiýasynda Germaniýa Birinji jahan urşuny resmi taýdan tamamlan Wersal şertnamasyna gol çekmäge mejbur bolupdyr.







## Holokost

Holokost – Ikinji Jahan urşy döwründe Germaniýa we onuň ýaranlarynyň çäginde, olar tarapyndan basyp alnan çäklerde ýaşaýan musaýylaryň yzarlanmagy we köpçülikleýin gyrylmagy. Gyrgyn netijesinde 6 milliona ýakyn adam ölüm lagerlerinde heläk bolupdyr.



## Ikinji jahan urşy

(1939-njy ýyl 1-nji sentýabr – 1945-nji ýyl 2-nji sentýabr)

Adamzat taryhyndaky faşistik Germaniýa, Italiýa we militaristik Ýaponiýa hem-de antifaşistik koalisiýa ýurtlarynyň arasyndaky iň iri uruş. Uruşda 62 döwlet gatnaşdy. 40 döwletiň çäginde söweşler alnyp baryldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



II

BAP

# JAHAN URUŞLARY ARALYGYNDA SIWILIZASIÝA ÖSÜŞINIŇ IKI UGRY: LIBERAL DEMOKRATIÝA WE TOTALITAR - AWTORITAR DIKTATURA

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**9-njy tema**

# Birinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we netijeleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Demokratiýa we monarhiýa adalgalaryna mysallar bilen kesgitleme beriň.
2. Totalitar we awtoritar diktatura näme?
3. Halkara gapma-garşylyklaryň ýitileşmeginiň özboluşly taraplary nämelerden ybarat?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



XX asyryň başlaryna gelip dünýäniň ösüşiniň esasy alamatlarynyň biri öňdebaryjy industrial döwletleriň biendigan ösüşi, daşary syýasatda kapitalistik monopoliýalaryň we maliýe oligarhiýasynyň bähbitleriniň ileri tutulmagy hem-de dünýäni gaýtadan bölüp almak üçin döwletleriň arasynda göreşiň güýçlenmegi bolýar.

**ÝADA SALYŇ**

*Respublika adalgasyna kesgitleme beriň.*

*Üçler bileleşiginiň imperatorlary ýokarda Wiktor Emmanuel III, çepde Wilgelm II, sagda Frans Iosif I*

## ÜÇLER BILELEŞIGI WE ANTANTANYŇ EMELE GELMEGI

XIX asyryň ahyrky 30 ýylynda ösüş depginleri ýiti çaltlanan ABŞ we Germaniýa öňdebaryjy industrial döwletleriň hataryna geçdiler. Bu döwletleriň çalt ösmegi netijesinde olaryň harby-ykdysady mümkinçilikleri bilen dünýäniň täsir çygyrlaryna bölünmeginiň arasynda deňsizlik emele geldi. Dünýäni gaytadan bölmek üçin göreş dünýä syýasatynyň mazmunyny kesgitleýän iň möhüm faktora öwrülýär.

1882-nji ýylda Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Italiýa ***Üçler bileleşigi*** harby-syýasy bolguny döretdi. Bu Ýewropanyň garşylykly lagerlere bölünmegini başlap berdi we Birinji jahan urşunyň başlanmagynda aýratyn rol oýnady.

1904–1907-nji ýyllarda Germaniýa bloguna garşy Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýanyň arasynda harby-syýasy blok şekillendi we ol ***Antanta*** ady bilen taryha girdi. Birinji jahan urşy şu iki harby-syýasy bileleşikleriň arasynda bolýar.




**ÝATDA SAKLAŇ**

*1882-nji ýylda Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Italiýa* ***Üçler bileleşigi*** *harby-syýasy bloguny döretdi.*

*1904–1907-nji ýyllarda Germaniýa bloguna garşy Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýanyň arasynda harby-syýasy blok şekillendi we ol* ***Antanta*** *ady bilen taryha girdi.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Gawrilo Prinsipiň ele alynmagy*



*Frontdaky esgerler*

## BIRINJI JAHAN URŞUNYŇ BAŞLANMAGY

1914-nji ýylyň 28-nji iýunynda Awstro-Wengriýa tagtynyň mirasgäri şazada Frans-Ferdinand we onuň aýaly Bosniýanyň Saraýewo şäherinde «Mlada Bosna» («Ýaş Bosniýa») guramasynyň agzasy Gawrila Prinsip tarapyndan atyp öldürilýär. Gawrila Prinsipiň bu etmişi erbet netijelere getirdi. Awstro-Wengriýa imperatory Wilgelm II öz hökümetinden muňa jogap edip uruş yglan etmegi talap edýär.

23-nji iýulda Awstro-Wengriýa Serbiýa ultimatum yglan edýär, ony kabul etmek Serbiýa üçin öz garaşsyzlygyny ýitirmek bilen barabady. Şoňa seretmezden, Serbiýa ähli diýen ýaly talaplary kanagatlandyrmaga razy boldy, emma 28-nji iýul güni Awstro-Wengriýa Serbiýa uruş yglan edýär.

Serbiýany anyk heläkçilik ýagdaýyna taşlap goýmak Russiýanyň imperialistik bähbitlerine zyýan ýetirýärdi hem-de slawýan we prawoslaw raýdaşlygy däplerine tersdi. Şu sebäpli Russiýada umumy mobilizasiýa yglan edildi. Germaniýanyň hökümeti Russiýa ultimatum yglan edip, mobilizasiýany togtatmagy talap etdi. Russiýa bu ultimatuma jogap bermeýär. Şondan soň Germaniýa 1-nji awgust güni Russiýa, 3-nji awgust güni bolsa Fransiýaga uruş yglan edýär. 4-nji awgust güni Angliýa Germaniýa uruş yglan edýär.

Uruş umum ýewropa harakterine eýe bolup, tiz Ýewropanyň çäklerinden çykyp gitdi. Ýaponiýa uruşdan Hytaýy boýun egdirmekde, Ýuwaş okeandaky Germaniýanyň koloniýalaryny eýelemekde hem-de Uzak Gündogarda öz hökümdarlygyny yerleşdirmekde peýdalanmakçy bolýar. 1914-nji ýylyň awgustynda Ýaponiýa Germaniýa uruş yglan edýär. Germaniýa we onuň ýaranlary tarapda Türkiýe hem urşa goşulýar. Uruş şeýdip giňelip, Ýewropa, Aziýa we Afrika döwletlerini gurşap alýar we jahan urşuna öwrülýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Birinji jahan urşy özüniň gelip çykyşyna, harakterine we netijelerine görä, Serbiýa, Çernogoriýa, Belgiýa we azatlyk üçin göreşýän başga halklardan daşary, ähli onda gatnaşýan döwletleriň garazly bähbitlerini aňladýan imperialistik, basybalyjylykly häsiýetindäki uruşdy. Şeýle harakter uruş alyp barýan döwletleriň basybalyjylykly maksatlaryndan gelip çykýar.

## 1916 – 1918-nji ýyllardaky uruş hereketleri

1916-njy ýylyň başyna gelip uzaga çeken uruş Germaniýany gutulgysyz heläkçilige getirýänligi anyk bolýar. Ýurduň içersinde-de närazylyk keýpi höküm sürýärdi.

Şeýle ýagdaýda Germaniýa ähli ünsüni ýene Günbatara gönükdirmäge mejbur bolýar. Emma bütin front boýunça umumy operasiýa geçirmek üçin indi Germaniýanyň güýji ýeterli däldi. Şunda nemesler bir möhüm ýerde fransuzlara zarba bermegi karar edýärler.

**DÖREDIJILIKLI IŞ**

*Özbaşdak ýagdaýda edebiýatlardan birinji jahan urşunda gatnaşýan döwletleriň içeri we daşary syýasaty bilen tanşyň. Gatnaşyjy döwletleriň içeri we daşary syýasatynda haýsy taraplara üns gönükdirilen?*

*Pikiriňizi depderiňize kiçi esse ýazyň.*



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýle ýer fransuzlar goragynyň möhüm bogny bolan Werdendi. Werdende uly güýçlerini toplan nemesler 1916-njy ýylyň fewralynda hüjüm başlaýarlar. Werdende Germaniýa 600 müň adamdan aýrylýar, fransuzlar bolsa 360 müň adam ýitirýär. Werdendäki on aýlyk söweş maksatsyz gyrgynyň simwolyna öwrülýär.

## Urşuň soňky basgançagy

**TARYHY SER SALMA**

*Aşakda berlen birinji jahan urşuna degişli möhüm maglumatlar bellik edilen jedwele siz ýene nämeleri goşmaça etmeli diýip hasaplaýarsyňyz?*

1917-nji ýylyň baharynda Antanta döwletleri uruşda öwrülişik etmek üçin netijesiz hereket edýärler. Uruşýan taraplaryň haldan taýanlygy anyk bolupdy. Germaniýada urşa garşy çykyşlar başlanyp gidýär. Russiýanyň armiýasynda 1917-nji ýylyň Fewral rewolýusiýasyndan soň söweşjeňlik peselýär, 1917-nji ýylyň tomsunda Fransiýanyň armiýasynda hem tertipsizlikler başlanýar. Angliýada, Fransiýada, Italiýada işçiler urşa garşy şygarlar bilen çykyp başlaýarlar.

Şeýle ýagdaýda ABŞ-nyň Antanta tarapyndan urşa girmegi uly ähmiýete eýe bolýar. 1918-nji ýylyň ortalaryna gelip ABŞ Ýewropa 1 mln.-a ýakyn goşun girizipdi. Awgust aýynda Antanta döwletleri başlangyjy öz ellerine alyp, ähli frontlarda hüjüme geçýärler. Germaniýa boýun egýär.

1918-nji ýylyň 11-nji noýabr güni Germaniýanyň delegasiýasy Antanta döwletleri tarapyndan goýlan şertlere gol çekýärler we urşuň tamamlanandygy yglan edilýär.

1914–1918-nji ýyllardaky Birinji jahan urşy şeýdip tamamlandy. Germaniýa we onuň ýaranlary ýeňildiler. Ýeňiji döwletler tarapyndan Germaniýanyň talanmagy, ony tiz gark etmek üçin edilen hereketler – bularyň hemmesi olara garşy reaksiýa hökmünde rewanşizmiň peýda bolmagyna getirdi we faşistleriň häkimiýete gelmegini

### BIRINJI JAHAN URŞUNA DEGIŞLI MÖHÜM GÖRKEZIJILER

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Urşuň dowamlylygy** | 4 ýyl 3,5 aý | **Mobilizasiýa edilen güýçleriň sany** | 74 mln-dan artyk |
| **Uruşda gatnaşan döwletler sany** | 38 sany | **Heläk bolanlar sany** | 13,6 mln-dan artyk |
| **Uruşýan döwletleriň ilatynyň umumy sany** | 1,5 mlrd | **Ýaralanan we maýyp bolanlar sany** | 20 mln-dan artyk |

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




aňsatlaşdyrdy. Aslynda millionlarça adamlaryň ölümine sebäp bolan, uly möçberdäki heläkçilige getiren uruşdan hiç bir döwlet diýen ýaly dogry netije çykarmandy. Bu bolsa birinjisinden hem gazaply gumanitar heläkçilige – Ikinji jahan urşuna getirdi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Dünýä bileleşigi üçin uruşlaryň, aýratyn-da, Birinji jahan urşunyň erbet netijelerini özünde suratlandyrýan wideorolik taýýarlaň. Wideorolik tanyşdyrmasyny mugallymyňyz bilen tankydy derňäň.*

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Birinji jahan urşunyň başlanmagyna nähili waka bahana boldy? Urşuň başlanyş sebäpleri nämelerden ybarady?**
2. **Ýaponiýa birinji jahan urşunda nädip gatnaşdy?**
3. **1916–1918-nji ýyllardaky uruş hereketleriniň esasy taraplary nämelerden ybarat?**
4. **Birinji jahan urşy nähili netijeler bilen tamamlandy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



10-njy tema

# Liberal-demokratik ýurtlarda ösüşiň täze meseleleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Liberalizm barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Demokratiýa adalgasy haçan we nirede peýda bolupdyr?
3. Liberal-demokratik ýurtlara haýsy döwletler girýär?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




THE
TREATY OF PEACE
THE ALLIED AND ASSOCIATED POWERS
GERMANY,
TREATY
FRANCE AND GREAT BRITAIN

## ÝADA SALYŇ

*Birinji jahan urşy adamzat üçin nähili netijeler getirdi?*

Birinji jahan urşy dünýäniň syýasy kartasyny özgerdip goýberdi we halkara gatnaşyklara uly täsir etdi. Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Russiýa we Osmanlylar imperiýalary dargap gitdi. Uruş gutarmagy bilen ýeňiji döwletler halkara gatnaşyklarda täze tertibi ornaşdyrmak, uruşdan soňky dünýäniň keşbini kesgitlemek üçin Parիže ýygnandylar.

*Wersal şertnamasy*

## PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Siziňçe, dünýäde parahatçylygy saklamak, halklaryň arasynda özara hyzmatdaşlygy ýola goýmak we howpsyzlyk meseleleri esasy wezipeleri edip kesgitlenen Milletler Ligasynda nähili ygtyýarlyklar berilmelidi?*

Parižiň golaýyndaky Wersal köşgünde **1919-njy ýylyň 18-nji ýanwaryndan 1920-nji ýylyň 21- nji ýanwaryna çenli** 27 döwlet wekilleriniň gatnaşmagynda parahatçylyk konferensiýasy bolup geçdi. Konferensiýa prosesindäki uzak göreşden soň Germaniýa bilen ýaraşyk şertleri ylalaşyldy. **1919-njy ýylyň 28-nji iýunynda** Germaniýa **Wersal parahatçylyk şertnamasyna** gol çekdi. Şertnama görä, Germaniýa Birinji jahan urşy başlanmagy üçin ýeke-täk jogapkär döwlet diýlip yglan edildi.

Uruş liberal-demokratk döwletleriň ýagdaýyny güýçlendirip goýberýär. Urşuň maksady – dünýäni demokratiýa üçin howpsyz etmek, diýip nygtadylar. Şondan ugur alyp, 1919-njy ýylda halkara gurama – Milletler Ligasy döredildi. Dünýäde parahatçylyk üçin göreş, halklaryň arasynda hyzmatdaşlyk we howpsyzlyk meseleleri Milletler Ligasynyň esasy wezipeleri edip bellendi.

Ýeňilen döwletler – Germaniýanyň we Türkiýäniň koloniýalary ýeňiji döwletler tarapyndan bölüp alyndy. Muny kanunylaşdyrmak üçin **Milletler Ligasy**nyň Ustawyna **mandat** düşünjesi girizildi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Uzak Gündogar we Ýuwaş okeandaky çekişmeli meseleleri çözmek we deňizdäki ýaraglary çäklendirmek maksadynda **1921-nji ýyl noýabr –1922-nji ýyl fewral** aýlarynda **Waşington konferensiýasy** bolup geçdi. Waşington konferensiýasynda ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa we Ýaponiýanyň arasynda şertnama gol çekildi.

1919–1923-nji ýyllarda gol çekilen şertnamalar we dünýädäki güýçleriň täze gatnaşygy halkara gatnaşyklaryň Wersal-Waşington ulgamy adyny aldy. **Wersal-Waşington ulgamy** bir topar döwletleriň dünýä hökümdarlygyny dünýä syýasatynda ABŞ-nyň täsiriniň duýarly derejede güýçlenendigini görkezdi.

## AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

Birinji jahan urşundan soň ABŞ liberal-demokratiýa ýurtlarynyň öňdebaryjysyna öwrülýär. Emma amerika gülläp ösmegiň we öňdebaryjy kapitalistik ýurtlaryň ykdysadyýetiniň gowşak tarapy hem bolup, ol hemişe bolýan krizislerde ýüze çykýar. 1929-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda Nýu Ýork fond biržasynda başlanan krizis sebäpli berkarar ösüş döwri gutarýar. ABŞ-nyň yzyndan bütin kapitalistik dünýä, dünýä ykdysady krizisiniň girdabyna düşdi. Bu krizis kapitalistik hojalyk şekliniň XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlary üçin mahsus bolan taryhy ewolýusiýasyny tamamlady.

### ÝATDA SAKLAŇ




*Parižiň golaýyndaky Wersal köşgünde **1919-njy ýylyň 18-nji ýanwaryndan 1920-nji ýylyň 21-nji ýanwaryna çenli** 27 döwlet wekilleriniň gatnaşmagynda parahatçylyk konferensiýasy bolup geçdi.*

***1919-njy ýylyň 28-nji iýunynda** Germaniýa **Wersal parahatçylyk şertnamasynyna** gol çekdi.*

*Uzak Gündogar we Ýuwaş okeandaky çekişmeli meseleleri çözmek we deňizdäki ýaraglary çäklendirmek maksadynda **1921-nji ýyl noýabr – 1922-nji ýyl fewral** aýlarynda **Waşington konferensiýasy** bolup geçdi.*

1930-njy ýyllaryň başyna gelip ABŞ kapitalistik dünýäniň ykrar edilen öňdebaryjysyna, tehniki ösüşiň baýdak göterijisine öwrülýär. Ykdysady krizisiň bütin güýji hem şu ýerde ýüze çykýar. Hojalygyň adaty tipi öz mümkinçiliklerini jemledi. **1929–1932-nji ýyllarda** senagat önümçiliginiň göwrümi **50 %** -e gysgaldy, **13 milliona** ýakyn adam öz iş ýerlerinden mahrum bolýar.

1932-nji ýylyň noýabryndaky saýlawlarda Amerikanyň halkyna täze kurs wada eden Franklin Ruzwelt ýeňiji bolýar. **«Täze kurs»** Amerika kapitalizminiň harakterini

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Pariž parahatçylyk konferensiýasy*

**BILJEK BOLUŇ**

*Wersal-Waşington ulgamy bu ...*

*1929-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda ...*

*1932-nji ýyl noýabr ...*

*1933-nji ýyl ...*

özgerdip goýberdi. Ol ABŞ-nyň ykdysadyýetini täze, beýik döwletlilik ymtylmalary güýjän döwre laýyklandy. Şeýdip 1930-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda ABŞ we onuň yzyndan bütin kapitalistik dünýä ykdysady krizisden çykdy.

Daşary syýasatda ABŞ **1933-nji ýylda** SSSR bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar: 1935–1936-njy ýyllarda neýtralitet barada hem-de uruşýan döwletleri ýarag bilen üpjün etmek we kredit bermegi gadagan etmek barada kanunlar kabul edildi. Ikinji jahan urşy başlanýança **izolýasionizm** ABŞ hökümetiniň ileri tutulýan syýasaty bolýar.

## BEÝIK BRITANIÝA

Birinji jahan urşundaky ýeňiş Beýik Britaniýa üçin örän gymmata düşdi. Uruşdan öň kreditor bolan Beýik Britaniýa ABŞ-dan we öz dominionlaryna bergidar bolyar. Ykdysady ösüş depginleri örän pes bolup, krizis we durgunlyk adaty ýagdaýa öwrülýär. Iş taşlama hereketi ýaýbaňlanýar. Işçiler iş hakynyň artdyrylmagyny we iş gününiň gysgaldylmagyny talap edýärler.

Şeýle şertde başlanan dünýä ykdysady krizisi Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetine onçakly uly täsir etmedi. 1934-nji ýyldan başlap ýurt krizisden çykyp başlady.

1937–1940-njy ýyllarda hökümete konserwatorlar öňdebaryjysy Newill Çemberlen geldi. **1938-nji ýylda Mýunhen ylalaşygy**na gol çekilmegi netijesinde Newill Çemberlen 1940-njy ýylda hökümet başlygy wezipesinden otstawka çykmaga mejbur bolýar. Hökümeti XX asyr Beýik Britaniýanyň taryhynda örän uly rol oýnan syýasatçy Uinston Çerçill dolandyrýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## FRANSIÝA

Birinji jahan urşundaky ýeňiş Fransiýa hem gymmata düşdi. Gönüden-göni uruş hereketleri bolup geçen Fransiýanyň çäginiň üçden bir bölegindäki senagat kärhanalary weýran bolýar. Pul ýiti hümmetsizlenip, Fransiýa ABŞ bergili bolýar.

Emma, başga tarapdan, wersal şertnamasyna görä Fransiýa Elzasy we Lotaringiýany gaýtaryp alýar, Saar kömür basseýnini eýeleýär, Germaniýa koloniýalaryň hasabyna öz imperiýasyny giňeldýär.

Krizis ýyllarynda Fransiýada önümçiligiň ösüş depginleri gowşap, senagat önümçiligi ýiti peselýär. Senagat önümçiligi 1930-njy ýyllaryň ahyrynda hem krizisden öňki derejesine ýetmedi.

Fransiýada häkimiýete saglar gelenden soň faşistik režimiň yerleşdirmegi real howpa öwrülýär. Ýurtda faşistler işjeňleşen bir wagtda hökümet gatyşmazlyk syýasatyny alyp barýar. Bu syýasaty şol döwür fransuz syýasy elitasynyň uly bölegi kabul edýär. Hut şu ýagdaý Üçünji respublikay heläkçilige getiren esasy faktorlardan biri bolýar.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

*Özbaşdak ýagdaýda ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň orta asyrlar taryhy bilen tanşyň. Her bir döwletiň ösüşine mahsus bolan taraplary derňäň. Pikiriňizi kiçi esse ýazyň.*

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Izolýasionizm** – bu başga döwletleriň, milletleriň, halklaryň, etnik toparlaryň işlerine gatyşmazlyk taglymyna esaslanan daşary syýasat ugruny kesgitlemek.

**Mandat** – haýsy-da bolsa bir şahsyň ygtyýarlyklaryny, belli bir zada hukugyny tassyklaýan resminama.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Wersal parahatçylyk şertnamasy Ýewropanyň kartasynda araçäkleriň nähili özgermegine getirdi?**
2. **Wersal-Waşington ulgamy näme sebäpden garaşylandan berk däldi?**
3. **Nýu Ýork fond biržasynda başlanan krizis şu döwrüň ykdysadyýeti üçin nähili netijeler getirdi?**
4. **Bu döwürde ABŞ, Beýik Britaniýa we Fransiýa üçin daşary syýasatda goýberilen iň uly kemçilikler nämelerden ybaratdy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 11-nji tema

# Totalitar we awtoritar diktatura ýurtlary: täze uruş ojagynyň peýda bolmagy

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Awtoritar diktatura ýurtlary nähili sebäplere görä emele gelipdir?
2. Birinji jahan urşuna çenli bolup geçen dünýä ähmiýetli nähili uruşlary bilýärsiňiz?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



XX asyrda modernizasiýa prosesini başlan aglaba ýurtlarda täze tipdäki syýasy režimler şekillendi we olar **totalitarizm** adyny aldy. Bu ýurtlar jemgyýetiň durmuşynda döwletiň roly örän ýokarylygy, jemgyýetde ýeke-täk gymmatlyklar ulgamy, aňyýet, syýasy maksatnamalaryň barlygy bilen tapawutlanýar.

XX asyrda bir-birine garşylykly duran iki totalitar aňyýetler – faşizm we bolşewizm esasynda totalitar döwletler emele geldi.

**ÝADA SALYŇ**

*«Döwlet we hukuk esaslary» predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, döwletleriň dolandyryş şekline görä nähili görnüşlere bölünýändigini anyklaň. Şu düşünjelere kesgitleme beriň.*

## RUSSIÝADA BOLŞEWIKLER HÄKIMIÝETINIŇ ORNAŞDYRYLMAGY



*Oktýabr rewolýusiýasy*

Mälim bolşy ýaly, 1917-nji ýylyň Fewral rewolýusiýasy netijesinde Russiýada monarhiýa agdaryldy, emma bu ýurtda demokratik tertipleriň ýola goýulmagyna getirmedi. **1917-nji ýylyň 7-nji noýabrynda** amala aşyrylan döwlet agdarylyşygy netijesinde sowet häkimiýeti ornaşdyrylýar. W.Leniniň baştutanlygynda bolşewikler hökümeti – Halk komissarlar soweti düzüldi.

1917-nji ýylda bolşewikler häkimiýete gelmegi bilen başlanan **raýatlar urşy** 1922-nji ýyla çenli dowam etdi we onda 1 milliona çenli adam heläk bolýar. Türküstanda sowetlere garşy ýaragly göreş 1930-njy ýyllaryň ortalaryna çenli dowam etdi. Raýatlar urşy döwründe Antanta döwletleriniň Russiýa garşy basybalyjylykly hereketleri hem bolup, ol daşary ýurt interwensiýasy adyny aldy.

1918–1922-nji ýyllarda Sowetler respublikasynda ykdysadyýeti dolandyrmagyň harby usuly – **«harby kommunizm»** syýasaty girizilýär. Ol raýatlar urşunda ýeňiş gazanmak üçin ýurtdaky ähli resurslary mobilizlemegiň adatdan daşary ulgamydy.

Bu döwürde amala aşyrylan möhüm çärelerden biri **1922-nji ýyl 30-njy dekabr** güni öňki Rus imperiýasynyň çäginde Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzy (SSSR) döredilmegi bolýar. Ilki SSSR-e Russiýa, Ukraina, Belorusiýa we Kawkazaňyrsy respublikalary girdiler. 1924-nji ýylda Kawkazaňyrsy we Orta Aziýada milli-araçäklenmek syýasaty geçirilip, milli sowet respublikalary döredildi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1921-nji ýylda sowet döwleti güýçli ykdysady we syýasy krizisi başyndan geçirdi. Ýurdy agyr krizis ýagdaýyndan alyp çykmak üçin bolşewikler «harby kommunizm» syýasatyndan ýüz öwrüp, **täze ykdysady syýasat (TYS)** diýip at alan kursa geçmäge mejbur bolýar. TYS-yň manysy bazar ykdysadyýetini bölekleýin dikeltmek, ony ykdysady bähbitlilik we hojalyk hasaby esasynda ösdürmekden ybaratdy. TYS hususy telekeçiligi höweslendirdi, ykdysadyýetiň ösüşine kömekleşdi. TYS ýurduň halk hojalygyny dikeltmek, önümçiligi we söwdany ýola goýmak, agyr ykdysady ýagdaýdan çykmaga mümkinçilik berdi. Emma TYS SSSR-de bazar gatnaşyklarynyň ornaşdyrylmagyna getirmedi. 1920-nji ýyllaryň ortalaryndan TYS ýuwaş-ýuwaşdan ýatyrlyp başlandy.

*Bolşewikleriň öňdebaryjysy W. Lenin*

## Industrializasiýalaşdyrma

**1920**-nji ýyllaryň ahyry – 1930-njy ýyllaryň başynda amala aşyrylan iň möhüm çäre ýurdy industrializasiýalaşdyrma bolýar. 1928–1932-nji ýyllara niýetlenen birinji bäş ýyllyk sowet planly ykdysadyýet döwrüni başlap berdi. Şu ýyllarda 1500 sany iri senagat kärhanalary guruldy. Birinji bäş ýyllykda sowet agyr senagatynyň esaslary döredildi.

## Kollektiwleşdirilme

**1928**–1933-nji ýyllarda SSSR-de **kollektiwleşdirilme** diýip at alan syýasat amala aşyryldy. Şonuň netijesinde obadaky gurply daýhanlaryň, ýer eýeleriniň ählisi emläginden mahrum edildi, aglabasy kulak hökmünde tussag edildi, sürgün edildi, öldürildi. 1933-nji ýyldaky aýylganç açlykda Ukrainada, Kubanda, Wolgaboýunda, Gazagystanda **7 mln**-dan artyk adam wepat bolýar.



## ÝATDA SAKLAŇ

***1917-nji ýyl*** *Fewral rewolýusiýasy netijesinde Russiýada monarhiýa agdaryldy.*

***1921-nji ýylda*** *sowet döwleti güýçli ykdysady we syýasy krizisi başyndan geçirdi.*

***1928–1933-nji ýyllarda*** *SSSR-de* ***kollektiwleşdirilme*** *diýip at alan syýasat amala aşyryldy.*

1933–1937-nji ýyllary öz içine alan ikinji bäş ýyllykda senagat pajarlap ösüp, SSSR senagat önümçiligi boýunça dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orna çykdy.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Medeni rewolýusiýa

Sowatsyzlygy ýok etmek, täze tipdäki sowet mekdepleri ulgamyny döretmek, halk intelligent kadrlaryny taýýarlamak, bolşewikleriň gözegçiligi astynda we marksistik-leninçilik aňyýet esasynda ylym, edebiýat we sungaty ösdürmek, halkyň durmuş medeniýetini artdyrmak taryhda **«medeni rewolýusiýa»** adyny aldy.

Medeni rewolýusiýa özüniň ähli gapma-garşylyklaryna seretmezden, köp wajyp meseleleri çözdi. Ilatyň durmuş medeniýetini ýokarlandyrmaga tarap möhüm ädim ädildi. Sowatsyzlyga garşy göreşde uly üstünlikler gazanyldy. Bilim ulgamy doly özgerdilip, **1930-njy ýylda** mejbury başlangyç bilim girizildi. Ýöne bu prosesler ilatyň aňyna kommunistik aňyýeti siňdirmek bilen goşup alnyp baryldy.



*Adolf Gitler (sagda)*

## ITALIÝA

Birinji jahan urşundan soňky umumy krizis şertinde Benito Mussolininiň ýolbaşçylygynda **1919-njy ýylda** düzülen faşistler partiýasy işeňňirleşýär. 1921-nji ýylda faşistler hereketi birneme resmileşip, döwletiň syýasy güýjüni berkitmäge gönükdirilen milletçilik wagyz işlerini alyp bardylar. Faşistler 1921-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda 30 orna eýe bolýar. 1922-nji ýylyň oktýabrynda faşistik toparlaryň meşhur Rime ýörişinden soň korol Wiktor Emmanuel III Mussolinini hökümet başlygy edip belleýär.

Italýan faşizmi mahsus diktatura hökmünde totalitar we awtoritar alamatlara eýedi. Onuň aňyýet ulgamy katolisizm, däplilik, sosializm taglymkary bilen ýugrulan milletçilik binýadynyň üstüne gurlupdy.

Faşistler ähli totalitar düzümlere mahsus bolan agressiw syýasaty janlandyrýarlar. 1935 – 1936-njy ýyllarda Efiopiýa, Eritreýa we Somaliniň bir bölegi Italiýanyň koloniýasyna öwrülýär. **1937-nji ýylda** Italiýa Milletler Ligasyndan çykýar we Germaniýa hem-de Ýaponiýa bilen ýaranlyga birleşip, özüniň agressiw syýasatyny dowam etdirýär we Ikinji jahan urşunyň başlanmagynyň sebäpçilerinden birine öwrülýär.



*Faşistik toparlaryň Rime ýörüşi*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## GERMANIÝA

Germaniýa Birinji jahan urşunda şowsuzlyga duçar bolýar. Uruşdan soň bu ýerde rewolýusion wakalar bolup geçýär. **1918-nji ýylyň noýabryna** gelip gozgalaňlar Germaniýanyň ähli iri şäherlerini gurşap alýar. Germaniýa respublika diýlip yglan edilýär. **1919 ýylyň 31-nji iýul** güni Weýmar şäherinde Esaslandyryjy mejlisi rewolýusion köpçüligiň demokratik talaplaryny kanagatlandyrýan konstitusiýany kabul edýär. Germaniýanyň taryhynda täze – **Weýmar respublikasy** döwri başlanýar.

**1919-njy ýylda Anton Dreksler** Germaniýa nasional-sosialistik işçiler partiýasyny esaslandyrýar we şol ýyldan oňa **Adolf Gitler** ýolbaşçylyk edýär. **1923-nji ýylyň noýabrynda** Mýunhen şäherinde **«Piwo pitnesi»** adyny alan pitne turýar. Bu Germaniýada nasistleriň häkimiýete gelmek üçin birinji synanyşygydy. Şowsuzlyk bilen tamamlansa-da, hut «Piwo pitnesi» nasistik partiýany Germaniýa möçberindäki syýasy güýje öwürdi.

### TARYHY SER SALMA

*Şu döwürde Russiýa, Italiýa, Germaniýa we Ýaponiýa näme sebäpden totalitar ýa-da awtoritar diktatura ýurtlaryna öwrüldi?*

*Totalitar ýa-da awtoritar diktatura dolandyryşy ýokarda atlary agzalan döwletler taryhynda nähili netijelere getirdi?*



1932-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda nasional-sosialistler ýeňiji bolup, iň iri parlament partiýasyna öwrülýär. **1933-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda** prezident Paul fon Gindenburg reýhstagda (parlament) iň uly fraksiýa eýe bolan nasional-sosialistleriň ýolbaşçysy – Adolf Gitleri reýhskansler (hökümet başlygy) wezipesine belleýär. Weýmar konstitusiýasy ýatyrylýar, **1934-nji ýylda** prezident Gindenburg aradan çykansoň Gitler Germaniýanyň fýureri (genisi) bolýar.

Gitler totalitar režiminiň esasy maksady «ösüp ýetişmedik jynslary» boýun egdirmek, uly çäkleri eýelemek üçin Germaniýany urşa taýýarlamakdan ybaratdy. 1936–1939-njy ýyllarda Germaniýanyň ykdysadyýeti doly uruş maksatlaryna boýun egdirilýär, harby harajatlar 10 esse artdyrylýar, goşunlaryň sany 1914-nji ýylyň derejesine ýetirilýär, harby-deňiz floty üýtgedilýär. **1935-nji ýylda** umumy harby borçlulyk hakyndaky kanun güýje girýär. Germaniýa uly urşa taýýarlanyp başlaýar. Germaniýanyň totalitar režimine Italiýadaky we Ýaponiýadaky şeýle režimler ýaran bolýar.

## ÝAPONIÝA

XX asyryň başlarynda Ýaponiýa dünýäniň öňdebaryjy döwletlerine tabyn bolup galmadyk, beýlekilerden ýokary derejedäki ykdysady we harby ösüş gazanan Aziýa sebitindäki ýeke-täk döwletdi. Ýaponiýada şekillenen totalitar ulgam özboluşly awtoritar-monarhistik şekle eýedi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

***«Berlin–Rim–Tokio üçburçlugynyň»*** *taryhy bilen tanşyň. Bu ýaranlygyň işini analiz ediň. Pikiriňizi depderiňize kiçi esse ýazyň.*

1920-nji ýyllaryň ortalaryna gelip ýurtda senagat agdarylyşygy bolýar. 1925-nji ýylda senagat önümlerini öndürmek derejesi 1919-njy ýyldaky derejesinden has artýar. Önümçiligi konsentrirlemek prosesi dowam edýär. Agyr senagatda «Mitsubisi» we «Sumitomo» konsernleri öz pozisiýasyny pugtalandyrýar.

1929–1933-nji ýyllardaky dünýä ykdysady krizisi ýapon ykdysadyýetine uly zyýan ýetirýär. Ýaponiýanyň hökümeti krizisden çykmagyň ýoly hökmünde ykdysadyýeti militarizirlemegi we agressiwligi saýlaýar. Ýaponiýa «Ýaş ofiserler» täsiri astynda basybaljyjylyk ýolundan çalt gidýär.

**1936-njy ýylda** Ýaponiýa we Germaniýa **antikomintern pakty** diýlip atlandyrylýan resminama gol çekýärler 1937-nji ýylda oňa Italiýa goşulýar. Şeýdip **«Berlin – Rim – Tokio üçburçlugy»** diýlip atlandyrylýan agressiw döwletler ýaranlygy emele gelýar. Bu ýaranlyk Ikinji jahan urşunyň başlanmagynda esasy rol oýnaýar.

Jahan uruşlary aralygynda totalitar döwletlerde içeri we daşary syýasat, ykdysat we aňyýet ýeke-täk maksada – Birinji jahan urşundaky şowsuzlyk üçin öç almak we dünýäni gaýtadan bölmäge gönükdirilýär. Bu ýene-de aýylganç pajyga – Ikinji jahan urşuna getirdi.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Faşizm** (italýança, fassismo – topar, birleşmek) – totalitar tipdäki syýasy diktatura esaslanan häkimiýetiň syýasy konsepsiýasy.

**Sosializm** (latynça: socialis−sosial) – hususy eýeçiligi jemgyýetçilik eýeçiligine öwürmek arkaly azatlyk we deňlik, bagt we abadançylyk gazanmak mümkin diýip hasaplaýan taglymat.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Russiýa 1917-nji ýylda bolşewikleriň häkimiýete gelmegi bilen başlanan raýatlar urşy nähili tamamlandy?**
2. **Italiýada birinji jahan urşundan soň Benito Mussolininiň baştutanlygyndaky hökümetiň esasy maksady nämelerden ybaratdy?**
3. **Gitleriň totalitar režiminiň esasy maksady Germaniýanyň taryhynyň haýsy taraplarynda anyk görünýär?**
4. **Ýaponiýada şekillenen totalitar ulgamyň özboluşly alamatlary nämelerden ybarat bolupdyr?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**12-nji tema**

# Aziýa ýurtlarynda garaşsyzlyk we ösüş meseleleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Aziýa döwletlerinden haýsylaryny bilýärsiňiz?
2. Garaşsyzlyk düşünjesine kesgitleme beriň.
3. Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň ösüşindäki umumy meseleler nämelerden ybarat bolupdyr?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝADA SALYŇ

*Täze döwürde Günbatar Ýewropada Fransiýa bilen Germaniýanyň gatnaşyklarynyň ýitileşmegine sebäp bolan taraplary tapyň.*

Birinji jahan urşundan soň Aziýanyň Türkiýe, Eýran, Hytaý, Hindistan, Owganystan ýaly ýurtlarynda milli-azatlyk hereketleri güýçlenýär. Şu döwürde Türküstanda hem milli-azatlyk hereketi dowam edýär. Milli güýçleriň ýeňşi Aziýanyň geosyýasy kartasynyň möhüm özgermegine getirýär. Ýarym kolonial ulgamy ýatyryldy, Osmanlylar imperýasy dargap bölünip gidýär, ýerine täze döwletler, şol sanda, Türkiýe Respublikasy peýda bolýar. Ençeme Aziýa ýurtlarynda Günbatar ülňüsindäki **modernizasiýa** prosesleri amala aşyrylýar.

## TÜRKIÝE

Osmanlylar imperiýasy Birinji jahan urşunda şowsuzlyga duçar bolýar. Imperiýanyň çägi okkupasiýa edilýär. Antanta ýurtlary Osmanlylar imperiýasyna degişli ýerleri bölüp almak planyny düzüp başlaýarlar. Imperiýanyň öz çäginden daşardaky ähli ýerleri anneksiýa edilýär we Milletler Ligasynyň mandaty astyna geçýär. Ýurtda garşylyk hereketi başlanýar. Herekete **general Mustafa Kemal paşa** ýolbaşçylyk edýär.

Uzak dowam eden söweşlerden soň **1922-nji ýylyň oktýabrynda** M.Kemalyň goşunlary bütin Türkiýäniň çägini azat edýär. **1922-nji ýylyň 1-nji noýabr** güni Türkiýe Beýik Millet mejlisi monarhiýany ýatyrýar. Soltan Mehmet VI tagtdan agdarylýar we ýurdy terk edýär. **1923-nji ýylda Lozannada** Beýik Britaniýa, Fransiýa we başga ençeme döwletler bilen



*Soltan Mehmet VI Wahideddin*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

M. Kemalyň hökümeti gol çeken jemleýji şertnama görä, Türkiýe öz suwerenitetini we çäginiň bitewiligini saklap galýar.

**1923-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda** Türkiýe respublika diýlip yglan edilýär, M. Kemal respublikanyň prezidenti edip saýlanýar. Ýurtda uzagy gözläp amala aşyrylan özgertmeler başlanýar.



**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziň pikiriňizçe, orta asyrlar döwründe we täze döwürde güýçli bolan Osmanlylar imperiýasynyň Birinji jahan urşunda ýeňilmegine sebäp bolan esasy faktorlar nämelerden ybaratdy?*



*Prezident Mustafa Kemal (Atatürk)*

Özgertmeleriň baş maksady – ýurdy modernizasiýa etmek, diýlip yglan edilýär. Bu Ýewropa siwilizasiýasynyň ähli parahatçylyk söýüji gymmatlyklaryny kabul etmek we olary Türkiýäniň şertine laýyklaşdyrmagy aňladýardy. Mentalitet, ondaky dogmatizm we tümlük özgertmeler üçin esasy böwetdigini M. Kemal gowy düşünýärdi. Şu sebäpli ol özgertmeleri dinden başlaýar.

1924-nji ýyl Beýik Millet mejlisi halyfaty ýatyrmak barada karar kabul edýär. Munuň bilen dünýä musulmanlaryny birleşdirip durýan ulgam ýok edilýär, derwüşlik ordenleri we derwüşhanalar dargadyp goýberilýär. Din we wakf işleri boýunça wezirlik ýatyrylýar, wakf emläkleri nasionalizasiýa edilýär. Şerigat sudlary ýatyrylýar. Medreseler ýapylyp, ähli mekdepler Magaryf ministrliginiň ygtyýaryna geçirilýär. Arap elipbiýinden ýüz öwürilip, latyn elipdiýi girizilýär. Ýewropaça tertip girizilip, Beýik Millet mejlisi M.Kemala resmi taýdan **«Atatürk»** diýen ady berýär.

Atatürkiň daşary syýasatynyň esasy wezipesi Türkiýäniň halkara abraýyny artdyrmaga gönükdirilýär. **1932-nji ýylda** Milletler Ligasyna agza bolan Türkiýe ähli döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýýar.

M. Kemal Germaniýa bilen gatnaşyklara aýratyn üns berýär. Türkiýe daşary söwdasynyň ýarymyndan köprägi Germaniýanyň paýyna dogry gelýär. **1941-nji ýylda** Germaniýa bilen dostluk şertnamasyna gol çekilýär. Türkiýe Ikinji jahan urşunda resmi taýdan bitarap galan bolsa-da, hökümdarlaryň uly bölegi Germaniýa duýgudaşdy.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HYTAÝ



*Sun Ýatseniň prezidentlik wezipesine girişmegi*

**1919-njy ýyl** Pariž konferensiýasynda Hytaý öz talaplary bilen gatnaşýar. Bu talaplar ýapon goşunlary tarapyndan Hytaýyň çägini basyp almagy togtatmak, Hytaýyň suwerenitetini we çäk bitewiligini ykrar etmekden ybaratdy. Günbatar döwletleri muňa razy bolmaýar we Hytaýa resmi taýdan ret jogaby berilýär.

Mundan gazaplanan hytaýly talyplar **1919-njy ýylyň 4-nji maý** güni Pekinde çykyşa başlaýarlar. Talyplar hereketi bütin Hytaýy lerzana getirýär we örän uly oňyn netijelere getirýär.

**1920-nji ýylyň iýulynda** Pekindäki hökümet agdarylyp, häkimiýete Beýik Britaniýa we ABŞ tarapyndan goldanýan **U Peýfu** gelýär. Netijede 1921–1922-nji ýyllarda Waşingtonda bolup geçen konferensiýada ähli gatnaşyjy döwletler Hytaýyň suwerenitetini we çäk bitewiligini kepillendirýär.

Hytaý rewolýusiýasyny guramakda Sun Ýatseniň roly biçak. 1921-nji ýylda ol Hytaý respublikasynyň prezidenti wezipesine saýlanýar. Ýöne ýurduň demirgazygy we daşary ýurt döwletleri Sun Ýatseniň hökümeti ykrar etmeýärler. **1925-nji ýylda** Sun Ýatsen aradan çykansoň ýurdy parahatçylykly ýol bilen birleşdirmek mümkinçiligi ýogalýar.

**TARYHY SER SALMA**

*Şu döwürde Türkiýe we Hytaý döwletlerindäki täze döwlet dolandyryş şeklini saýlamagyň özboluşly meseleleri nämelerden ybarat bolupdyr?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1925-nji ýyl baharda şanhaýly buržuaziýa, talyplar we işçileriň wekilleri ýurtdaky iňlislere garşy herekete başlaýarlar. Bu watanperwerlik hereketi **«30-njy maý hereketi»** adyny aldy we Hytaýyň suwerenitetini dikeltmek şygary astynda geçýär. Rewolýusiýa **Gomindan** partiýasy ýolbaşçylyk edýär. 1928-nji ýylyň ahyryna gelip bütin ýurt resmi taýdan Pekindäki Gomindan hökümetiniň baştutanlygynda birleşýär.

Şu döwürde gomindançylar bilen kommunistleriň arasynda bölüniş ýüze çykýar. Kommunistler Hytaýda sosializm gurmak planyny öňe sürýär. Olar 1931-nji ýylda Hytaý Sowet respublikasyny yglan edýärler we **Mao Szedun** onuň başlygy edip saýlanýar. Gomindan bilen kommunistleriň arasyndaky göreş ýigrimi ýyl dowam eden raýatlar urşuna öwrülýär.

## HINDISTAN



*Hindi öňdebaryjysy Mahatma Gandi*

Iňlisleriň kolonial hökümeti Birinji jahan urşy ýyllarynda Hindistana özüni özi dolandyrmak hukugyny wada edipdi. Emma hind halkynyň umydy amala aşmaýar, Hindistanyň statusy özgermeýär.

Şondan soň 1920–1940-njy ýyllardaky hindileriň zorluksyz köpçülikleýin çykyşlaryny guramakda hindi halkynyň beýik perzendi **Mahatma Gandiniň** roly biçak bolýar. Jahan uruşlary aralygynda Gandi Hindistanyň Milli kongresi (HMK) partiýasynyň ideologik ýolbaşçysyna, halk hereketiniň öňdebaryjysyna öwrülýär. Ol işläp taýýarlan zorluksyz garşylyk görkezmek taktikasy ýaragly çaknyşyklardan, millionlarça adamlary ölümden saklap galýar.

**BILJEK BOLUŇ**

*M. Kemal – ...*

*1941-nji ýylda – ...*

*1921-nji ýylda Hytaýda – ...*

*1931-nji ýyl sentýabrda – ...*

*1932-nji ýyl 1-nji martda – ...*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ



Mahatma Gandi

*Özbaşdak ýagdaýda Mahatma Gandiniň işi bilen tanşyň. Hindistanyň taryhynda Mahatma Gandiniň goşandyny hronologiýa hökmünde getiriň. Pikiriňizi depderiňize «Mahatma Gandiden öwrenmeli bolan gowulyklar» atly kiçi esse ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Okkupasiýa** – harby okkupasiýa (latynça, occupatio – eýelemek, basyp almak), uruş alyp barýan tarapyň ýaragly güýçleriniň duşman çägini wagtlaýyn eýeläp almagy.

**Anneksiýa** – başga bir döwletiň çägini bütinleý ýa-da bölekleýin eýeläp almak ýa-da öz döwletine goşup almak syýasaty.

**Dogmatizm** – belli bir şertde, haýsy-da bolsa bir taglyma ýa-da prinsipe berk ynanyp, ony absolýutlaşdyrma esasynda şekillenen tertip-düzgünleri hökman, ýagdaýy hasaba almazdan köre-körlük bilen ulanmagy ýa-da şoňa synanyşmagy aňladýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Birinji jahan urşy Türkiýe üçin nähili tamamlandy?**
2. **1921–1922-nji ýyllarda Waşingtonda bolup geçen konferensiýa Hytaý üçin nähili mümkinçilikleri berdi?**
3. **Ýaponlaryň 1931-nji ýylyň sentýabrynda başlanan Hytaýa hüjümi nähili tamamlandy?**
4. **Näme sebäpden Hindistanda XX asyrdan başlap gozgalaňlar däl, eýsem hindileriň zorluksyz köpçülikleýin çykyşlaryň ugry seçip alyndy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 13-nji tema

# Afrikada milli galkynyş we garaşsyzlyk taglymlarynyň peýda bolmagy

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Orta asyrlarda Afrikada bar bolan haýsy döwletleri bilýärsiňiz?
2. Afrikanyň ösüşine erbet täsir eden faktorlar nämelerden ybaratdy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝADA SALYŇ

*Demirgazyk, Günorta we Merkezi Afrika düşünjelerine kesgitleme beriň.*

Afrika kontinentini giň manyda iki sebite bölmek mümkin: Demirgazyk we Tropik Afrika. Afrika kontinentiniň demirgazyk bölegi arap-yslam siwilizasiýasynyň bir bölegine öwrülýär. Bu çäk hemişe yakyn Gündogara ymtylyp ýaşaýar we şunuň bilen Afrikanyň galan böleginden tapawutlanýar. Demirgazyk Afrikada Müsür, Alžir, Tunis, Marokko, Liwiýa ýerleşýär.



*Farhat Apbas*

## MÜSÜR

1922-nji ýyl fewralda Beýik Britaniýa öz protektoratyny ýatyryp, Müsüriň doly garaşsyzlygyny ykrar edýär. **1923-nji ýylda** kabul edilen konstitusiýa görä, Müsür monarhiýa diýlip yglan edilýär.

**1941-nji ýylda** Müsüriň çägine Germaniýanyň we Italiýanyň goşunlary girizilýär.

**Alžir, Tunis we Marokko** Fransiýanyň koloniýalary bolup, Birinji jahan urşundan soň hem şu ýagdaý saklanyp galýar. Jahan uruşlary aralygynda Alžirde Farhat Apbas, Tunisde Habib Burgiba, Marokkoda Abdul Kerim baştutanlygynda milli-azatlyk hereketleri güýjeýär. Bu hereketler ýeňiş gazanmadyk bolsa-da, sebitdäki arap halklarynyň milli we syýasy aňynyň ösüşida uly rol oýnady.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda köp musulmanlar Fransiýany goldaýarlar, fransuz armiýasynyň hataryna girýärler. 1940-njy ýylda Fransiýa şowsuzlyga duçar bolandan soň Alžir we Tunis Germaniýanyň we Italiýanyň çig mal bazasyna öwrülýär.

## PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Birinji we ikinji jahan urşy Afrika kontinenti üçin nähili tamamlandy?*

Birinji jahan urşundan soň Italiýa Liwiýa köp müň adamly goşun girizýär. Liwiýa garşylyk hereketi otrýadlary Italiýanyň goşunlaryna garşy göreş alyp barýar. **1931-nji ýylda** garşylyk hereketi basyp ýatyrlyp, onuň ýolbaşçylary öldürilýär. Liwiýa Italiýanyň koloniýasyna öwrülýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TROPIK AFRIKA

XX asyryň başlaryna çenli Afrikanyň taryhy ýewropalylaryň nazarynda diňe gul söwdasy we ykdysady talaňçylyk bilen baglydy. **1926-njy ýylda** Milletler Ligasy tarapyndan kabul edilen **«Gulçulyk barada»** konwensiýada gulçulyk we gul söwdasyna kesgitleme berlip, olar ýazgarylýar.

Birinji jahan urşundan soň Afrikanyň günorta we merkezi böleginde ýerleşýän çäkler Beýik Britaniýa garaşly bolup, onuň koloniýalarynda Afrikanyň umumy ilatynyň ýarysyndan köpi ýaşaýardy.

Afrika kontinentiniň iň uly çägini Fransiýa eýelän bolup, galan çäkleri Belgiýa, Portugaliýa, Ispaniýa we Italiýa özara bölüşipdirler.

**BILJEK BOLUŇ**

*Afrikada metropoliýalar ...*

*Tropik Afrika bu ...*

*1922-nji ýyl fewralda...*

*1931-nji ýylda …*

## Afrikada metropoliýalar syýasatynyň özbolușly taraplary

Birinji jahan urşundan soň Afrikada infragurluş obýektleri: demir ýollar, portlar, aragatnaşyk ulgamy, şonuň ýaly-da, Ýewropa tipindäki administratiw guramalar, mekdepler, keselhanalar gurulýar. Missionerlik işi arkaly hristian dini ýaýraýar. Netijede Afrikany modernizirlemek üçin synanyşyklar peýda bolýar, Afrika däplilik jemgyýetine ýewropaça elementler girip gelýär.

Ykdysadyýetde ilatyň uly bölegi öňki ýaly däplilik usulynda gün geçirmek bilen meşguldy, oba hojalygy ilkidurmuş usulda alnyp barylýardy, bir bölek ilat hünärmentçilik, awçylyk bilen meşgullanyp, üznüksiz zähmet çekmek endigine eýe däldi.

Sosial ugurda köne düzüm (uly maşgala, urug, obşina, taýpa), taýpa we obşina balyklarynyň öňki iýerarhiýasy, uruglar we taýpalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň çylşyrymly ulgamy, gulçulyk saklanyp galýar; ýerli tebibleriň we ruhanylaryň abraýy entegem örän ýokarydy.

Syýasy ugurda hatda täze syýasy institutlar peýda bolan ýerlerde-de olar köne syýasy ulgam esasyna gurulýar, olarda taýpa başlyklary, ruhanylar we şular ýalylar esasy rol oýnapdyr.

Medeni ugurdaky şowlulyklar köplenç diňe daşky görnüşdi: hristiançylyk resmilik üçin kabul edilipdi, ýerli ilatyň aňynda we özüni alyp barşynda öňki ýaly däplilik medeniýeti we ilkidurmuş düşünjeler hökümdarlygynda galýardy.

Şu ýyllarda azatlyk hereketi aňyýetiniň şekillenmeginde, onuň işeňňirleşmeginde **panafrikanizm** uly rol oýnaýar. Birinji Panafrika konferensiýasy 1900-nji ýylda Londonda bolup geçipdi, emma hereket **1919-njy ýylda I Esaslandyryjy kongresde** resmileşdirilýär. Kongres Afrika halklarynyň syýasy işeňňirliginde uly rol oýnaýar.

**1920-nji ýylda** Afrikada birinji syýasy partiýa – Afrika Milli kongresi (AMK) döredilýär. Şondan soň kontinentiň ähli çäklerinde partiýalar we kärdeşler bileleşiklerine meňzeş guramalar peýda bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### ÝATDA SAKLAŇ

*1926-njy ýylda Milletler Ligasy tarapyndan «Gulçulyk barada» konwensiýa kabul edilen.*

***1920-nji ýylda** Afrika Milli kongresi (AMK) döredildi.*

1939-njy ýylda Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen Afrika uruş gatnaşyjylarynyň planlarynda möhüm strategik ähmiýete eýedi. Ýüz müňlerçe afrikalylar Demirgazyk Afrika, Günbatar Ýewropa we başga çäklerdäki uruş hereketlerine gatnaşýarlar. Afrikalylardan düzülen milli harby bölümler soňluk bilen garaşsyzlyk üçin göreşde möhüm rol oýnadylar.

## Jynsparazlyk režiminiň berkarar bolmagy

1910-njy ýylda Beýik Britaniýanyň özüni özi dolandy-ryş dominiony hökmünde Günorta Afrika Soýuzy (GAS) düzülenligi yglan edilýär. Günorta Afrika barada akt GAS-nyň konstitutsiýasy bolýar. Ol ýene 50 ýyl amal edip, dünýädäki iň jynsparaz konstitutsiýa hökmünde taryhda galdy.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

*Özbaşdak ýagdaýda Afrika halklarynyň siwilizasiýalarynyň taryhy bilen tanşyň. Afrika halklary siwilizasiýanyň adamzat jemgyýetiniň ösmegi üçin beren ähli taraplaryny analiz ediň. Pikiriňizi depderiňize kiçi esse ýazyň.*

### TARYHY SER SALMA

*Şu döwürde Afrika halklarynyň ösüşi üçin umumy bolan erbet we oňyn taraplary bellik ediň.*

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **XX asyryň başlary Afrika halklary taryhy barada nämeleri bilýärsiňiz?**
2. **Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Afrika kontinenti esasan haýsy döwletleriň arasynda bölünip alnypdy?**
3. **Ýewropalylaryň girip gelmegi bilen Afrikada modernizirleme tendensiýasynyň peýda bolmagy nämelerde ýüze çykdy?**
4. **Ilat arasynda däplilik galyndylarynyň güýçlüligi ykdysady, jemgyýetçilik we syýasy ugurlarda nähili ýüze çykdy?**
5. **Afrika Milli kongresi we Panafrika hereketi barada aýdyp beriň.**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



14-nji tema

# Ikinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we netijeleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Somma söweşi barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Werden söweşi barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Birinji jahan urşy adamzat üçin nähili tamamlandy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



### ÝADA SALYŇ

*Birinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we bahanasy nämelerden ybaratdy? Urşuň başlanmagyna haýsy waka bahana bolupdy?*

**1933**-nji ýylyň ýanwarynda Germaniýada Adolf Gitleriň baştutanlygyndaky nasional-sosialistik işçi partiýasy häkimiýete geldi. Ol Germaniýanyň Birinji jahan urşundaky şowsuzlygy üçin öç almagy öz öňüne maksat edip goýan uruş partiýasydy.

*Adolf Gitler*

## 1938-nji ýyldaky Mýunhen ylalaşygy

Awstriýa anşlýus (goşup almak) edilenden soň, Germaniýa Çehoslowakiýany basyp almaga taýýarlanyp başlaýar. Çehoslowakiýanyň Sudet welaýatynyň ilatynyň aglabasy nemes milletine degişlidi. Gitler bu welaýatyň Çehoslowakiýadan alyp, Germaniýa berilmegini talap edýär.

Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň basyşy astynda Çehoslowakiýanyň hökümeti Germaniýanyň talabyny ýerine ýetirmäge mejbur bolýar. Çehoslowakiýanyň kapitulýasiýasy **1938-nji ýylyň 29-njy sentýabr** güni Mýunhende resmileşdirilýär.

Mýunhen ylalaşygyndan soň Germaniýa bilen SSSR-iň bähbitleri wagtlaýyn gabat gelýär. Bu **1939-njy ýylyň 23-nji awgustynda** 10 ýyl möhlete özara uruşmazlyk barada sowet-german paktynyň (Molotow Ribbentrop pakty) gol çekilmegine getirdi.




## IKINJI JAHAN URŞUNYŇ BAŞLANMAGY

**1939-njy ýylyň 1-nji sentýabr** güni Germaniýanyň Polşa çozup girmegi bilen Ikinji jahan urşy başlandy we **1945-nji ýylyň 2-nji sentýabryna çenli** dowam etdi. Polşa kömek bermegi wada eden Beýik Britaniýa we Fransiýa 3-nji sentýabr güni Germaniýa uruş yglan edýär.

**1939-njy ýylyň 17-nji sentýabr** güni Polşa sowet goşunlary girizilýär. Germaniýa bilen SSSR-iň arasynda dostluk şertnamasyna gol çekilip, onda Polşa döwleti syýasy kartadan bütinleý öçürlip taşlanýar.

**1939–1940-njy ýyllarda** sowet-fin urşy bolup geçýär. Sowetler örän uly ýitgileriň hasabyna Kareliýany SSSR-iň düzümine goşup alýar. SSSR agressiw döwlet hökmünde

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TARYHY SER SALMA

*Birinji we ikinji jahan uruşlary döwründe adamzat nähili harby ýaraglary oýlap tapdy?*

Milletler Ligasynyň düzüminden çykarylýar. 1940-njy ýylyň martynda SSSR Finlýandiýa bilen ýaraşyk düzmäge mejbur bolýar.

**1940-njy ýylyň sentýabrynda** Germaniýa, Ýaponiýa we Italiýanyň arasynda harby hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk – Üçler paktyna gol çekilýär. Tiz arada bu pakta Wengriýa, Rumyniýa, Slowakiýa we Bolgariýa hem goşulýar.



*Stalingrad söweşi*

## Germaniýanyň SSSR-e çozup girmegi




Germaniýa bilen SSSR-iň arasyndaky uruş gutulgysyz bolup, Günbatar Ýewropanyň eýelenişini Gitler özüniň esasy plany – Gündogara ýörüş üçin taýýarlyk hökmünde garaýardy. Gitler SSSR-i çaltlyk bilen derbi-dagyn etmegi nazarda tutýan «Barbarossa» planyny tassyklaýar.

**1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda** Germaniýa SSSR-e hüjüme başlaýar. Urşuň tötänden başlanmagy, sowet awiasiýasynyň uly böleginiň howa göterilip ýetişmänkä aerodromlarda ýok edilmegine, goşuny dolandyrmak we üpjün etmek ulgamynyň hatardan çykmagyna getirdi.

- Nasistler Germaniýasy (1939-njy ýyl)
- Basyp alnan çäkler (1939-njy ýylyň sentýabryndan 1941-nji ýylyň maýyna çenli)
- Germaniýa soýuzdaşlary (1940-njy ýylda)
- Germaniýanyň hüjümleri
- Germaniýanyň howa hüjümleri
- Sowet goşunlarynyň girip gelmegi
- Germaniýadan ýeňilmedik döwletler
- Neýtral döwletler
- Italiýanyň hüjümleri
- Sowet Soýuzynyň hüjümleri

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Antigitler koalisiýasynyň gurluşy



Germaniýa SSSR-e hüjüm başlamagy bilen Beýik Britaniýanyň premýer ministri U.Çerçill we ABŞ-nyň prezidenti F.D.Ruzwelt sowetler bilen raýdaşlygy yglan edýär.

1941-nji ýylyň awgustynda ABŞ we Beýik Britaniýa uruş wagty we ondan soňky hyzmatdaşlyk prinsipleri barada deklarasiýa – **Atlantik hartiýa** gol çekýärler. Bu resminama gol çeken taraplar çäk we başga baýlyklary eýeläp almaga ymtylmazlyk, halklaryň öz dolandyryş şeklini erkin saýlamak hukugyny hormat etmek, zorluk ýoly bilen suwerenitetinden mahrum edilen halklaryň öz hukuklaryny dikeltmäge ymtylyşyny goldamak borçlaryny öz üstüne aldylar. **1941-nji ýylyň sentýabrynda** SSSR Atlantik hartiýanyň esasy prinsiplerini kabul edýär.

Ýuwaş okeanda Ýaponiýa başlan söweşjeň hereketler ABŞ-nyň urşa goşulyşmagyny we antigitler koalisiýasynyň doly şekillenmegini çaltlandyrdy.

*Krym konfrensiýasy (oturanlar: çepde U. Çerçil, ortada F. D. Ruzwelt, sagda I. W. Stalin)*

## Urşuň gidişi

ABŞ urşa goşulmagy bilen antigitler koalisiýa döwletleri maddy we adam resurslarynda sözsüz üstünlik gazanýar. Ýöne urşuň gidişinde öwrülişik birden bolmady. 1941-nji ýylyň dekabrynda nemes goşunlary Moskwanyň bosagalarynda söweşi elden giderdi we uruşdaky ilkinji möhüm şowsuzlyga duçar boldular. Emma olaryň hüjüm edijilik ruhy entek syn dyrylmandy. **1942-nji ýylyň bahar-güýzünde** nemes goşunlary Wolga derýasyna we Demirgazyk Kawkaza ýetip gelýärler. Afrikada german-italýan goşunlary entegem Müsüre howp salýardy; Malaýýa, Birma, Filippin, Indoneziýa basyp alnypdy, ýapon goşunlary Hindistanyň we Awstraliýanyň bosagasynda durýardy.



1942-nji ýylyň noýabrynda sowet goşunlary Stalingradyň eteginde garşy hüjüme geçip, nemes goşunlarynyň uly toparyny gurşaýar. Gurşawdaky nemes goşunlary 1943-nji ýylyň fewralynda boýun egýär.

1944-nji ýylda Sowet Soýuzy öz çägini doly azat edip, sowet goşunlary Gündogar Ýewropa girip gelýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Şol ýylda 1944-nji ýylda soýuzdaşlar Fransiýanyň demirgazyk-günbataryna goşun düşürip, Fransiýany we Belgiýany azat edýär. Uruş Germaniýanyň öz çäklerine ýetip barýar.

Faşizme garşy göreşde italýan-german goşunlary tarapyndan zabt edilen çäklerdäki milli-watanperwer güýçler – general **de Goll** baştutanlygyndaky «Azat Fransiýa» garşylyk hereketi, **I.B.Tito** baştutanlygyndaky Ýugoslawiýa azatlyk hereketi uly rol oýnaýar.

Uruş ýyllarynda gitlerçilere garşy koalisiýa döwletleriniň özara gatnaşyklaryna degişli esasy meseleler SSSR, ABŞ we Beýik Britaniýa liderleriniň duşuşyklarynda çözülýär. Urşuň dowamynda şeýle duşuşyklar üç gezek – Tähran (1943), Krym (Ýalta), (1945-nji ýyl fewral) we Potsdam şäherlerinde (1945-nji ýyl iýul-awgust) bolup geçýär.

*Reýhstagyň üstüne SSSR baýdagynyň ornaşdyrylmagy*



## Germaniýanyň boýun egmegi

**BILJEK BOLUŇ**

*Wersal parahatçylyk şertnamasy ...*

*Milletler Ligasy …*

1945**-nji ýylyň 16-njy aprelinden 2-nji maýa çenli** Berlin operasiýasy amala aşyrylyp, şu wagtyň içinde Germaniýanyň paýtagty gurşalýar we şturm bilen zabt edilýär. Reýhstagyň üstüne sowetleriň gyzyl baýdagy ornaşdyrylýar.

1945-nji ýylyň 8-nji maý güni Belent Serkerdebaşynyň orunbasary G.K.Žukow Sowet Soýuzynyň adyndan Germaniýanyň sözsüz boýun egenligi hakyndaky akta gol çekýär. **9-njy maý SSSR-de Ýeňiş güni** diýlip yglan edildi.

## Ýaponiýanyň boýun egmegi we Ikkinji jahan urşunyň tamamlanmagy

1945-nji ýylyň 6-njy awgust güni ABŞ Ýaponiýanyň Hirosima we **9-njy awgust** güni Nagasaki şäherlerine atom bombalaryny taşlaýar. Atom bombalary partlamagy netijesinde ýüz müňlerçe parahat ilat heläk bolýar.

1945-nji ýylda Sowet Soýuzy Ýaponiýa garşy urşa girýär. **1945-nji ýylyň 2-nji sentýabr** güni Ýaponiýa sözsüz boýun egmek hakyndaky akta gol çekýär. **Ikkinji jahan urşy** tamamlanýar. Esasyny faşistik Germaniýa, Italiýa we militaristik Ýaponiýa düzýän agressiw döwletler blogy derbi-dagyn edilýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Ikinji jahan urşunyň netijeleri

Ikinji jahan urşy baryp alty ýyl dowam etdi we adamzada örän uly külpetleri getirdi. 110 mln adam urşa mobilizasiýa edildi. 65–70 mln adam heläk boldy, olaryň arasynda harby gullukçylar bilen bile millionlarça parahat ilat hem bardy.



*Nýurnberg sudy*

## Birleşen Milletler Guramasynyň düzülmegi

Mälim bolşy ýaly, Birinji jahan urşundan soň dünýäde parahatçylygy saklamak üçin 1919-njy ýylda düzülen Milletler Ligasy diýilýän halkara gurama Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen öz ähmiýetini ýitirdi. Ikinji jahan urşy ýyllarynda antigitler koalisiýasy ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda **Birleşen Milletler Guramasyny (BMG)** düzmek taglymy peýda boldy. Bu taglym ilki dört döwlet – ABŞ, Beýik Britaniýa, SSSR we Hytaý tarapyndan 1942-nji ýylda gol çekilen deklarasiýada öz beýanyny tapdy. BMG Ustawy **1945-nji ýylda San-Fransisko (ABŞ)** şäherinde tassyklandy we şu ýylyň **24-nji oktýabr**ynda güýje girdi. Bu sene her ýyl BMG güni hökmünde bütin dünýäde bellenýär.

Özbegistan Respublikasy **1992-nji ýylda** BMG-a agza boldy.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Nýurnberg we Tokio sud prosesleri

Germaniýanyň Nýurnberg şäherinde **1945-nji ýylyň noýabryndan 1946-njy ýylyň oktýabryna çenli** faşist ýolbaşçylarynyň üstünden sud prosesi bolup geçýär. Onda Germaniýanyň esasy syýasy we harby ýolbaşçylary jeza höküm edilýärler. Tribunal nasistler partiýasynyň ýolbaşçylaryny, SS, SD ýaly hüjümkär otrýadlary we gestapony (syýasy polisiýa) jenaýatçy guramalar diýip yglan edýär.

**1946-njy ýylyň maýyndan 1948-nji ýylyň noýabryna çenli** Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäherinde ýapon agressiýasyndan ezýet çeken döwletleriň wekillerinden ybarat Halkara harby tribunal uruşda aýyply diýip hasaplanýan ýapon harby jenaýatçylary üstünden höküm çykarýar.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

1. *Ötkir Haşimowyň «Daftar hoshiyasidagi bitiklar (Depderiň gyrasyndaky ýazgylar)» eserinden alnan aşakdaky jümläni okaň we depderiňize tema bilen baglap esse ýazyň: «Uruşda ýeňiji we bagtly patyşa, ýeňiji we bagtly goşun, ýeňiji we bagtly döwlet, ýeňiji we bagtly düzüm bolmagy mümkin. Emma ýeňiji we bagtly adam bolmaýar. Näme üçinki, uruş adamy adam öldürmäge mejbur edýär. Adam öldüren adam bolsa hiç haçan bagtly bolmaýar».*
2. *Özüňiz ýaşaýan çäkdäki (şäher, oba, mähelle) Ikinji jahan urşunyň gatnaşyjylary we hormatly weteranlary barada tanyşdyrma taýýarlaň.*

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Faşistleriň derbi-dagyn edilmeginde dünýä döwletleri nähili orun tutýar?**
2. **Hirosima we Nagasaki şäherlerine taşlanan atom bombalary urşuň soňuna aýgytly täsir etdimi?**
3. **Ikinji jahan urşunyň esasy netijeleri bilen tanşyň. Uruş adamzat üçin nähili netijelere getirdi?**
4. **BMG-nyň düzülmegi uruşdan soň dünýäde parahatçylygy saklamakda nähili rol oýnaýar?**
5. **Nýurnberg we Tokio halkara sudlarynyň kararlary nähili syýasy we taryhy ähmiýete eýe boldy?**
6. **«Ikinji jahan urşunyň netijeleri» temasynda wideorolik taýýarlaň.**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Sowuk uruş

Sowuk uruş – bu açyk harby çaknyşygy gazanmadyk SSSR we ABŞ baştutanlygyndaky iki harby-syýasy blogyň arasyndaky global gapma-garşylyk. «Sowuk uruş» düşünjesi 1945-1947-nji ýyllarda metbugatda peýda boldy we ýuwaş-ýuwaşdan syýasy sözlüge girdi.






## Karib krizisi

«Karib krizisi» 1962-nji ýylyň ikinji ýarymynda SSSR bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklaryň has ýitileşmegi bolup, bu dünýäni ýadro urşy howpunyň öňüne goýdy. Munuň esasy sebäbi ABŞ-nyň Türkiýede ýadro ýaragyny ýerleşdirmegine jogap edip ýadro bombalaryna eýe sowet raketalarynyň Kubanyň çäginde gizlinlikde ýerleşdirilmegidi.

## Berlin diwary

Berlin diwary GDR- nyň Günbatar Berlin bilen berkidilen döwlet araçägi bolup, Sowuk uruş we demir perde simwoly hasaplanýar. 1989-njy ýyla gelip, ol beýikligi 3,6 m we umumy uzynlygy 106 km bolan beton penjiredi. Berlin diwary boýunça 302 sany goraýjy minaralar we başga serhet desgalary gurlan.



*Книга предоставле

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



III
BAP

# 1945–1991-nji ÝYLLARDA ÝEWROPA WE DEMIRGAZYK AMERIKA ÝURTLARY

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**15-nji tema**

# Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Kartadan ähli materikleri tapyň.
2. Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň ösüşi haçandan başlandy?
3. Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DEMOKRATIK ÖZGERTMELER

Ikinji jahan urşundan soň dünýäniň iň ösen böleginde bolup geçen sosial-ykdysady prosesler jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm ugurlarynda döwletiň rolunyň ýene-de artyşyny kesgitläp berdi. Merkezi we Günbatar Ýewropada parlament demokratiýasy dikeldilýär. Günbatar ýurtlarynda demokratiýa diýende liberal demokratiýany düşünip başlaýarlar. Liberal demokratiýa üçin erkin we ýygy-ýygydan geçirilýän saýlawlar, kanunyň ileri tutulmagy, häkimiýetiň bölünmegi, şahsyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň (söz, wyždan, emläk azatlygy ýalylar) kepillendirilenligi häsiýetli tarapa öwrülýär.

**ÝADA SALYŇ**

*Taryh predmetindäki bilimleriňize daýanyp, demokratiýa, faşizm, parlament demokratiýasy düşünjelerine kesgitleme beriň.*

## «Umumy abadançylyk jemgyýeti»

Atlantik okeanyň iki kenary – Günbatar Ýewropada we Demirgazyk Amerikada şekillenen siwilizasiýa XX asyrda **«Ýewroatlantik siwilizasiýa»** adyny aldy. Bu siwilizasiýa üçin liberal-demokratik gymmatlyklar, çalt ykdysady ösüş we halkyň maddy hal-ýagdaýyny üzlüksiz barha ýokarlandyrmak ýaly taraplar mahsusdyr. 1950-nji ýyllarda Günbatar döwletlerindäki ykdysady ilerleme sebäpli Italiýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Şwesiya ýaly ýurtlar öz «ykdysady täsinligini» görkezýär. Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň täsirinde ykdysadyýetde-de uly özgerişler bolup geçýär. Olar Günbatar Ýewropa ýurtlarynda integrasion prosesleri çaltlandyryp goýberýär. 1960-njy ýyllarda Günbataryň ösen ýurtlarynda halkyň abadançylygyny artdyrmagyň döwlet kepilleri ulgamy döredildi, «umumy abadançylyk jemgyýeti»ni gurmak taglymy peýda boldy, ony amala aşyrmak başlandy. Ykdysady ugurdaky üstünlikler abadan döwlet institutlarynyň we mehanizmleriniň üzül-kesil şekillenmegi üçin şert döredýär. Onda merkezi orny ilatyň doly üpjün edilmedik bölegine sosial kömek bermek maksatnamalary, täze iş orunlaryny döretmek, bilim we saglygy goraýyş ugurlaryny goldamak, pensiýa üpjünçiligi eýeleýär. Döwlet ähli sosial gatlaklar üçin deň mümkinçilikleri döretmegiň kepiline öwrülýär. Döwlet syýasaty ilatyň giň gatlagynyň ýaşaýyş derejesini ýokary üpjün edilen gatlagyň ýaşaýyş derejesine ýetirmäge gönükdi-

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*«Umumy abadançylyk jemgyýeti»niň esasy ugurlary nämelerden ybaratdy?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZ



rilýär. Bu syýasatyň maksady durmuşyň iň möhüm ugurlarynda sosial ýeňillikler döretmek arkaly jemgyýetde sosial deňsizligi aradan aýyrmakdan ybaratdy. Bu ýeňilliklere çagaly maşgalalara berilýän tölegler ulgamyny, mugt mekdep tälimi, garrylyk pensiýasy üpjünçiligi, işsizlik we zähmet çekmek ukybyny ýitirenligi üçin berilýän tölegler ulgamy we başga şular ýalylar girýär.

Bu prinsipler Daniýada, Norwegiýada we Şwesiýada amala aşyrylan sosializmiň skandinaw ýada «şwed modeli» diýlip atlandyrylýan şeklinde öz şöhlelenmesini tapypdyr.



**ÝATDA SAKLAŇ**

*1960-njy ýyllarda Günbatar ýurtlarynda liberal demokratiýanyň kämilleşme prosesi dowam etdi.*

*1968-nji ýylyň maýynda Pariž talyplarynyň çykyşlary başlandy.*

## 1960-njy ýyllarda radikalizme garşy reformizm

XX asyryň 60-njy ýyllarynda bütin Günbatar ýurtlaryny gurşap alan batly özgerişler döwri, şol bir wagtda liberal reformizmiň iň güýjän pellesi hökmünde taryha girdi. Bu döwürde amala aşyrylan iri sosial özgerişler Günbatar jemgyýetiniň keşbini özgerdip goýberýär, onuň täze basgançaga geçmegi üçin mümkinçilik döretdi we şol bir wagtda liberalizmiň mümkinçilikleriniň araçägini hem kesgitläp berdi, radikalizm işeňňirleşdi.

ABŞ-da 1960-njy ýyllarda raýatlar deňligi üçin hereket gozgalaňly geçýär. Köp ýerlerde gara tenlileriň gozgalaňlary bolup geçýär. Muňa garşy örän sagçylar hereketiniň wekilleri syýasy öldürmeleri amala aşyryp başlaýarlar.

Fransiýada döwletiň berk tertibe salmak syýasaty fransuz jemgyýetiniň ençeme gatlaklaryny närazy edýär. 1968-nji ýylyň maýynda Pariž talyplarynyň çykyşlary başlanýar. Prezidentiň başlangyjy bilen geçirilen referendumda saýlawçylaryň aglabasy prezidenti goldamaýar. Şarl de Goll otstawka çykmaga mejbur bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



### TARYHY SER SALMA

*Şu döwürde Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlaryndan haýsylary aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr?*

XX asyryň dowamynda Günbatar ýurtlarynda emele gelen ösüş modeli 1970-nji ýyllaryň ahyry – 1980-nji ýyllaryň başlaryna gelip öz mümkinçiliklerini tamamlapdy we çuňňur krizise duçar bolýar.

## 1980-nji ýyllardaky neokonserwatiw rewolýusiýa

### BILJEK BOLUŇ

*«Ýewroatlantik siwilizasiýa» – ...*

*«Şwed modeli» – ...*

*1970-nji ýyllarda –...*

*1980-nji ýylda ABŞ-da –...*

*1980 – 1990-njy ýyllarda –...*

*Beýik Britaniýada M. Tetçer ...*

Bu krizisiň alamaty 1970–1980-nji ýyllardaky neokonserwatiw tolkun bolup, ol ençeme ýurtlarda çepçi syýasy partiýalar we hereketler öz ýagdaýyny ýitirmegi, sagçy we konserwatiw güýçler ýeňiş gazanmagy bilen häsiýetlenýär.

1980-nji ýylda ABŞ-da R. Reýganyň häkimiýete gelmegi we 1984-nji ýylda gaýtadan saýlanmagy, Beýik Britaniýada M. Tetçeriň baştutanlygyndaky konserwatiw partiýanyň yzlyyzyna üç gezek ýeňiş gazanmagy, GFR, Italiýa we Fransiýadaky ýerli we parlament saýlawlarynyň netijeleri bu güýçler tarapyndan öňe sürlen şygarlar ilatyň giň gatlagynyň islegleri bilen äheňdeşdigini görkezdi.

## Ylmy-tehniki rewolýusiýa

Ylmy-tehniki ösüşiň birinji tolkuny (1940-njy ýyllaryň ahyry – 1950-nji ýyllar) ykdysady infragurluşa rewolýuson özgerişleri getirdi. Ykdysadyýetiň awiakosmiki, radiotelewizion we robot tehnikasy ýaly täze, ylymtalap, zähmet we energiýa sarpyny tygşytlaýan ugurlar peýda bolýar. Bütin uruşdan soňky döwür üçin mahsus bolan tarap harby-senagat kompleksiniň giň möçberde ösüşidi.

1970-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ylmy-tehniki ösüşiň informasion ýa-da telekommunikasion rewolýusiýa adyny alan täze tolkuny başlanmagy bilen häzirki zaman kapitalizmi öz ösüşiniň täze basgançagyna girdi. Bu rewolýusiýa netijesinde elek-

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tron-hasaplaýjy maşynlardan peýdalanmak, ykdysadyýeti maglumatlaşdyrmak we kompýuterleşdirmek önümçiligi robotlaşdyrmak, integral shemalary ornaşdyrmak ýaly umuman täze ugurlar ýola goýuldy.

## Industrial siwilizasiýadan postindustrial siwilizasiýa tarap

«**Postindustrial jemgyýet»** adalgasyny 1962-nji ýylda amerikan sosiology **Daniel Bell** dolanyşyga girizipdir. Postindustrial jemgyýetiň özboluşly tarapy – bu jemgyýetde senagat däl-de, eýsem maglumat taýýarlamagyň ileri tutulmagydyr. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda D. Belliň postindustrial jemgyýet baradaky taglymy adamlara utopiýa bolup duýulýardy. Bu günki günde bolsa bu taglymyň köp taraplary amalyýetde öz tassyklamasyny tapdy. Şu sebäpli taryhy ösüşiň häzirki basgançagyny industrial jemgyýetden postindustrial jemgyýete geçiş döwri diýip atlandyrmak mümkin.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

*Kartadan peýdalanyp, Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň çäklerini gözden geçiriň. Depderiňize her bir döwletiň ösüşi bilen bagly maglumatlary ýazyp, olaryň her birini düşündiriň.*

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Referendum bu** – raýatlaryň döwlet, welaýat ýa-da ýerli derejedäki iň möhüm meseleler boýunça ses bermek arkaly öz pikirini gönüden-göni beýan etmekdir.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **XX asyryň 60-njy ýyllarynda bütin Günbatar ýurtlaryny gurşap alan prosesler we olaryň netijeleri barada aýdyp beriň.**
2. **1980-nji ýylda ABŞ-da R. Reýganyň häkimiýete gelmegi, Beýik Britaniýada M. Tetçeriň baştutanlygyndaky konserwatiw partiýanyň yzly-yzyna saýlawlardaky ýeňşi nämeleri aňladýardy?**
3. **Näme sebäpden bu döwürde Ýewropada integrasiýa proseslerine zerurlyk peýda boldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**16-njy tema**

# SSSR-iň we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. SSSR haçan döredilipdi?
2. Kartadan Gündogar Ýewropa ýurtlaryny tapyň.
3. XX asyryň başlarynda SSSR-iň we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary hökmünde nämeleri esas edip alypdyrlar?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## URUŞDAN SOŇKY DIKELDIŞ WE ÖSÜŞ

**ÝADA SALYŇ**

*SSSR döredilende ilki onuň düzümine haýsy döwletler giripdi?*

Gündogar Ýewropanyň köp döwletleri – Polşa, Çehoslowakiýa, Wengriýa dünýäniň syýasy kartasynda Birinji jahan urşundan soň peýda bolupdy.

Faşizm derbi-dagyn edilenden soň Gündogar Ýewropa ýurtlarynda häkimýete antifaşist ýönelişdäki partiýalaryň (kommunistler, sosial-demokratlar, liberallar we başgalar) wekillerinden ybarat koalision hökümetler geldi.

«Sowuk uruş» başlanmagy bilen Gündogar Ýewropa ýurtlarynda hem syýasy güýçleriň garşylykly taraplara, Günbataryň we sowetleriň tarapdarlaryna bölünmegi ýüze çykýar. Sowet goşunlary ýerleşýän aglaba ýurtlarda 1947–1948-nji ýyllarda kommunistik garaýyşlary goldamadyklar hökümetleri» düzüminden çykarylýar.

SSSR-iň ykdysady we harby-syýasy güýjüniň artmagy bilen sowet ýolbaşçylarynda dünýäniň bir bölegine ýolbaşçylyk etmek dawasy hem barha artýar. SSSR sosializm gurmak ýoluna giren ýurtlara maliýe we harby kömek berýär.




**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Sowet ýolbaşçylary umumjahan sosialistik rewolýusiýasy taglymy arkaly nämeleri nazarda tutupdyr?*

## SOWUK URUŞ

Ýewropanyň iki topara – bir tarapdan, ABŞ bilen ysnyşma ýoluny saýlan döwletler, ikinji tarapdan, SSSR bilen hyzmatdaşlygy saýlan döwletlere bölünmegi 1980-nji ýyllaryň ahyryna çenli dowam etdi we gapma-garşylyk dünýä taryhynda «sowuk uruş» adyny alypdyr. Ýewropa kontinentinde, soň bolsa bütin dünýä möçberinde bir-birine garşylykly duran harby-syýasy we ykdysady bileleşikler ulgamy şekillendi. Dünýäniň iň uly döwletleri – ABŞ we SSSR bu bileleşikleriň merkezlerine öwrüldiler.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## ÝATDA SAKLAŇ

*1947-nji ýylda ABŞ tarapyndan «Marşall plany» hödürlenildi.*

*Gündogar Ýewropa ýurtlarynda 1947 – 1948-nji ýyllarda kommunistik garaýyşlary goldamadyklar hökümetleriň düzüminden çykaryldy.*

*1949-njy ýylda Özara Ykdysady Kömek Geňeşi (ÖYKG) düzüldi.*

**1949-njy ýylyň ýanwarda** SSSR-iň we Gündogar Ýewropanyň köp döwletleri ykdysady ýaranlyk – **Özara Ykdysady Kömek Geňeşini (ÖYKG)** düzülendigini yglan edýärler. Öz nobatynda Günbatar döwletleri **1949-njy ýylyň aprelinde Demirgazyk Atlantika şertnamasy Guramasy (NATO)** diýlip atlandyrylýan harby-syýasy guramany düzdüler.

NATO jogap hökmünde 1955-nji ýylda SSSR bilen oňa «dost» bolan Gündogar Ýewropa döwletleriniň harby-syýasy ýaranlygy – **Warşawa şertnamasy** Guramasy düzüldi.

## TARYHY SER SALMA

*Şu döwürde döredilen Demirgazyk Atlantika şertnamasy Guramasy (NATO) we Warşawa şertnamasy Guramalary nähili maksatda we haýsy döwletleriň gatnaşmagynda düzülendigini esaslandyryň.*

Ýewropada iki sany bir-birine gapma-garşy bolan harby-syýasy bileleşikleriň emele gelmegi diňe bir SSSR bilen ABŞ-nyň arasynda dünýä hökümdarlyk etmek üçin göreşiň netijesi däldi. Olardan her biri özüniň milli-döwlet bähbitleri bilen bagly garaýyşlaryndan gelip çykýan dünýä modelini, halklaryň özbolușly ýaşaýyş tärini goraýardy.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kommunistik jemgyýet taglymy, totalitar sosializm we onuň krizisi

1956-njy ýylyň fewralynda bolup geçen **SSKP-niň** XX gurultaýynda **N. Hruşow** nutk sözläp, Stalin döwründe şekillenen şahsyýete sygynmagy ýazgarýar. XX gurultaý sowet totalitar döwletiniň häsiýetini aňmak prosesini, halkara kommunistik hereketiň krizisini başlap berdi we sosialistik ulgam ahyryna çenli şu krizisden çykyp bilmedi.

Gaýtadan gurmak ýyllarynda girip gelen äşgärlik sowet jemgyýetiniň päklenmegi ýolunda uly ädim boldy, ol stalinizmiň, sowet totalitar düzüminiň jenaýatlaryny açyp taşlady. Indi köpçülik, aýratynam, öňdebaryjy intelligentler bu düzümi özgertmek däl, ondan ýüz öwürmelidigine aň ýetirdiler.

SSSR-däki kommunistik aňyýetiň krizisi bütin dünýäde kommunistik hereketiň, umuman çep aňyýetiň krizisine getirdi.

### DÖREDIJILIKLI IŞ

*Kartadan peýdalanyp, Demirgazyk Atlantika şertnamasy Guramasy (NATO) we Warşawa şertnamasy Guramasynyň düzümindäki çäkleri gözden geçiriň. Depderiňize her bir döwletiň gurama näme mynasybetli kabul edilendigini ýazyň we düşündiriň.*

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Kommunist** – bu kommunizmiň prinsiplerini goldaýan ýa-da oňa ynanýan adam.

**Liberal** – 1) azat pikirli şahs, ylalaşykçy; 2) liberalizmiň tarapdary.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Gündogar Ýewropa döwletleri – Polşa, Çehoslowakiýa, Wengriýa dünýäniň syýasy kartasynda haýsy wakadan soň peýda boldy?**
2. **Näme sebäpden «sowuk uruş» prosesinde harby-tehniki faktorlar iň uly rol oýnap başlady?**
3. **Integrirleme prosesinde nähili ykdysady we harby bloklar düzüldi?**
4. **Totalitar režimiň aňyýetiniň möhüm düzüm böleklerini sanaň.**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



17-nji tema

# ABŞ: täze lideriň peýda bolmagy

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Orta asyrlarda Amerikada bar bolan haýsy döwletleri bilýärsiňiz?
2. Birinji jahan urşy ABŞ üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
3. Waşington konferensiýasy ABŞ üçin nämeleri berdi?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ABŞ-nyň prezidenti Duaýt Eýzenhauer

# URUŞDAN SOŇKY AMERIKAN JEMGYÝETI

**ÝADA SALYŇ**

*Demirgazyk we Latyn Amerikasy düşünjelerine kesgitleme beriň.*

Ikinji jahan urşundan soňky döwürde ABŞ-nyň ösmegi üçin örän amatly şert emele geldi. Uruş ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösüşini höweslendirdi. Uruş ýyllarynda ABŞ-nyň öndüriji güýçleri iki esse, eksportyň göwrümi bäş esse, ähli milli önümiň göwrümi iki esse ösdi. Şeýlelikde ABŞ ykdysady we harby taýdan dünýäniň iň güýçli döwletine, täze liderine öwrülýär.

## Eýzenhauer we Kennedi: respublikaçylar we demokratlar




1952-nji ýyldaky saýlawlarda respublikaçylar partiýasy ýeňiş gazanýar. Ikinji jahan urşunyň gahrymany, uruş ýyllarda ABŞ-nyň Ýewropadaky goşunlarynyň komandiri bolan general **Duaýt Eýzenhauer** ABŞ-nyň prezidenti edip saýlanýar.

Syýasatda realist bolan D. Eýzenhauer ykdysadyýet we jemgyýetçilik ugurda döwletiň roluny artdyrmalydygyny örän tiz aňýar. Şu sebäpli onuň administrasiýasy içki syýasatda, aýratynam, sosial ugurda, özünden öňki demokratlaryň syýasatyny biraz özgertmeler bilen dowam etdirýär.

1960-njy ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda demokratik partiýanyň dalaşgäri **Jon Kennedi**niň ýeňşi uruşdan soňky Amerikanyň taryhynda möhüm waka bolýar. J. Kennedi özüniň «täze sepgitler» diýen ady alan reformizm maksatnamasyny öňe sürýär, ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak we sosial kömek maksatnamasyny giňeltmek boýunça örän köp çäreler işläp taýýarlaýar we amala aşyrýar.

Ýurtda örän uly abraýa eýe bolan J. Kennedi ikinji gezek prezident bolmak üçin saýlawyň öň ýanyndaky wagyz çagynda 1963-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Tehas ştatynyň Dallas şäherinde hakyna tutma ganhor tarapyndan öldürilýär. Bu pajyga Amerikanyň özünde-de, bütin dünýäde hem döwürdeşlerini çuňňur gynandyrýar.

1964-nji ýyldaky saýlawlarda **Lindon Jonson** ýeňiş gazanyp ABŞ-nyň prezidenti wezipesini eýeleýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝATDA SAKLAŇ

*1952-nji ýyldaky saýlawlarda 1932-nji ýyldan bäri oppozisiýada bolup gelýän respublikaçylar partiýasy ýeňiş gazanýar.*

*1960-njy ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda demokratik partiýanyň dalaşgäri – Jon Kennediniň ýeňşi uruşdan soňky Amerikanyň taryhynda möhüm waka bolýar.*

*J. Kennedi ikinji gezek prezident bolmak üçin saýlawyň öň ýanyndaky wagyz çagynda 1963-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Tehas ştatynyň Dallas şäherinde hakynatutma ganhor tarapyndan öldürilýär.*



Jon Kennedi

## Raýat hukuklary üçin hereketler, täzelenýän jemgyýet




XX asyryň 60-njy ýyllarda ABŞ-da köpçülikleýin närazylyk hereketleri güýjeýär. Sosial we syýasy durmuşyň dürli ugurlarynda saklanyp galan afroamerikanlaryň kemsidilmegi garşylyk hereketiniň esasy sebäbidi.

1960-njy ýyllaryň ortalarynda afroamerikanlar hereketinde öz hukuklary üçin göreşde güýç ulanmak ýoluny saýlan topar peýda bolýar. **1968-nji ýylyň 4-nji aprel** güni Memfis şäherinde raýatlar deňligi üçin hereketi iň meşhur ýolbaşçysy, afroamerikan parahatçylygy boýunça Nobel baýragynyň laureaty, ruhany **Martin Lýuter King** öldürilýär. Ruhanynyň jaýlama dessury afroamerikan ilata görä zorluklara garşy närazylyk çykyşyna öwrülýär.

## TARYHY SER SALMA



Martin Lýuter King

*1968-nji ýyl 4-aprel güni Memfis şäherinde raýatlar tiňligi üçin hereketiň iň meşhur ýolbaşçysy, gara tenli amerikan, parahatçylyk boýunça Nobel baýragynyň laureaty, ruhany Martin Lýuter Kingiň öldürilmegi ABŞ-da nähili meseleler bardygyny görkezdi?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## R. Niksondan R. Reýgana çenli: ösüş depginleri

Şeýle çylşyrymly şertde 1968-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda respublikaçylar partiýasynyň wekili **Riçard Nikson** ABŞ prezidenti edip saýlanýar. R.Niksonyň häkimiýete gelmegi bilen Amerikanyň taryhynda respublikaçylaryň nobatdaky döwri başlanýar.

R. Niksona esli agyr miras galýar. Ykdysady krizisi aradan aýyrmak maksadynda 1971-nji ýylda R. Nikson **«täze ykdysady syýasat»** yglan edýär.



*ABŞ prezidenti Ronald Reýgan*


*ABŞ dik uçarlarynyň Wýetnama girişi*

**BILJEK BOLUŇ**

*1960-njy ýýyldaky prezidentlik saýlawlarynda ...*

*1968-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda ...*

*1974-nji ýylyň awgustynda ...*

*1979-njy ýyldaky ...*

*«Reýganomika» – ...*

**1976-njy ýylda** Amerikanyň Birleşen Ştatlary öz garaşsyzlygynyň 200 ýyllygyny giň dabaralar bilen belledi. Şu ýylda geçirilen prezidentlik saýlawlarynda demokratik partiýanyň wekili **Jimmi Karter** ýeňiş gazanýar.

J.Karter dört ýyllyk prezidentlik döwründe özüniň saýlawyň öň ýanyndaky wadalaryndan aglabasyny ýerine ýetirip bilmeýär. Onuň prezidentlik döwrüni, aýratynam alyp baran daşary syýasatyny, şowly diýip bolmaýar. Birleşen Ştatlaryň syýasatyna we abraýyna berlen örän uly zarbalardan biri 1979-njy ýyldaky Eýran rewolýusiýasy bolýar.

Umuman, 1980-nji ýyllara ABŞ esli pes içki we daşary pozisiýa bilen girip geldi. Ýurduň maliýe ýagdaýy erbetleşýär. Ykdysadyýetde uzak möhletli erbet tendensiýalar peýda bolýar. 1980-nji ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda respublikaçylar partiýasyndan dalaşgär **Ronald Reýgan** ýeňiş gazanýar. Demokratlar senatda we wekiller palatasynda hem köp orunlaryndan mahrum bolýarlar.

R. Reýganyň durmuş-ykdysady maksatnamasy **«reýganomika»** ady bilen meşhur bolýar. R. Reýgan ykdysady pese gaçmany ýeňip geçmegi, işsizligi gysgaltmagy, girdeji salgydyny peseltmegi, ykdysady ösüş depginlerini çaltlandyrmagy,

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



iş taşlaýyş hereketini jylawlamagy başarýar. Bular we başga ençeme faktorlar onuň 1984-nji ýylda ikinji möhlete prezident edip saýlanmagyny üpjün edýär. R. Reýganyň syýasatyndaky oňyn özgerişler 1988-nji ýyldaky nobatdaky prezidentlik saýlawlarynda respublikaçylar partiýasynyň wekili – **Jorj Buşa** prezidentlik saýlawlarynda ýeňiş gazanmaga mümkinçilik berdi.

## Daşary syýasat

Ikinji jahan urşundan soň güýçli döwlete öwrülen ABŞ SSSR bilen «sowuk urşa» girişip, Koreýa, Wýetnam we Aziýanyň başga çäklerinde ençeme uruşlary alyp bardy.

1973-nji ýylda Wýetnamdaky uruş bes edildi. 1975–1976-njy ýyllarda Wýetnam üzül-kesil ýeke-täk döwlete birleşdi. Bu Günorta-Gündogar Aziýada Amerika agressiýasynyň doly şowsuzlyga duçar bolandygyny aňladýardy.

1980-nji ýyllaryň ahyry – 1990-njy ýyllaryň başyna gelip halkara meýdanda ýüze çykan «sowuk urşuň» tamamlanmagy, ýadro urşy howpunyň kemelmegi, SSSR-iň we sosialistik arkalaşygyň dargamagy, Germaniýanyň birleşmegi ýaly wakalar ABŞ-nyň syýasatyna möhüm täsir etdi. ABŞ dünýäniň ýeke-täk we umumy ykrar edilen öňdebaryjysyna öwrülýär. Bu ABŞ-ny bir polýusly dünýä tertibini döretmek mümkinligi hakyndaky gaty täsirli, emma gapma-garşylykly pikire getirdi.

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Parahatçylyk boýunça Nobel baýragy** dünýäde parahatçylygy ornaşdyrmaga uly goşant goşan şahslara ýa-da guramalara berilýär.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşundan soňky döwürde ABŞ-nyň ösüşinde nähili prosesler boldy?**
2. **ABŞ-nyň içki syýasatynda her bir prezidentiň haýsy taraplaryna ykrar etmeli?**
3. **ABŞ-nyň daşary syýasatynda kynçylyk bolan çäkleriň şol döwürdäki taryhy barada nämeleri bilýärsiňiz?**
4. **1980-nji ýyllaryň ahyry – 1990-njy ýyllaryň başyna gelip halkara meýdanda bolup geçen iň esasy wakalar nämelerden ybaratdy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**18-nji tema**

# Beýik Britaniýa we Fransiýa: Täze Ýewropany gurmak

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Birinji jahan urşy Beýik Britaniýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
2. Birinji jahan urşy Fransiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
3. Günbatar Ýewropanyň ýene haýsy döwletlerini bilýärsiňiz?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BRITANIÝA

Beýik Britaniýa Ikinji jahan urşuny ýeňiji we antigitler koalisiýasynyň öňdebaryjy döwletlerinden biri hökmünde tamamlaýar. Uruşda faşizmiň üstünden gazanylan ýeňiş iňlis halkynda oňyn özgerişlere, Britan imperiýasynyň halklarynda bolsa milli azatlyga bolan güýçli ymtylyşy oýarýar.

Uruşdan soňky ilkinji ýyllarda Beýik Britaniýanyň ykdysadyýeti esli çalt depginler bilen ösdi, 1947-nji ýylyň ahyryna gelip senagat önümçiliginiň göwrümi uruşdan öňki derejesine ýetdi. Britaniýanyň ykdysadyýetiniň ösüşine leýboristler hökümeti tarapyndan amala aşyrylan döwlet sektorynyň esli giňelmegi hem täsir edýär.

1950-nji ýyllar Beýik Britaniýanyň ykdysatiniň haýal, emma durnukly ösüş döwri bolýar. On ýylyň içinde Beýik Britaniýanyň dünýä önümçiligindäki paýy esli peselýär we şoňa seretmezden, ol kapitalistik dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orny eýeledi.

### ÝADA SALYŇ

*Geografiýa predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, günbatar we gündogar Ýewropa düşünjelerine kesgitleme beriň.*



*Premýer ministr U. Çerçill 1945-nji ýylyň 8-nji maý güni Uaýtholldaky halka ýüzlenmesi*

### PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Siziňçe, täze döwrüň başlaryndan tä şu günki güne çenli Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegine sebäp bolan faktorlar nämelerden ybaratdy?*

1960-njy ýyllarda hem Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetiniň ösüş depginleri pes bolmagynda galýar. Kapitalistik dünýä önümçiliginde Beýik Britaniýanyň ülüşi hem barha kemelýär. 1960-njy ýyllaryň ortalaryna gelip GFR ony ikinji orundan, 1970-nji ýyllaryň başyna gelip bolsa Ýaponiýa üçünji orundan hem sürüp çykarýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Beýik Britaniýanyň premýer ministri Margaret Tetçer

## M. Tetçer döwri, «Tetçerizm»

1979-njy ýylda bolup geçen saýlawlarda konserwatorlar ynamly ýeňiş gazanýarlar. Hökümeti Beýik Britaniýanyň taryhynda birinji gezek aýal adam – Margaret Tetçer dolandyrdy.

Konserwatorlaryň durmuş-ykdysady kursunyň esaslary 1970-nji ýyllaryň ortalarynda kabul edilen «Dogry çemeleşme» atly maksatnama resminamasynda öz şöhlelenmesini tapypdy. M. Tetçer häkimiýete gelmegi bilen bu maksatnama amala aşyrylyp başlanýar. Neokonserwatizmiň britan werianty bolan «Tetçerizm» durmuş-ykdysady strategiýasy özüniň esasy maksady edip işsizligi däl, inflýasiýa garşy göreşi saýlaýar.

Bu döwürde iňlis jemgyýetiniň ýene bir meselesi – onda imperiýaçylyk aňynyň galyndylarynyň çuňňur kök atanlygy we durnuklylygy aýan bolýar. Bu 1982-nji ýylda Günorta Atlantikadaky uzak Folklend (Malwin) adalarynda bolan wakalar mynasybetli aýratynam aýdyň göze ilýär.

1982-nji ýylda Argentina çekişmeli Folklend adalarynyň üstünden öz suwerenitetini ornaşdyrmaga synanyşýar. Britan hökümeti Folklend adalaryna harby eskadra ugratmagy karar edýär. BMG-nyň meseläni parahatçylykly ýol bilen çözmäge çalyşmagyna seretmezden, konserwatorlar hökümetde berk pozisiýany eýeleýär. 1982-nji ýylda iňlis goşunlary Folklend adalaryna hüjüm edip başlaýar. Iýunda adadaky Argentinanyň goşunlary boýun egýär.

1980-nji ýyllaryň ahyry – 1990-njy ýyllaryň başlarynda Beýik Britaniýanyň sosial we ykdysady durmuşynda aladaly alamatlar peýda bolup, inflýasiýa derejesi barha artýar. Soňky on ýylda birinji gezek M. Tetçeriň hökümetiniň abraýy hem peselýär. 1990-njy ýyldaky saýlawlarda M. Tetçeriň ýerine Jon Meýjor premýer ministr saýlanýar we şunuň bilen «Tetçerizm» döwri tamamlanýar.



### ÝATDA SAKLAŇ

*Beýik Britaniýada 1947-nji ýylyň ahyryna gelip senagat önümçiliginiň göwrümi uruşdan öňki derejesine ýetdi.*

*1960-njy ýyllarda hem Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetiniň ösüş depginleri pes bolmagynda galýar.*

*1979-njy ýylda bolup geçen saýlawlarda Beýik Britaniýanyň taryhynda birinji gezek hökümete aýal adam – konserwatorlar wekili Margaret Tetçer gelýär.*

*1990-njy ýyldaky saýlawlarda M. Tetçeriň ýerine Jon Meýjor ýeňiş gazanyp, premýer ministrlige saýlanýar.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# FRANSIÝA

Ikinji jahan urşy Fransiýa iňňän uly zyýan ýetirdi. Uruşdaky ýitgiler, açlyk we keseller sebäpli Fransiýanyň ilaty 3 mln adama kemeldi.

1945-nji ýylda Esaslandyryjy mejlisine saýlawlar geçirilýär. Onda çeg güýçler ýeňiş gazanýar. Kaolision hökümeti Fransiýanyň azatlygy üçin göreşiň ýolbaşçysy general Şarl de Goll dolandyrýar. Ol ýurtda uly abraýa eýedi.

Emma Esaslandyryjy mejlisinde köp orunlary eýelän kommunistler we sosialistler hökümeti işine gözegçilik edip başlanda, de Goll Esaslandyryjy mejlisiň kararyna boýun egmek islemeýär. Esaslandyryjy mejlisiň agzalarynyň aglabasy tarapyndan goldaw tapmadyk de Goll otstawka çykýar.

## Dördünji respublika

Şu ýylda kabul edilen täze konstitusiýa görä, iki palataly parlament umumy ses bermek ýoly bilen 5 ýyllyk möhlete saýlanýan, prezidenti bolsa 7 ýyllyk möhlete parlament saýlaýan bolýar. De Gol ýene prezident edip saýlanýar. Konstitusiýa güýje girmegi bilen Fransiýanyň taryhynda **Dördünji respublika** döwri başlanyp, ol on iki ýyl, 1958-nji ýyla çenli dowam edýär. Kaolisiýanyň arasyndaky agzalalyklar sebäpli şu ýylda de Goll Milli mejlisi dargadyp goýberýär. Dördünji respublika ýok edilýär.



*Fransiýanyň prezidenti Şarl de Goll*

## Bäşinji respublika

1958-nji ýylyň sentýabrynda geçirilen referendumda fransuzlar täze konstitusiýany makullaýarlar. Konstitusiýa görä Fransiýa prezidentlik respublikasyna öwrülýär.

1958-nji ýylyň dekabrynda Şarl de Goll ýene Fransiýanyň prezidenti edip saýlanýar. Fransiýanyň beýikligini dikeltmäge ymtylan de Goll güýçli ykdysadyýete we garaşsyz daşary syýasata eýe bolan döwleti şekillendirmäge girişýär.

1958–1960-njy ýyllarda Fransiýanyň Afrikadaky koloniýalary öz garaşsyzlygyny yglan edýär. Çylşyrymly çekişmelerden soň 1962-nji ýylda Alžire-de özbaşdaklyk berilýär. Şunuň bilen Fransuz kolonial imperiýasy doly ýatyrylýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**BILJEK BOLUŇ**

*1945-nji ýylda ...*

*1950-nji ýyllarda …*

*1962-nji ýylda …*

*1958-nji ýylyň dekabrynda Şarl de Goll ...*

*1960-njy ýylda...*

Köp üstünliklere seretmezden, 1960-njy ýyllaryň ahyrynda Bäşinji respublikada krizis başlanýar. Döwletiň berk tertibe salmak syýasaty fransuz jemgyýetiniň köp gatlaklarynyň närazlygyna sebäp bolýar. 1968-nji ýylyň maýynda Pariž talyplarynyň çykyşlary başlanýar. Çykyş rehimsiz basyp ýatyrylandan soň zähmetkeşleriň iş taşlaýyşlary başlanýar.

Azatlyk üçin göreşiň uly tejribesine eýe bolan fransuzlar, öz erkini hemme zatdan üstün goýýan millet hatda de Goll ýaly milli gahrymanyň hem abraýynyň öňünde boýun egmek islemedi, onuň awtoritar režimini başga kabul edip bilmedi. De Goll otstawka çykmaga mejbur bolýar.

## 1970–1980-nji ýyllarda Fransiýa



*Fransiýanyň prezidenti Fransua Mitteran*

1969-njy ýylyň ahyrynda bolup geçen saýlawlarda Jorj Pompidu respublikanyň prezidenti edip saýlanýar. Özgertmeler başlanyp, sosial-ykdysady durmuşyň döwlet tarapyndan tertibe salnyşy ýumşaýar, sosial kanunçylyk kämilleşýär. ABŞ bilen gatnaşyklar gowulanýar.

1981-nji ýyldaky saýlawlarda birinji gezek sosialist Fransua Mitteran Fransiýanyň prezidenti edip saýlanýar. Şol ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda-da Sosialistik partiýa uly üstünlik gazanýar.

Çep güýçleriň hyzmatdaşlykdaky maksatnamasynda köp fransuzlaryň bähbidine laýyk bolan möhüm sosial-ykdysady özgertmeler nazarda tutulýar. Banklaryň we senagatyň ençeme ugurlary nasionalizasiýa edilýär. Emma inflýasiýany togtatmagyň alajy bolmaýar. Jemgyýetde närazylyk güýçlenýär.

1986-njy ýyldaky parlament saýlawlarynda sag güýçler ýeňiji bolýar. Olaryň wekili Jak Şirak premýer ministr wezipesini eýeleýär. F. Mitteran prezident bolýar. Sosial-ykdysady meseleler bilen hökümet meşgullanýar.

1988-nji ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda ýene F. Mitteran ýeňiş gazanýar. Şol ýylda nobatdan daşary geçirilen parlament saýlawlarynda sosialistler ýeňiji bolup, ýene bäş ýyl häkimiýeti dolandyrýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

*1958-nji ýyl dekabrda Şarl de Goll Fransiýanyň prezidenti edip saýlanýar. Fransiýanyň beýikligini dikeltmäge ymtylan de Goll güýçli ykdysadyýete we garaşsyz daşary syýasata eýe bolan döwleti şekillendirmäge girişýrär.*

*«Fransiýa De Goll hökümeti ýyllarynda» temasynda esse ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Nasionalizasiýa** – käbir şahslaryň ýa-da birleşmeleriň hususy emlägi bolan ýer, önümçilik kärhanalary, transport, banklary döwlet ýa-da jemgyýet emlägine öwürmek, döwletiň ygtyýaryna almak.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşy Beýik Britaniýa üçin nähili tamamlandy?**
2. **Beýik Britaniýada M. Tetçer hem-de J. Meýjor premýer ministr bolan ýyllar ykdysadyýetde nähili düýpli özgerişler bolup geçdi?**
3. **Dördünji we Bäşinji respublika döwründe Fransiýanyň içki we daşary syýasatynyň iň möhüm wakalary nämelerden ybarat?**

## ÖZBAŞDAK IŞ

*Tekstden peýdalanyp, Beýik Britaniýada Margaret Tetçer, Jon Meýjor, Fransiýada De Goll, Jorj Pompidu, Fransua Mitteranlar döwründäki içki we daşary syýasatdaky möhüm wakalary jedwel (ýyl, amala aşyrylan işler) görnüşinde depderiňize ýazyň.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 19-njy tema

# Germaniýa we Italiýa: şowsuzlykdan soňky ösüş

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Birinji jahan urşy Germaniýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
2. Birinji jahan urşy Italiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
3. Germaniýa we Italiýa ikinji jahan urşundan nähili netije çykardy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## GERMANIÝA

Faşizm we ol başlan Ikinji jahan urşy başga halklar ýaly nemes halkyna hem örän uly betbagtçylyk getirdi. Germaniýa garaşsyz döwlet hökmünde bolman galýar. Germaniýa nasional-sosializminiň harby-syýasy taýdan berbat bolmagy ýurdy demokratik gaýtadan gurmak gelejegini açyp berdi. Emma munuň üçin gaty amatsyz şert emele gelipdi.



*Germaniýanyň okkupasiýa zonalara bölünmegi*

### ÝADA SALYŇ

*Kapitalizm düşünjesine kesgitleme beriň.*

1945-nji ýylda Germaniýa orta çägi gözgyny keşpdedi. Ýaranlar awiatsiýasy Gamburg, Drezden, Berlin, Mýunhen, Nýurnberg we Rur kömür-metallurgiýa basseýni şäherlerini weýran edipdi. Bomba partlamalaryndan emele gelen hendekler, Gitler döwründe gurlan uly awtomagistrallar ýurduň gündogar bölegini eýelän Gyzyl Armiýa soldatlaryndan çykalga gözleýän millionlarça aç gaçaklar, Polşa, Çehoslowakiýa, Ýugoslawiýa we Wengriýadan kowlan nemesler bilen hyryn-dykyndy. Gazetleriň sahypalarynda çap edilen suratlar ýagdaýy öz-özünden düşündirýärdi: «Weýrançylyklaryň arasynda iýmit gözläp ýören, diňe kak süňkleri galan çagalar, bir bölek kömür üçin köçede ýumruklaşýan adamlar, açyk howada uklaýan nemes ýesirleri...» Dek düýn dünýä hökümdarlygy dawa edýän milletiň bu günki ýagdaýy örän gözgynydy. Germaniýa uruşda 6,5 mln ilatyndan, uruşdan öňki öz çäginiň bir böleginden aýryldy. Ilatyň ýaşaýyş derejesi ýiti peseldi. Ýeňiji döwletler Germaniýanyň çägini dört okkupasiýa zolaklaryna bölüp, ýurtda häkimiýeti öz ellerine alýarlar. Berlin hem dört sektora bölünýär. Ýaranlar ähli diýen ýaly nemes edaralaryny we guramalaryny dargadyp goýberýär.

### PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ

*Siziň pikiriňizçe, Germaniýa näme sebäpden şeýle aýylganç ýagdaýa düşdi?*

Germaniýany parahatçylyk söýüji, demokratik döwlete öwürmek üçin şert döredilýär. Nasistler tarapyndan

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Konrad Adenauer

gadagan edilen partiýalar we jemgyýetçilik guramalary dikeldilýär. Birinji bolup gizlin ýagdaýdan kommunistler we sosial-demokratlar çykýar. Olar birleşip, Germaniýanyň birleşen sosialistik partýasyny (GBSP) döredýär. 1949-njy ýylda Parlament geňeşi «Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Esasy kanuny»ny tassyklaýar. Ol GFR-ny demokratik, federatiw döwlet diýip yglan edýär, raýatlaryň esasy hukuk we syýasy azatlyklaryny kesgitläp berdi. 1949-njy ýylyň 7-nji sentýabrynda täze döwlet – GFR döredilenligini yglan edýär. Bonn şäheri täze döwletiň paýtagty bolýar. Germaniýanyň görnükli syýasy işgäri Konrad Adenauer kansler edip saýlanýar. 1949-njy ýylyň 7-nji oktýabrynda SSSR-iň okkupasiýa zolagy bolan gündogar böleginde Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR) döredilýär. Gündogar Berlin bu döwletiň paýtagty diýlip yglan edilýär. Germaniýanyň iki döwlete bölünmegi 40 ýyl dowam etdi. GFR-da 1950–1960-njy ýyllarda ykdysadyýet çalt depginler bilen ösdi. Harby harajatlaryň kemligi, «Marşallyň plany» boýunça Amerikanyň uly kömegi, arzan daşary ýurt işçi güýjünden önümli peýdalanmak, täze enjamlaryň getirilmegi ýurduň hojalygynyň çalt depginler bilen dikeldilmegini üpjün edýär. GFR ähli karzlaryndan gutulyp, esli uly altyn-walýuta gorlaryny hem döredýär. Kansler K. Adenauer 1955-nji ýyla çenli bir wagtyň özünde Daşary işler ministri wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Halkara bileleşige gaýtmak umuman aňsat iş däldi — german faşizminden jebir çeken ýurtlaryň ýat bolup gitmesini ýeňip geçmeli bolýar. Bu GFR-nyň birinji kansleriniň diplomatiýasynyň esasy maksadyna öwrülýär. Ýurt ýuwaş-ýuwaşdan okkupasiýadan gutulyp,



## TARYHY SER SALMA

*1949-njy ýylda Parlament geňeşi Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Esasy kanunyny tassyklady.*

*1949-njy ýylyň 7-nji sentýabrynda täze döwlet – GFR döredildi.*

*1949-njy ýalaň 7-nji oktýabrynda SSSR-iň okkupasiýa zonasy bolan gündogar bölekde Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR) döredildi.*

*1955-nji ýylda GFR NATO agzy boldy.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garaşsyzlygy ele alyp başlaýar. GFR Ýewropa kömür we polat birleşmesi — Ýewropa Soýuzynyň (bileleşiginiň) tymsalynyň esaslandyryjysy bolýar. K. Adenauer Pariže, Rime, Londona we Waşingtona ilkinji resmi saparlary amala aşyrýar. Lýuksemburgda ol repatriatsion tölegler baradaky şertnama gol çekýär. Onda ýaş Ysraýyl döwletine kömek bermek nazarda tutulypdy. GFR syýasy bäsdeşleriniň gapma-garşylyklaryny ýeňip, 1955-nji ýylda NATO agza bolýar, Pariž ähtnamasynyň güýje girmegi sebäpli GFR üçin okkupasiýa döwri gutarýar. Gündogardan göçüp gelýänleriň akymy we kansler K. Adenaueriň amatly ykdysady syýasaty «Marşallyň plany» çäginde alan saldamly maliýe «derman» bilen goşulyp, GFR 1955-nji ýylyň özünde misli görülmedik ösüş gazanmaga getirýär. Germaniýa iň gysga taryhy möhletde urşuň ýaralaryny düzetmegi başarýar. 1963-nji ýylda K. Adenauer otstawka çykýar. HDI başlygy wezipesini eýelän L. Erhard «nemes ykdysady täsinliginiň ykrar edilen atasydy». Lýudwig Erhard hökümeti jemgyýeti jebisleşdirýär, ýurtdaky öňdebaryjy buržuaz partiýasynyň abraýyny artdyrýar, ykdysadyýeti berkidýär, gündogar syýasat meselesini çözmegiň makul ýoluny tapýar, diýip oýlapdy.

Derwaýys meseleleri çözmek maksadynda L. Erhard öz maksatnamasyny yglan edýär. Onda azat, açyk, dinamiki, demokratik jemgyýet gurmak taglymy öňe sürülýär. Emma şeýle jemgyýeti gurmak üçin Germaniýada amatly şert ýokdy, ýurt ykdysady durgunlyk döwrüne girip başlapdy. L. Erhard ýurtdaky ykdysady we syýasy ýagdaýy berkararlaşdyrmagyň hötdesinden gelip bilmeýär, daşary döwletler ilatyny GFR-iň parahatçylyk söýüjidigine-de ynandyryp bilmeýr. Şunuň ýaly syýasy we sosial meselelere seretmezden, bütin 1960–1970-nji ýyllaryň ykdysadyýetiň çalt depginlerde ösüş döwri bolup, ol «nemes ykdysady täsinligi» adyny aldy.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Mälim bolşy ýaly, Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR) hem-de Germaniýa Federatiw Respublikasy (GFR) bir wagtda diýen ýaly döredildi. Emma ösüş GDR we GFR-da dürlüçedi. Siziňçe, munuň asyl sebäpleri nämelerden ybarat bolupdyr? Synpda kiçi toparlara bölünip, IKT-dan peýdalanmak bilen tanyşdyrma taýýarlaň we pikiriňizi esaslandyryň.*



1980-nji ýyllaryň başynda syýasy güýçlerde özgeriş bolýar. 1982-nji ýylda hristian-demokrat Gelmut Kol GFR kansleri edip saýlanýar. Onuň döwründe salgytlar gysgaldylýar we döwlet harajatlary tertibe salynýar, döwletiň biznese gatyşmasy kemeldilip, bäsdeşligi höweslendirmek boýunça çäreler amala aşyrylýar. 1989-njy ýylda GDR-da rewolýusiýa başlanyp gidýär. Demokratiýa dikeldilýär, iki döwleti bölüp duran, «sowuk uruş» simwoly bolan Berlin diwary bozup taşlanýar. Germaniýanyň iki bölegini birleşdirmek boýunça gepleşikler üstünlikli tamamlanýar. 1990-njy ýylyň 3-nji oktýabr güni ýeke-täk Germaniýa döwleti döredilenligi yglan edilýär. 1990-njy ýylda bolup geçen nobatdan daşary saýlawlarda ýene G. Koluň baştutanlygyndaky koalisiýa ýeňiş gazanýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## ITALIÝA

Faşistik režim we Ikinji jahan urşy italýan halkyna örän uly betbagtçylyklary getirdi. 330 müňe ýakyn adam heläk boldy, dereksiz ýogaldy, ýüz müňlerçe adamlar ýaradar boldy, millionlarça adamlar öýsüz galdy. Italiýa özüniň ähli koloniýalaryndan aýrylýar, ýurda iňlis-amerikan goşunlary girizilýär. Urşuň gutarmagy bilen milli birlik hökümeti möhüm özgertmeleri amala aşyrýar: pomeşikleriň sürülmeýän ýerleri daýhanlara berilýär; iş hakynyň nyrhlara garap ösüşi kesgitläp goýulýar; kärdeşler bileleşiginiň rugsadyny almazdan işçileri işden boşatmak gadagan edilýär; kärhanalarda işçi geňeşleri düzülýär.

## De Gasperi hökümetiniň syýasaty. «Italiýanyň ykdysady täsinligi»



*Alçide de Gasperi*

1947-nji ýylda ABŞ-nyň gatyşmagy bilen Italiýada kommunistler hökümetden çykarylýar. De Gasperiniň hökümeti Günbataryň öňdebaryjy döwletleri bilen ýaran bolmaga ymtylýar. Italiýa «Marşallyň plany»na goşulýar, 1949-njy ýylda NATO agza bolup, onuň çägine ABŞ-nyň harby bazalary ýerleşdirilýär. Italiýa hökümeti Ýewropa integrasiýasy taglymyny işjeň durmuşa geçirýärdi. 1957-nji ýylda Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygyny (ÝYH) düzmek barada Rim şertnamasyna gol çekilýär. «Marşallyň plany»na goşulmak, esasy kapitaly täzelemek, daşary ýurt hususy maýa goýumlarynyň akyp gelmegi, içki bazarda talabyň ýokarylygy, hususy monopoliýalara döwlet kömegi, önümçilige ylmy-tehniki täzelikleri ornaşdyrmak – bularyň hemmesi çalt ykdysady ösüşe kömekleşýär. 1950-nji ýyllaryň ahyrynda hakyky ykdysady rewolýusiýa başlanyp, bu «Italiýanyň ykdysady täsinligi» adyny alýar. «Ykdysady täsinlik» netijelerinden esasan ýurduň senagaty ösen demirgazyk bölegi peýda görýär. Günorta garyplyk we sosial ýitilik çeşmesi bolmagynda galýar. Şonuň ýaly-da, çalt ösüş prosesi hem uzak dowam etmedi.

1974-nji ýylda Italiýada çuňňur ykdysady krizis başlanýar. Önümçiligiň ösüşi doly diýen ýaly togtaýar, işsizler sany köpelýär, daşary söwdada defitsit artýar. Nyrhlar ýokarlanýar. Bularyň ählisi aýratynam ilatyň az girdejili bölegi üçin örän agyr bolýar. Daşary syýasatda «Atlantik kurs» dowam etdirilýär, emma sosialistik ýurtlar, şol sanda, SSSR bilen hem ykdysady hyzmatdaşlyk ösýär. 1964-nji ýylda Italiýanyň «Fiat» awtomobil firmasy bilen SSSR-de awtomobil zawodyny gurmak barada şertnama gol çekilýär.

1970-nji ýyllaryň ahyry – 1980-nji ýyllaryň başlary Italiýada syýasy krizisiň çuňlaşmagy, terrorizm tolkunynyň güýçlenmegi, 1980-nji ýyldaky ýer titremesinde hökümetiň işsizligi bilen häsiýetlenýär. 1980-nji ýyllara gelip koalision hökümet şekillenýär. Ýöne ol durnukly däldi we hökümetiň tiz-tiz çalyşmagy Italiýanyň özboluşly däbine öwrülipdi. Italiýada döwlet institutlarynyň çuňňur krizisi, şonuň ýaly-da, mafiýa ulgamlarynyň işi bilen hem baglydy. Döwlet ulgamyndaky korrupsiýalaşan elementler bilen goşulyp giden mafiýa Italiýada uly güýje öwrülýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Italiýanyň hökümetindäki syýasy hadysalary özbaşdak derňäň. «Mafiýa – raýatlyk jemgyýetiniň duşmany» temasynda esse ýazyň.*

*Awtomobil öndürmek prosesi. Italiýa, «FIAT» zawody, 1950-nji ýyl*

Mafiýa ilata wehim döredip, ony gorkuzýar, talaňçylyk we ganhorlyk edýärdi, pul talap edip, hemişelik pul töläp duran baýlaryň eldegrilmesizligini üpjün edýärdi. Kim mafiýa bilen ylalaşmasa hemişelik yzarlanýardy, öldürilýärdi. 1980–1990-njy ýyllaryň başlary Italiýada mafiýa garşy göreş döwri bolýar.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Koalisiýa** (lat. coalitio — ýaranlyk) – 1) halkara gatnaşyklaryň käbir meselelerinde bilelikde iş alyp barmak barada özara ylalaşan döwletleriň syýasy ýa-da harby bileleşigi; 2) birnäçe syýasy partiýalaryň şu partiýalaryň wekillerinden ybarat hökümet düzmek hakyndaky ylalaşygy.

**Defisit** – 1. girdejä garanda harajatlaryň barha artmagy; ýetmezçilik; 2. ýetişmezlik, kemçilik, gytçylyk; 3. ýeterli mukdarda bolmadyk, kem duşýan; az, gyt; seýrek.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşy Germaniýa we Italiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?**
2. **Kansler K. Adenaueriň işi barada nämeleri bilýärsiňiz?**
3. **Italiýada De Gasperiniň hökümetiniň syýasatynyň özboluşly taraplary nämelerden ybarat bolupdyr?**
4. **1970-nji ýyllaryň ahyry – 1980-nji ýyllaryň başlary Italiýada syýasy krizisiň çuňlaşmagynyň asyl sebäpleri nämelerden ybarat bolupdyr?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



20-nji tema

# Günbatar Ýewropada ykdysady we syýasy integrasiýa prosesleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Birinji jahan urşundan soň Ýewropanyň kartasynda nähili döwletler peýda boldy?
2. Birinji jahan urşundan soň Günbatar Ýewropada ykdysady ösüş nähili faktorlara sebäp boldy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ikinji jahan urşundan soň Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ykdysadyýetiň ýokary netijeliligini üpjün etmek, sosial meseleleri çözmek mümkinçiligini artdyrmagyň iň möhüm faktory hökmünde integrasion prosesleri ösdürmäge üns berilýär. Uruşdan soň Ýewropa ýurtlarynyň daşary söwda dolanyşygynyň ösüş depginleri ykdysady ösüş depginlerinden iki esse ýokary bolýar. Köp Günbatar Ýewropa ýurtlarynda sarp edişiň 50 göterimden artygyny başga çäklerde öndürilen önümler tutýardy.

**ÝADA SALYŇ**

*Birinji jahan urşundan soň düzülen Wersal-Waşington ulgamy näme üçin berk däldi?*

## GÜNBATAR ÝEWROPADA INTEGRASIÝA BASGANÇAKLARY

*Tarifler we söwda boýunça baş ylalaşyk*

*Dünýä söwda guramasy*

*Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy*

Günbatar Ýewropada integrasiýa prosesi birnäçe basgançaklarda geçdi. 1947-nji ýylda dünýäniň ösen döwletleriniň arasynda Tarifler we söwda boýunça baş ylalaşyga (TSBY) gol çekilýär. Bu ylalaşykda gatnaşan döwletler import önümlerine paç salgydyny kemeltmegiň hasabyna daşary söwdany ösdürmäge kömekleşmegi borç edinýärler. Netijede TSBY çägi giňelip, Günbatar Ýewropanyň araçäklerinden çykýar we oňa ençeme Aziýa, Afrika hem-de Latyn Amerikasy ýurtlary hem goşuldy. Soňluk bilen TSBY Dünýä söwda guramasyna (DSG) öwrülýär. Bu günki günde Özbegistan Respublikasy hem şu gurama agza bolmaga çalyşýar. 1948-nji ýylda Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (ÝYHG) düzülýär. Iki bu guramanyň wezipesi uruşdan soňky ykdysadyýeti dikeltmek üçin «Marşallyň plany» boýunça ABŞ Ýewropa ýurtlaryna eden kömegi paýlamakdan ybaratdy. Soň ol köptaraplaýyn ykdysady maglumatlary çalyşmak, ykdysady maslahatlar forumyna öwrülýär. 1960-njy ýylda ÝYHG Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (ÝHÖG) diýlip gaýtadan atlandyrylýar we onuň işine Ýaponiýa hem goşulýar.

Ykdysady, sosial, medeni, ylmy, hukuk we dolandyryş ugurlarynda Günbatar Ýewropanyň özara ylalaşylan syýasat ýöretmäge kömekleşýän ilkinji gurama Ýewropa

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Fransiýanyň daşary işler ministri Robert Şuman*

### PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*1. Birinji we ikinji jahan uruşlary Ýewropa üçin nähili tamamlandy?*

*2. «Marşallyň plany» boýunça ABŞ-nyň Ýewropa ýurtlaryna eden kömegini paýlamakdan gözlenen maksady nämedi?*

**Geňeşi (ÝG)** diýlip atlandyrylýar. 1949-njy ýylda Belgiýa, Daniýa, Fransiýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar korollygy, Norwegiýa, Şwesiýa we Beýik Britaniýa ÝG-nyň Esaslandyryjylary bolýar. Fransiýanyň daşary işler ministri Robert Şuman Germaniýanyň we Fransiýanyň ykdysady mümkinçiliklerini birleşdirmek başlangyjy bilen çykdy. Bu başlangyç ösdürilip, 1951-nji ýylda GFR, Fransiýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar korollygy, Lýuksemburgyň gatnaşmagynda **Ýewropa kömür we polat birleşmesi (ÝKPB)** atly gurama düzülýär. Onda kömür we metallurgiýa senagatynyň umumy bazaryny döretmek, özara paç salgytlaryny ýatyrmak, ÝKPB-a girmeýän döwletleriň önümlerine görä ýeke-täk paç syýasatyny ýöretmek nazarda tutulýar. ÝKPB-niň baş dolandyryşy guramanyň gatnaşyjylary bolan ýurtlaryň çäginde kanun güýjüne eýe bolan ylalaşyk çäginde kararlary kabul etmek hukugyna eýe bolýar. 1957-nji ýylda ÝKPB agzalary tarapyndan Ýewropa birligini ösdürmek üçin örän möhüm bolan iki resminama: **Ýewropa ykdysady bileleşigini (ÝYB)** düzmek barada Rim şertnamasy we **Atom energiýasy boýunça Ýewropa bileleşigini (ÝewROATOM)** düzmek boýunça şertnama gol çekilýär. Ähli önümleriň umumy bazary döredilip, onda harytlar, kapital, hyzmat etmek we işçi güýjüniň erkin hereketi prinsipinde ulanylýar. Birinji gezek milletara guramalar: kanunçylyk organy hökmünde Ýewropa Geňeşi, ýerine ýetiriji organy hökmünde Ýewropa bileleşigi komissiýasy we ýörite sud döredilýär.

### ÝATDA SAKLAŇ

*1948-nji ýylda Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (ÝYHG) düzüldi.*

*1949-njy ýylda Belgiýa, Daniýa, Fransiýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar korollygy, Norwegiýa, Şwesiýa we Beýik Britaniýa YG-nyň esaslandyryjylary bolýar.*

*1951-nji ýylda GFR, Fransiýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar korollygy, Lýuksemburg gatnaşmagynda Ýewropa kömir we polat birleşmesi (ÝKPB) atly gurama düzüldi.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu guramalar kabul eden integrasiýa meselelerine degişli kararlar gönüden-göni güýje girip, milli hökümetler we parlamentler tarapyndan tassyklanmagy hökman däldi.

Rim şertnamasynyň bentlerini amala aşyrmak integrasiýada gatnaşýan ýurtlaryň haryt öndürijileriniň arasynda bäsdeşligi peseldip, ony daşary bazara ugrukdyrmak mümkinçiligini berýär. Birmeňzeş görnüşdäki önüm öndürijiler öz kapitallaryny birleşdirmek ýa-da önümçilik göwrümine kwotalary ýerleşdirilmegine razylyk bermäge mejbur bolýarlar. Munda aýratynam Fransiýa, Italiýa we Germaniýa fermerleri we wino öndürijileriniň arasyndaky bäsdeşligi ýeňip geçmäge aýratyn üns berilýär. Önümçiligi çäklendirýän kwotalar bilen ençeme oba hojalyk önümlerine ÝYH býudjetiniň hasabyndan ýokary satuw nyrhlary ýerleşdirilýär. Demirgazyk Ýewropa ýurtlary integrasiýanyň garşylykly modelini döretmäge çalyşýarlar. Olar **Ýewropa erkin söwda assosiasiýasyny (ÝESA)** esaslandyrýarlar. Oňa Beýik Britaniýa, Awstriýa, Daniýa, Irlandiýa, Norwegiýa, Şwesiýa, Şweýsariýa we Portugaliýa agza bolýar. ÝESA-nyň maksady diňe senagat önümlerine paç salgytlaryny basgançaklaýyn kemeltmek edip kesgitlenýär, emma milletara organy döretmek, kanunçylygy birmeňzeşleşdirmek nazarda tutulmady.



*1957-nji ýylyň 25-nji martynda Belgiýa, Fransiýa, GFR, Italiýa, Lýuksemburg we Niderlandlar korollygynyň wekilleri tarapyndan Rim şertnamasyna gol çekilmegi*

## Ýewropada integrasiýa prosesiniň netijeleri

Kapital, harytlar, hyzmat etme we işçi güýüniň erkin hereketlenmegi Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşi we ilatyň ýaşaýyş derejesiniň esli tiz ýsnyşmagyna getirýär. Işçi güýjüniň beýlekilerden baý ýurtlara möwsümleýin we şertnama esasynda gelmegi başgalardan kem ösen ýurtlarda işlilik we işsizlik meselelerini çözmäge mümkinçilik berýär.Yzagalak sebitleri ösdürmek Umum Ýewropa maksatnamasy hem çalt ykdysady ösüş faktoryna öwrülýär. Integrasiýanyň täsirinde ösen Ýewroatlantika ýurtlarynda ýuwaş-ýuwaşdan ýeke-täk ykdysady syýasat modeli şekillendi. Olaryň

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

arasyndaky esasy tapawut ykdysadyýet üstünden döwlet gözegçiliginiň derejesi, oňa täsir ediş usullary bilen baglydy.

Ikinji model ykdysadyýetiň esasy ugurlaryny döwletiň özi tarapyndan ösdürmegi nazarda tutýardy. Meselem, Fransiýada senagat önümlerini öndümegiň göwrümini iki esse artdyrmak mümkinçiligini beren modernizasiýa netijesinde kömür we gaz öndürmek, awiasiýa, awtomobil gurluşyk senagatlarynyň uly bölegi döwlet emlägine öwrülýär. 1980-nji ýyllarda ykdysadyýetiň möhüm ugurlaryny döwlet tarapyndan gözegçilik etmäge ymtylmak we ýokary salgytlar netijesinde transmilli korporasiýalar öz kapitalyny Fransiýadan çykaryp başlaýarlar. Netijede ykdysady ösüş depginleri peselýär. Kapitalyň çykyp gitmegini togtatmak üçin Fransiýa neokonserwatizm tejribesine ýüzlenip, döwlet kärhanalaryny bölekleýin hususylaşdyrýar, salgytlary peseldýär. Bu sähel öň Beýik Britaniýada başlanan, GFR we Günbatar Ýewropanyň başga ýurtlarynda alnyp barylýan syýasata laýykdy.



*Brýusseldäki Ýewropa soýuzynyň parlamentiniň jaýy*

**TARYHY SER SALMA**

*Ýewropa döwletleriniň işjeň integrasiýa prosesine çekilmegi ýönekeý adamlaryň durmuşynda nähili özgerişlere sebäp boldy?*

Şu döwürden integrasiýa prosesinde gatnaşýan döwletiň aýratyn sosial we ykdysady syýasat alyp barmagy mümkin bolman galýar. Meseleleri çözmegiň üstünlikli usullary tiz integrasiýa prosesinde gatnaşýan ähli döwletler tarapyndan ulanylyp başlanýar. Şonuň ýaly-da, integrasiýanyň her bir gatnaşyjysy milletara guramalaryň kararyny ýerine ýetirmegi hökman bolup, bu, öz nobatynda, aýratyn döwletde sosial-ykdysady tejribeler geçirmek howpuny peseldýär. Bu Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ähli syýasy partiýalaryň ideýa-syýasy özboluşlylygyna seretmezden, sosial ösüşiň möhüm meseleleri boýunça olaryň garaýyşlaryny jemleýji möhüm faktora öwrülýär.

**UGRUKDYRYJY SORAGLAR**

*1. Özbaşdak ýagdaýda Ýewropada integrasiýa prosesleri bilen tanşyň.*

*2. Siziňçe, Günbatar Ýewropa döwletlerinde nähili faktor sebäpli integrasiýa proseslerine zerurlyk peýda bolupdyr?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Netijede integrasiýa prosesleri Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň syýasy ýalalaryna hem ýaýrandyr. Ilki diňe ÝYH ýurtlarynyň parlamentleriniň agzalarynyň çekişme meýdany bolan Ýewropa parlamentiniň abraýy artýar. Ýeke-täk Ýewropa aktyna görä ÝYH Ýewropa Soýuzy (ÝS) hökmünde gaýtadan döredýär. Ol indi «içki araçäksiz mekan» bolmalydy. Mahlasy, Ýewropa onuň gujagynda başlanan we diňe bir Ýewropa halklaryna däl, eýsem ýer ýüzündäki ähli halklara örän uly külpet getiren Ikinji jahan uruşdan möhüm netije çykarýar: ol ösüşiň parahatçylykly, ylmy-tehniki rewolýusiýa we hyzmatdaşlyga esaslanan demokratik ýoluny saýlaýar. Bu häzirki zaman Ýewropa Soýuzynyň guralmagyna getirýär. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda ýüze çykan bütindünýä ähmiýetli wakalar – Ýewropada sosialistik ulgamynyň krizisi, SSSR we sosialistik arkalaşygyň dargap gitmegi Ýewropada integrasiýa prosesleriniň mümkinçiliklerini ýene-de giňeldýär. Düýnki sosialistik ýurtlar hem indi ÝS-na ymtylyp başlady. ÝS dünýäniň başga çäklerinde bolup geçýän şeýle integrasion prosesler üçin özboluşly tejribe bolup hyzmat edýär.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Forum –** köpçülikleýin ýygnak, mejlis, geňeş, iri maslahat.

**Korporasiýa** (latynça, corporatio – beleleşik, birleşik) – ösen iri paýdarlar jemgyýeti, haýsy-da bolsa bir iş üçin birleşen ýuridik we fiziki şahslar toplumy.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşundan soň Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ykdysadyýetiň ýokary netijeliligini üpjün etmek maksadynda nähili işler amala aşyryldy?**
2. **Ýewropa ykdysady bileleşigini (ÝYB) düzmek barada Rim şertnamasy we Atom energiýasy boýunça Ýewropa bileleşigini (ÝewROATOM) düzmek boýunça şertnamalara gol çekmekden nähili maksatlar göz-lenipdi?**
3. **Demirgazyk Ýewropa ýurtlary integrasiýanyň garşylykly modelini döretmek maksadynda eden hereketleri nähili tamamlandy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



21-nji tema

# Günorta we Demirgazyk Ýewropa ýurtlary: diktatura we demokratiýa

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Günorta Ýewropa ýurtlaryna haýsy döwletler girýär?
2. Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryna haýsy döwletler girýär?
3. «Döwlet we hukuk esaslary» predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, diktatura adalgasyna kesgitleme beriň. Diktaturanyň alamatlary nämelerden ybarat?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Günorta Ýewropanyň üç ýurdy – Ispaniýa, Portugaliýa we Gresiýa ýüz ýyllaryň dowamynda dünýä taryhynda we halkara gatnaşyklarda uly rol oýnady. Emma XX asyryň başyna gelip bu döwletler özleriniň öňki ykdysady we syýasy güýjüni ýitirdi, «Ýewropanyň çetki çäklerine» öwrüldi.

**ÝADA SALYŇ**

*Taryh predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, «demokratiýa» düşünjesine kesgitleme beriň.*

## ISPANIÝA

Ikinji jahan urşundan soň bar şerte uýgunlaşyp alan Franko režimi Ispaniýada ýene otuz ýyl häkimiýetde durýar. Ispanlaryň bir bölegi Frankony görnükli serkerde, dana döwlet işgäri we guramaçy hökmünde kabul edýärdi. Olaryň nazarynda Franko ätiýaçly we sowukganly, tutanýerli we bir sözli, dindar we sada adam bolup galyberýär. Başga diktatorlardan tapawutlylykda ol köpçüligiň alkyşlaryna biperwaýdy. Uruşdan soň dünýäde diktatorlyk režimleri yzly-yzyna ýykylandan soň Ispaniýada hem dolandyryş şeklini kesgitlemek we konstitusion akt kabul etmäge tarap ädimler ädildi. Ispaniýanyň halkara ýagdaýy örän çylşyrymly bolup, ýurt ýeke goýlupdyr. Potsdam konferensiýasy Frankonyň hökümetini faşistik döwletleriň kömeginde häkimiýete gelenligi üçin ýazgarýardy. Şu esasda Ispaniýa BMG-a kabul edilmedi. 1946-njy ýylda BMG Baş Assambleýasy Ispaniýany halkara guramalara kabul etmezlik barada ýörite karar yglan etdi we BMG agza bolan döwletlere Ispaniýa bilen diplomatik gatnaşyklary kesmegi maslahat berýär. Günbatar «Marşall plany» boýunça Ispaniýa kömek etmekden boýun towlaýar. Bularyň ählisi Ispaniýanyň diňe bir halkara ýagdaýyny däl, eýsem ykdysady ýagdaýyny hem kynlaşdyrýar.



*Ispan diktatory Fransisko Franko*

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Mälim bolşy ýaly, dünýä taryhynda we halkara gatnaşyklarda uly rol oýnan Günorta Ýewropanyň üç ýurdy – Ispaniýa, Portugaliýa we Gresiýa näme üçin XX asyryň başyna gelip özleriniň öňki ykdysady we syýasy güýjüni ýitirdi? Siziňçe, muňa sebäp bolan faktorlar nämelerden ybarat?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Diňe «sowuk urşuň» başlanmagy bilen Ispaniýanyň daşary syýasy ýagdaýy gowy tarapa özgerýär. Goranmak, ykdysady kömek we özara howpsuzlyk maksatlarynda kömek etmek barada Ispaniýa-Amerika iki taraplaýyn ylalaşyga gol çekilýär. Ispaniýa BMG-a kabul edilýär. Ykdysady ösüşde-de mälim üstünlikleri gazanýar. Ispaniýa «açyk ykdysadyýet» kursuna tarap ýol açýar. 1975-nji ýylda Franko wepat bolýar. Şu ýylda korol Huan Karlos I tagta geçýär we döwlet başlygy wezipesini eýeleýär. Şondan soň geçirilen umummilli referendumda täze konstitusiýa makullanýar. Ol Franko döwrüniň kanunlaryny ýatyrýar, täze döwlet düzümini kanunlaşdyrýar we demokratizasiýa prosesini başlap berýär. Ispaniýa Günbatar döwletleri bilen has ýakynlaşmak ýoluny tutýar. 1982-nji ýylyň maýynda ol NATO, 1985-nji ýylda bolsa ÝYH agza bolýar. Ispaniýanyň Ýewropa bileleşigine integrirlenme prosesi başlanyp, ol esli kyn geçýär.

## PORTUGALIÝA



*Antonio Salazar*

Resmi taýdan «täze döwlet» diýlip atlandyrylan Antonio Salazaryň syýasy režimi Ikinji jahan urşundan soň hem özüniň konserwatiw, awtoritar-faşistik alamatlaryny saklap galýar. Portugaliýany sähel kem kyrk ýyl dolandyran Salazar Ýewropanyň täze taryhynda iň uzak häkimiýetde oturan diktator bolýar. Jemgyýetiň gözegçiliginden, oppozisiýadan bütinleý azat bolan şeýle awtoritar režimde diktatora ýakyn bolan hoşamaý we ýaranjaň dolandyryjylar topary şekillenip, häkimiýetiň ýokary gatlaklarynda parahorluk, korrupsiýa nogsanlary güýçlenýär. Şeýle düzümde wagtyň geçmegi bilen diktator özi döreden düzüminiň «üstünlikleriniň» guluna öwrülýär, köpçülikleýin habar serişdelerinde bu «üstünlikler» we onuň «binagäri» zor berip, dyngysyz magtalýar. Jemgyýetde ruhy pese gaçma ýüze çykýar.

A. Salazar döwründe hökümetiň yzarlamalary sebäpli ähli syýasy partiýalar öz işini togtadýar. 1960-njy ýyllaryň ortalaryna çenli ösüşiň ykdysady modeli awtarkiýa bolýar. Iri koloniýa mülkleri Portugaliýa üznüksiz girdeji getirip durýar. Koloniýa imperiýasyny saklap durmak taglymy Salazar režiminiň resmi aňyýetiniň aýrylmaz bölegidi. Diktator barha güýçlenýän azatlyk hereketine garşy terrordan başga zady oýlap tapyp bilmeýär. Aglaba işeňňirler, birinji orunda intelligensiýa gadagan edilýär.

1968-nji ýylda A. Salazar aradan çykýar. Premýer ministr wezipesini eýelän M. Kaetanu diktatorlyk režimini saklap galmagy özüniň esasy wezipesi hasaplaýar. M. Kaetanu onçakly ähmiýetli bolmadyk özgerişleri amala aşyrýar. «Täze döwlet»iň adyny «sosial döwlete» çalyşýar. A. Salazar döwründäki ençeme ýolbaşçylar işden daş-

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1974-nji ýyldaky «Gwozdika rewolýusiýasy». Portugaliýa

laşdyrylýar. Bu özgerişleriň içinde iň ähmiýetlisi garaşsyz kärdeşler bileleşigine rugsat berilmegi bolýar. A. Salazaryň maksatnamasyna wepalylyk, kolonial uruşlary dowam etdirmek M. Kaetanu hökümetine garşy oppozisiýany güýçlendirýär. Armiýada režime garşy «Kapitanlar hereketi» guramasy düzülýär. 1974-nji ýylda bir topar ofiserler M. Kaetanu hökümetini bir günde, gan dökmezden diýen ýaly agdaryp taşlaýar. General Antonio de Spinolanyň baştutanlygynda Milli halas ediji geňeşi düzülýär we ol öz maksatnamasyny kabul edýär. A. de Spinola wagtlaýyn prezident diýlip yglan edilýär. Milli halas ediji geňeşi ilatyň iň garyp böleginiň ýaşaýyş derejesini götermäge gönükdirilen ençeme çäreleri amala aşyrýar. Minimal iş haky, pensiýalar artdyrylýar, köp çagaly maşgalalara töleg girizilýär, azyk önümleriniň we hyzmatlaryň nyrhynyň ösüşi togtadyp goýulýar. Senagat kärhanalarynyň aglabasy nasionalizasiýa edilýär. Kärhanalarda işçi gözegçiligi ýola goýulýar. Agrar özgertme netijesinde günorta çäklerdäki bir bölek ýerler ýersiz daýhanlara we batraklara, täzeden döredilen döwlet we kooperatiw hojalyklara bölüp berilýär. Afrikadaky koloniýalara özbaşdaklyk berilýär. Şeýdip täze häkimiýetiň esasy wezipesi Salazariň režiminiň galyndylaryny ýeňip geçmek bolýar. Portugaliýada diktaturadan soňky geçiş döwri başlanýar. 1976-njy ýylda kabul edilen respublikanyň konstitusiýasy ýurtda sosial-syýasy prosesleri durnuklaşdyrmak üçin hukuk esasy bolýar. Konstitusiýa görä döwlet başlygy bolan prezident örän uly ygtyýarlyklara eýe bolýar. 1986-njy ýylda ýurt üçin möhüm hadysa bolup geçýär: prezident wezipesine birinji gezek raýat işgär – görnükli syýasatçy, öňki premýer-ministr Mariu Soareş saýlanýar. Bu diktaturadan demokratiýa geçiş prosesiniň tamamlanandygyny aňladýardy. Şu ýylda Portugaliýa ÝS-a agza bolýar.

## ÝATDA SAKLAŇ

*1946-njy ýylda BMG Baş Assambleýasy Ispaniýany halkara guramalara kabul etmezlik barada ýörite karar yglan edýär.*

*1982-nji ýylyň maýynda Ispaniýa NATO, 1985-nji ýylda bolsa ÝYH agza bolýar.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GRESIÝA



*Gresiýanyň halk azatlyk armiýasy*

Uruşdan soň Gresiýa ykdysady kynçylyklar bilen birlikde agyr syýasy krizise duçar bolýar. 1946-njy ýylda geçirilen parlament saýlawlary Gresiýada raýatlar urşunyň başlanmagyna getirýär. Çepçiler bilen monarhistleriň arasyndaky birinji ýaragly çaknyşyklar saýlaw gününiň özünde bolup geçýär. Ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizilýär. Häkimiýete gelen K. Saldaris monarhiýany dikeltmäge girişýär. Çep radikal güýçler Gresiýanyň demokratik armiýasy (GDA) düzülenligini yglan edýär. Taraplar bütin ýurduň çägi boýunça bir-birine garşy giň möçberli harby operasiýalary başlap goýberýär. GDA SSSR-iň kömegine daýanýar, Gresiýanyň hökümeti bolsa ABŞ-nyň kömegini alýar. Raýatlar urușy üç ýyldan köpräk wagt dowam edýär we 1947-nji ýylda tamamlanýar. Ýurtda syýasy durnuksyzlyk dowam edýär. Mundan närazy bolan bir topar harbylar 1967-nji ýylyň maýynda häkimiýeti eýeläp, gabaw ýagdaýyny yglan edýär, partiýa, jemgyýetçilik guramalary dargadyp goýberilýär, ýygnaklar we iş taşlaýyşlar gadagan edilýär. Gozgalaňa üç sany harbylar ýolbaşçylyk edýär. Häkimiýete gelen režim «gara polkownikler» diktaturasy adyny alýar. Harbylar kommunistik howpa garşy göreşi özleriniň esasy wezipesi diýip yglan edýärler. Olar kommunistlere garşy göreş, döwlet apparatyny berkitmekden daşary, giň möçberli ykdysady özgertmeleri hem geçirýär. Bu özgertmeleriň esasy bölegi oňyn netije berýär, netijede Gresiýa agrar-industrial ýurtdan industrial-agrar ýurda öwrülýär. Emma ykdysady üstünliklere seretmezden, ýurtda içki syýasy ýagdaý durnuksyzdy.

**UGRUKDYRYJ SORAGLAR**

*Siziň pikiriňizçe, Ispaniýa, Portugaliýa we Gresiýada ösüşiň başga Ýewropa döwletlerinden tapawutlanmagynyň esasy sebäpleri nämelerden ybarat?*

1974-nji ýylda harbylar Kipr adasynda harby agdarylyşygy amala aşyryp, adanyň Gresiýa goşulmagyna garşy bolan hökümet agdarylýar. Bu adada ýaşaýan grek we türk ilatynyň arasyndaky gapma-garşylygy güýçlendirýär. Türkiýe ada goşun girizip, onuň bir bölegini Kipr Türkiýe Respublikasy diýlip yglan edýär, Gresiýa armiýasy bolsa olara garşy uruşdan boýun towlaýar. Bu krizis netijesinde «gara polkownikler» harby huntasy häkimiýetden gitmäge mejbur bolýar. Täze hökümet konstitusiýany dikeldýär, konsentrasion lagerleri ýok edýär, döwlet apparatyny harby režimiň tarapdarla-

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ryndan arassalaýar. 1981-nji ýylda Gresiýa ÝYH guramasynyň deň hukukly agzasyna öwrülýär. Hökümet içki syýasatda ykdysadyýetiň üstünden döwlet gözegçiligini güýçlendirmek, ilatyň kem üpjün edilen gatlagyna sosial kömegi artdyrmak üçin hereket edýär. Daşary syýasatyň maksady Gresiýany ABŞ-a tabynlykdan halas etmekdigi yglan edilýär. Sosialistler dolandyryşy çekişmeli netijelere getirýär. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda hem Gresiýa ÝYH döwletleriniň arasynda iň pes öseni bolup galýardy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Kartadan Ispaniýanyň, Portugaliýanyň we Gresiýanyň çäklerini gözden geçiriň. Internetden we dersligiň tekstinden peýdalanyp, şu döwletlere wirtual syýahat guraň. Ispaniýanyň, Portugaliýanyň we Gresiýanyň taryhyndaky möhüm wakalary hronologiýa şeklinde depderiňize ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Konferensiýa –** döwlet ýa-da partiýa, jemgyýetçilik we alymlaryň wekilleriniň belli bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin ýygnanyşygy.

**Awtarkiýa –** ýurduň özüni-özi üpjün etmek düzgünine esaslanan, başga ýurtlar bilen ykdysady aragatnaşyklardan üzülip galan hojalyk ýöretmegiň ýekemen syýasaty.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Haýsy döwre gelip Ispaniýa, Portugaliýa we Gresiýa demokratik ösüş ýoluna gaýdýar?**
2. **Ispaniýada dolandyryş şeklini kesgitlemäge we konstitusion akt kabul etmäge tarap ädimler nähili netije berdi?**
3. **«Täze döwlet» diýip atlandyrylan Antonio Salazaryň syýasy režimi Ikinji jahan urşundan soň özüniň konserwatiw, awtoritar-faşistik alamatlaryny saklamak bilen ýurtda nähili işleri amala aşyrdy?**
4. **Haýsy ýylda harbylar tarapyndan Kipr adasynda harby agdarylyşyk amala aşyrylyp, adanyň Gresiýa goşulmagyna garşy bolan hökümet agdaryldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




# 22-nji tema

# Sowet Soýuzyndaky özgertmeler we krizis: imperiýanyň ýatyrylmagy



**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Täze döwürde Russiýanyň ösüşiniň özboluşly aýratynlyklary nämelerden ybaratdy?
2. Birinji jahan urşy Russiýa üçin nähili tamamlandy?
3. Russiýada täze döwrüň başlarynda haýsy ugurlarda ösüş boldy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## URUŞDAN SOŇ TOTALITAR DÜZÜMIŇ GÜÝÇLENMEGI

Sowet halklaryna örän uly külpet getiren Ikinji jahan urşy tamamlandy. Uruşda 26,5 mln sowet raýatlary heläk boldy, millionlarça adamlar maýyp bolup galdy, ýurt örän uly ykdysady zyýan çekdi.

Adamlar parahat durmuşa gaýtdy. Emma uruşdan soňky weýrançylyk, hojalygy dikeltmek kynçylyklarynyň üstüne 1946-njy ýyldaky gurakçylyk hem goşulyp, ýagdaýy ýene-de çylşyrymlaşdyrýar. Bir million adam açlykdan wepat bolýar. Emma açlyk resmi taýdan ykrar edilmändi. Iosif Stalin oba hojalygyna esasan senagat we şäherleri dikeltmek üçin çeşme hökmünde garaýar, daýhanlaryň naýynjar ýagdaýyna üns bermeýär.

1948–1952-nji ýyllarda «Marşallyň plany» boýunça kömek alan Günbatar döwletlerinden tapawutlylykda SSSR ykdysadyýeti doly içki resurslaryň hasabyna, öz güýji bilen dikeltýär. Diňe Germaniýa tölän reparasiýa duýarly rol oýnady, bu pullar senagatda yerleşdirilen enjamlaryň harajadynyň ýarysyny üpjün edýär we başga ugurlarda ylmy-tehniki ösüşe itergi bolýar. Millionlarça adamlaryň janypkeş zähmeti we resurslary bir maksada tarap ugrukdyrmak sebäpli 1948-nji ýyla gelip SSSR-de senagat önümçiligi uruşdan öňki derejesine ýetýär. Örän uly syýasy-administratiw basyş, ýeňil senagaty we oba hojalygyny talamagyň hasabyna hem-de zähmetkeş köpçüligiň başlangyjyny aňyýet taýdan höweslendirmek sebäpli müňlerçe senagat kärhanalary dikeldildi we gaýtadan guruldy. Emma totalitar düzümiň häsiýeti üýtgemedi. Konsentrasion lagerler bu döwürde-de Stalin režiminiň aýrylmaz bölegi bolup galyberdi. Olardaky millionlarça adamlaryň zähmetinden uruşdan soňky dikeltmek prosesinde peýdalanyldy. Totalitar režim Stalin dirikä barha güýçlendi. Ençeme sud prosesleri geçirlip, ýüz müňlerçe sowet raýatlary gadagan edildi.

### ÝADA SALYŇ

*Ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda öňki sowet döwletiniň Germaniýa bilen gatnaşyklaryndan nähili maksat gözlenipdi?*



*Uruşdan soň sowet döwletinde agyr senagatyň ilerlemegi*

### PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*Şu döwürdäki Russiýadaky totalitarizmi Germaniýa faşizminden haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Nikita Hruşýow

## MYLAÝYM DÖWÜR

1953-nji ýylyň 5-nji mart güni I. Stalin aradan çykýar. Häkimiýeti başga şahsa geçirmegiň legitim ýoly bolmanlygy sebäpli, ony eýelemek üçin göreş güýjeýär. Häkimiýete resmi taýdan diktatoryň iň ýakynlaryndan ybarat kollektiw ýolbaşçylar gelýär. Emma olaryň arasynda häkimiýetdäki, şol bir wagtda jemgyýetdäki özgerişleriň ýönelişini saýlamak üçin göreş güýjeýär. Bu göreşde Nikita Hruşýow ýeňiji bolýar.

Şol ýylda täze ykdysady maksatnama yglan edilip, ol sowet döwletiniň taryhynda birinji gezek ýeňil senagatyň, halk sarp ediş harytlary öndürmekdäki üstünligi kesgitleýär. Sosial ugurlara ugrukdyrylan ykdysadyýet halk sarp ediş harytlarynyň öndürmegiň köpelmeginde, ýaşaýyş jaý gurluşygynda, aýlyk gazançlaryň artmagynda göründi. Täze ykdysady maksatnamanyň başga bir bendi azyk meselesini çözmek, oba hojalygyny uzak dowam eden krizis ýagdaýyndan alyp çykmaga gönükdirilýär. Ýurtda syýasy özgertmeler hem başlanýar. 1956-njy ýylyň fewralynda SSKP-niň XX gurultaýynda N. Hruşýow «şahsyýete sygynmak we onuň netijeleri barada» temasynda nutk sözleýär. Bu nutk sowet totalitar düzüminiň harakterini, Stalin we onuň şärikleri amala aşyran jenaýatlaryň gerimini aňmak prosesini başlap berdi. Jemgyýetde, gaty açyk bolmasa-da, bu meseleler giň möçberde ara alnyp maslahatlaşylyp başlanýar. Şol bir wagtda, XX gurultaý halkara kommunistik hereketiň krizisini başlap berdi we sosialistik ulgamyň ahyryna çenli bu krizisden çykyp bilmedi. Diktatoryň ölüminden soň döwlet dolandyryş ulgamyny desentralizasiýalamak, köpçüligiň işeňňirligini höweslendirmek, käbir dolandyryş funksiýalaryna olary çekmäge tarap çemeleşildi. Soýuzdaş respublikalaryň ygtyýarlyklary-da bir az giňeldi. Öň soýuz ministrlikleriniň ygtyýarynda bolan ençeme kärhanalar respublikalaryň ministrlikleriniň ygtyýaryna geçirildi. Bu çäreler adamlarda nähilidir taryhy, bütindünýä ähmiýetli wakalara dahyllyk duýgusyny döretdi. Bular köpçüligiň gujur-gaýratyny we başyny başlaýjylygyny güýçlendirdi. 1961-nji ýylyň 12-nji aprelinde dünýäde birinji kosmonawt Ý. Gagariniň kosmosa perwazy adamlary sowet halky hötdesinden gelmeýän wezipäniň ýokdugyna ynandyrdy.

Emma 1960-njy ýyllaryň başlarynda ýurtda ykdysady kynçylyklar, ilki bilen azyk ýetmezçiligi bilen bagly dartgynlyk emele gelýär. 1963-nji ýyldan SSSR daşardan galla satyn almaga başlady. Bu döwürde ençeme çykyşlar bolup, olaryň ählisi rehimsiz basyp ýatyrylýar. Ýurtdaky ýagdaý N. Hruşýowyň abraýyny gaçyrýar. 1964-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen SSKP-niň MK plenumy ony ähli wezipelerinden boşadýar. SSKP MK Birinji sekretary edip

### ÝATDA SAKLAŇ

*1948–1952-nji ýyllarda «Marşallyň plany» boýunça kömek alan Günbatar döwletlerinden tapawutlylykda SSSR ykdysadyýeti doly içki resurslaryň hasabyna öz güýji bilen dikeltdi.*

*1961-nji ýylyň 12-nji aprelinde kosmonawt Ýuriý Gagarin komosa uçdy.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Leonid Brežnew, SSSR Ministrler Sowetiniň Başlygy edip Alekseý Kosygin bellenýär.

Häkimiýete gelen L. Brežnew topary ýeke-täk hereket maksatnamasyna eýe däldi. Olar jemgyýeti we partiýany demokratizasiýalamaga tarap edilen hereketleri, şahsa sygynmagyň mundan beýläkki tankydyny bes etmäge ymtylýar. Sebäbi, Stalini ýene-de paş etmek totalitar ulgamyň esaslaryny ýumurýardy. L. Brežnewiň adminstrasiýasy nazary görkezmeleriň asyl manysy we netijesi 1977-nji ýylda kabul edilen SSSR-iň täze – ösen sosializmiň konstitusiýasynda öz şöhlelenmesini tapýar. Onda Kommunistik partiýa jemgyýetiň ugrukdyryjy we ýolbaşçy güýji, syýasy düzümiň ýadrosy, diýlen bolup, bu SSKP-niň syýasy ulgamdaky ýeke hökümdarlyk ýagdaýyny berkidýär. Şeýle madda hatda 1937-nji ýyldaky konstitusiýada hem ýokdy. 1980-nji ýyllarda SSSR jemgyýetiň çuňňur krizisi halatyndady. Bu döwürde jemgyýetiň ahlak bozulma prosesi ýüze çykýar. Proteksionizm, urug-tanyşlyk, korrupsiýa ýaly nogsanlar düzümiň esasyny ýumrup, onuň soňuny ýakynlaşdyrýar. 1980-nji ýyllarda kommunizm gurmak hakyndaky plan berbat bolup, adamlar indi kommunizme ynanmaýardy. Ilatyň uly bölegi «baryna bereket» diýip, şükür edip ýaşaýardy.



*Birinji kosmonawt Ýuriý Gagarin*

## TARYHY SER SALMA



Leonid Brežnew

*Brežnewiň topary ýeke-täk hereket maksatnamasynyň ýoklugy, jemgyýeti we partiýany demokratizasiýalamaga tarap edilen hereketleri, şahsa sygynmagyň mundan beýläkki tankydyny bes etmäge synanyşmagy näme sebäpden döwletde totalitar ulgamyň esaslaryny ýumrulmagyny üpjün edipdir? Pikiriňizi goşmaça çeşmeleriň kömeginde esaslandyryň.*

SSSR-de öndürilýän önümleriň hili-de örän pes bolup, kärhanalarda olaryň görnüşlerini täzelemek üçin serişde ýetişmeýärdi. Gyt harytlaryň sanawy ýyldan-ýyla artyp, spekulýasiýa hem çür depesine galypdy. Şeýle önümleri «gizlin önümçilik» we «gara bazar»da satmak rowaçlanypdy. Sowet ykdysadyýetiniň nebit goruna «oturyp galmagy» ilatyýň uly böleginiň pýançylyga berilmegi bilen goşulyp gidýär. Şeýle şertde ýaşaýyş jaý gurluşygy, bilim, saglygy goraýyş ugurlaryna goýberilýän serişdeler ýyl saýyn barha kemelýärdi. Jemgyýetde biperwaýlyk, alaçsyzlyk keýpi döreýär. Intelligentleriň bir bölegiňden daşary aglaba köpçülik ilat perwaýsyz tomaşaça öwrülip, ýagdaýyň gowy tarapa özgerişinden umytlary üzülendi. 1982-nji ýylda L. Brežnew aradan çykýar. Sowet jemgyýetiniň krizisi çuňlaşan şertde saýlanan täze Baş kätip **Ýuriý Andropow** bu nogsanlara garşy çalt göreşe başlaýar. Emma Ý. Andropow hem şu ulgamyň, bar gurşawyň «önümidi». Ol dolandyrmakda talap edijilik, awtoritar, buýruk berijilik usullaryndan peýdalanýar. 1984-nji ýylyň fewralynda Ý. Andropow aradan çykandan soň häkimiýete gelen **Konstantin Çernenko** garry we keselbent adam bolup, onuň saýlanmagy uly ýalňyş, gutaryp barýan SSSR-iň simwoly bolýar.

сайте UZEDU.ONLINE




*SSKP-niň XXVII gurultaýy*
*Moskwa, 1990-njy ýyl 2–13-nji iýul*

## TÄZEDEN GURMAK

1985-nji ýylyň martynda K. Çernenko aradan çykýar. Şu wagta gelip partiýadaky we döwlet dolandyryşyndaky hatda iň konserwatiw güýçler hem «intellektual we syýasy taýdan gowşak, garaýyşlary yzagalak bolan ýene bir Çernenko ýurt dözüp bilmeýär» diýen raýdaş netijä gelýär. Bir günden soň bolup geçen SSKP MK Plenumy Mihail Gorbaçýowy Baş kätip edip saýlaýar. 1980-nji ýyllaryň ortalarynda SSSR daşardan örän güýçli döwlet bolup görünýärdi. Ýurt beýlekilerden güýçli ykdysadyýete, çäksiz tebigy baýlyklara we elbetde pugta goranyş ukybyna eýedi. Aslynda bolsa ýurtda ençeme çözülmedik meseleler toplanyp galan bolup, ykdysady ösüşiň hil görkezijileri ýyl saýyn peselýärdi. Zähmet öndürijiligi amalda ösüşden togtapdy. SSKP MK-niň 1985-nji ýylyň aprel plenumynda ýurdy sosial-ykdysady ösdürmegi çaltlandyrmak maksatnamasy täze ýolbaşçysylaryň we bütin sowet jemgyýetiniň maksady diýlip yglan edildi. Şol ýyl maý aýyndan pýançylyga garşy giň kampaniýa başlanyp, administratiw-gadagan we aňyýet ýollary bilen gysga wagtyň içinde rus halkynyň asyrlaryň dowamynda şekillenen däbini we onuň başga sowet halklaryna görkezen erbet täsirini ýok etmek nazarda tutulypdy.

SSKP Merkezi Komitetiniň 1987-nji ýyl ýanwar plenumynda M. Gorbaçýow «Täzeden gurmak we partiýanyň kadrlar syýasaty» temasynda doklad edýär. Onda jemgyýetçilik durmuşyny demokratizasiýalamak wezipesini goýýar we äşgärlik kursuny yglan edýär.

## Täzeden gurmagyň krizisi

Jemgyýetde ilkinji jemgyýetçilik-syýasy guramalar peýda bolýar. Demokratik bileleşik özüni SSKP-ä oppozisiýadaky partiýa diýip yglan edýär. Köpçülikleýin syýasy guramalar – halk frontlary peýda bolýar. Ilki Baltikboýy respublikalarynda peýda bolan şeýle guramalar soň başga respublikalarda hem düzülýär. Bu demokratik prosesleriň täsirinde kommunistik partiýa we onuň ýolbaşçysy bolup duran M. Gorbaçýowyň abraýy barha peselýär. Bu abraýdan düşmegiň ornuny örtmek üçin

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SSSR-de prezidentlik wezipesini girizmek karar edilýär. Ilatyň arasynda partiýanyň işine görä köpçülikleýin närazylyklar, kärhanalarda iş taşlaýyşlar başlanyp gidýär. Munuň üstegine soýuzdaş respublikalar yzly-yzyna öz garaşsyzlygyny talap edip başlaýar. M. Gorbaçýowyň baştutanlygyndaky topar täze soýuz şertnamasynyň üstünde işlemegi dowam etdirýär. Emma jemgyýetde demokratik hereketler we liberallar barha güýçlendigi saýyn olara garşy konserwatiw güýçleriň hem jebisleşmesi ýüze çykýar. Olar 19-njy awgusta geçilýän gije Adatdan daşary ýagdaý döwlet komiteti (GKÇP) düzülenligi barada yglan edýärler. GKÇP ýurduň ençeme çäklerinde adatdan daşary ýagdaýy yglan edýär, 1977-nji ýyldaky konstitusiýa ters ýagdaýda iş ýöredýän häkimiýet ulgamlary dargadyp goýberilýär, oppozisiýadaky partiýalaryň we hereketleriň işi togtadylýar, köpçülikleýin habar serişdeleriniň üstünden berk gözegçilik ýola goýulýar, Moskwa goşun girizilýär. GKÇP-a garşy herekete demokratik güýçler ýolbaşçylyk edýär. Olar 19-njy awgust güni Russiýanyň raýatlaryna ýüzlenip, GKÇP hereketi konstitusiýa garşy agdarylyşyk, onuň kararlary bikanun diýlip yglan edýärler. Ýurduň ençeme sebitleri GKÇP kararlaryny ýetirmekden boýun towlaýar. 21-nji awgust güni Russiýanyň Ýokary Sowetiniň adatdan daşary sessiýasy açylýar. Ertesi güni GKÇP agzalary tussag edilýär. Awgust wakalaryndan soň abraýdan düşen SSKP-niň işi togtadylýar.

Awgustdaky döwlet agdarylyşygyndan soň köp respublikalar Soýuz şertnamasyna gol çekmekden boýun towlaýar. 8-nji dekabr güni Minsk şäherinde Russiýa, Ukraina, Belorussiýa ýolbaşçylary (SSSR-i esaslandyryjy döwletler) 1922-nji ýyldaky Soýuz şertnamasyny ýatyryp, Garaşsyz Döwletler Arkadaşlygy (GDA) düzülenligini yglan edýär.

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Desentralizasiýa –** merkezleşen ulgamdan merkezleşmedik ulgama geçmek ýa-da geçirmek

**Demokratizasiýa –** demokratik prinsipleri syýasy ulgama, medeniýete, durmuş ýörelgesine we başgalara girizmek prosesidir.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşy Sowet halklary üçin nähili tamamlandy?**
2. **I. Staliniň aradan çykmagy ýurtda nähili prosesleriň başlanmagyna sebäp boldy?**
3. **1977-nji ýylda kabul edilen SSSR-iň täze – ösen sosializmiň konstitusiýasynda nähili taraplar öz şöhlelenmesini tapypdyr?**
4. **Näme sebäpden täzeden gurmak ýurduň krizisi bilen tamamlandy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




23-nji tema

# Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlary totalitarizm we demokratiýa aralygynda

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Merkezi Ýewropa ýurtlaryna haýsy döwletler girýär?
2. Gündogar Ýewropa ýurtlaryna haýsy döwletler girýär?
3. Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşi Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşinden haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ikinji jahan urşy Merkezi we Gündogar Ýewropa (MGÝ) ýurtlaryna örän uly külpetleri, ykdysady we demografik ýitgileri getirdi. Uruşdan soň bolsa koalision hökümetler düzülip, olaryň düzümine kommunistik, sosial-demokratik partiýalar, şonuň ýaly-da, uruşdan öňki buržuaz we daýhanlar patiýalarynyň öz abraýyny saklap galan wekilleri girdi.

**ÝADA SALYŇ**

*Geografiýa predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlaryny kartadan tapyň.*



*Uruşdan soňky ýyllarda Warşawada ýollaryň abatlanyşy*

Uruşdan öňki syýasy liderlerden okkupantlar režimi bilen hyzmatdaşlyk etmedik we antifaşistik güýçler tarapynda göreşenleri uruşdan soňky ilkinji ýyllarda hem esli täsirli syýasy wezipeleri eýeleýärler. Emma hökümetler koalisiýalaryna birleşen syýasy güýçler öz döwletleriniň gelejegi we ösüş ýollary barada bir-birinden tapawutly, köp taýdan garşylykly garaýyşlara eýedi. Olaryň bir bölegi uruşdan öňki režimleri dikeltmek tarapdary bolsa, başgalary Günbatar Ýewropanyň demokratik modeline höwes bilen garaýardy. Üçünjileri sowet nusgasyna öýkünip, proletariat diktaturasy döwletini gurmak isleýärdi. Uruşdan soň MGÝ döwletleriniň ykdysady we sosial esaslary emele geldigi saýyn bu güýçleriň arasyndaky göreş hem barha ýitileşýär. 1947–1948-nji ýyllarda bu güýçleriň arasyndaky göreşiň aýgytlaýjy ýyllary bolýar. Taryhy nukdaýnazardan örän gysga wagtyň içinde aglaba MGÝ ýurtlarynda häkimiýet kommunistleriň eline geçýär. Bu kommunistleriň basybalyjy taktikasy we Sowet Soýuzy tarapyndan olara edilen kömegiň netijesidi. Şu ýyllarda Sowet daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary uruşdan soň MGÝ-da şekillenen döwletler bilen gatnaşyklary ösdürmek bolýar. **Polşada** çep güýçleriň ýeňşiniň anyklygyna seretmezden, täze häkimiýeti gurmak prosesi gazaply göreşler astynda geçýär we ençeme gurbanlara getirýär. Ýurtda uly

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



antikommunistik güýçler, şol sanda, öňki Kraýowa Armiýasy (Watan Armiýasy) tarapdary bolan ýaragly toparlar hem iş ýöredýärdi. Çehoslowakiýada düýpli öwrülişik 1948-nji ýylyň fewralynda bolup geçýär. Şu wagta gelip kommunistler bilen olaryň syýasy oppozisiýalarynyň arasyndaky gapma-garşylyk iň ýiti derejä ýetýär. Kommunistik partiýanyň wekili Klement Gotwald dolandyrýan hökümetiň düzümindäki buržuaz partiýalarynyň wekilleri otstawka çykýarlar. Täze hökümetde esasy ýolbaşçylyk orunlaryny kommunistler eýeleýär. Şeýdip parahatçylykly ýol bilen häkimiýet çalyşygy amala aşyrylýar. 1948-nji ýylyň iýunynda K. Gotwald prezident edip saýlanýar. 1949-njy ýyla gelip Albaniýada, Bolgariýada, Wengriýada, Polşada, Rumyniýada, Çehoslowakiýada, Ýugoslawiýada kommunistik partiýalar doly häkimiýetni eýeleýär.1949-njy ýylyň oktýabrynda dörän Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR) hem şu hatara goşulýar.



## PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!

*1947–1948-nji ýyllar bu güýçlerlň arasyndaky göreşiň aýgytlaýjy ýyllary bolýar. Taryhy nukdaýnazardan örän gysga wagtyň içinde aglaba MGÝ ýurtlarynda häkimiýet kommunistleriň eline geçýär. Bu kommunistleriň basybalyjy taktikasy we Sowet Soýuzy tarapyndan olara edilen kömegiň netijesidi. Siziňçe, Sowet Soýuzynyň daşary syýasatyndaky bu özgerişe sebäp bolan faktorlar nämelerden ybaratdy?*

Bu ýurtlarda kommunistleriň ýeňiş gazanmagynda olaryň çäginde (Albaniýa we Ýugoslawiýadan daşary) Sowet Armiýasy goşunlarynyň ýerleşýänligi we sowet maslahatçylarynyň kömeki aýgytlaýjy rol oýnaýar. 1940-njy ýyllaryň ahyrynda MGÝ ýurtlarynda ornaşdyrylan düzüm halk-demokratik, soň bolsa sosialistik diýlip atlandyrylýar. Enççeme döwletlerde köppartiýaly ulgam bar bolsa, Albaniýada, Wengriýada, Rumyniýada we Ýugoslawiýada bir sanydan partiýalar iş ýöredýärdi. Olaryň maksatnamalarynda jemgyýetiň ähli ugurlaryny – ykdysadyýeti, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, bilim we medeniýeti ösdürmek kesgitläp berilýärdi. Sowet nusgasy boýunça industrirleme, oba hojalygyny kollektiwleşdirilme we medeni rewolýusiýany amala aşyrmak kesgitläp alynýar. Modernizasiýa prosesi hem SSSR-de birinji bäş ýyllykda amala aşyrylan prosesi göçürmek arkaly, sosialistik metodlar bilen amala aşyrylýar. MGÝ-nyň uruşdan soňky taryhy SSSR-iň goldawyna daýanan režimlerden azat bolmak üçin, sosializmiň aňyýet esaslaryny gaýtadan seretmek üçin göreşler döwri bolýar. 1956-njy ýylda SSSR-de Staliniň şahsyna sygynmagyň ýazgarylmagy köp Gündogar Ýewropa ýurtlarynda Stalin döwründe häkimiýete gelen we ol tarapyndan goldalan ýolbaşçylaryň çalşyryl-

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## ÝATDA SAKLAŇ

*1949-njy ýylda Albaniýa, Bolgariýa, Wengriýa, Polşa, Rumyniýa, Çehoslowakiýa, Ýugoslawiýa döwletlerinde kommunistik partiýalar doly häkimiýeti eýeleýär.*

*1956-njy ýylda Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň taryhynda Stalin döwründe hákimiýete gelen we ol tarapyndan goldanan ýolbaşçylaryň çalyşmak prosesi boldy.*

*«Watan armiyasy» esgerlerine bagyşlanan heýkeller*

magyna getirdi. I. Staliniň wefty sebäpli «sosialistik lager»iň täzelenmegine peýda bolan umyt sebäpli GDR-da çykyşlar başlanyp gidýär. Çykyşlar basyp ýatyrylýar. Birnäçe onlarça adamlar heläk bolýar.

Poznanda işçiler iş normalarynyň artdyrylmagyna we iş hakynyň peseldilmegine garşy iş taşlaýyş yglan edýär. Bu ýere iberilen polisiýa we harbylar bilen çaknyşyklarda birnäçe adam heläk bolýar. 1956-njy ýylda Wengriýada Imre Nadyň baştutanlygyndaky täze hökümet tarapyndan häkimiýetiň totalitar ulgamyny bozmak, köppartiýaly ulgama geçmek üçin edilen hereket totalitar režime garşy demokratik rewolýusiýa öwrülýär. Sowet ýolbaşçylary gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin giň möçberdäki harby operasiýa geçirmegi karar edýärler. Bu karary köpçülik Gündogar Ýewropa döwletleriniň ýolbaşçylary goldaýar. Esasy söweşler Budapeştde bolup geçýär. Onda müňlerçe gozgalaňçylar heläk bolýar we ýaralanýar. Gozgalaň basyp ýatyrylandan soň I. Nad we onuň tarapdarlary sud edilip, ölüm jezasyna höküm edilýär.



*Wenger syýasatçysy Imre Nad*

## TARYHY SER SALMA

*Mälim bolşy ýaly, 1956-njy ýylda Wengriýada Imre Nadyň baştutanlygyndaky täze hökümet tarapyndan häkimiýetiň totalitar ulgamyny bozmak, köppartiýaly ulgama geçmek üçin edilen hereket totalitar režime garşy demokratik rewolýusiýa öwrülýär. Bu göreşler Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň soňky ösüşi üçin nähili ähmiýete eýe?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Aleksandr Dubçek*

Bu «howply ýöneliş»iň öňüni almak üçin Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletleriň goşunlary Çehoslowakiýa girizilýär. Harby operasiýanyň birinji gününde Aleksandr Dubçekiň baştutanlygyndaky ÇKP ýolbaşçylary tussag edilip, Moskwa äkidilýär. Gozgalaňy basyp ýatyrmak çagynda ýüze ýakyn Çehoslowakiýanyň raýatlary heläk bolýar. «Praga bahary» adyny alan rewolýusion hereket şeýdip basyp ýatyrylýar. MGÝ ýurtlarynyň ykdysadyýeti ekstensiw harakterdedi. 1970-nji ýyllaryň birinji ýarymynda senagat önümçiliginiň ösüşi durnukly ýagdaýda ýylyna 6–8% derejesinde saklanýar. Emma 1980-nji ýyllarda sosialistik ýurtlaryň ykdysady ýagdaýy ýene-de erbetleşýär. SSSR, Rumyniýa we başga ençeme ýurtlarda azyk meselesi örän ýitileşýär, ähli sosialistik ýurtlarda ilatyň ýaşaýyş derejesi duýarly derejede peselýär. Aýratynam, Polşada ýagdaý agyr bolup, işçiler «Raýdaşlyk» garaşsyz köpçülikleýin kärdeşler bileşigini düzýärler. Ýurtda syýasy krizis barha çuňlaşýar. Ýurtda adatdan daşary harby ýagdaý yglan edilýär. 1989-njy ýylda Polşada «Raýdaşlyk» hereketiniň wekilleri häkimiýete geçýär. Wengriýada hem häkimiýete gelen täze güýçler ykdysady özgertmeler we syýasy ulgamy kämilleşdirmek ýoluny saýlaýar. 1990-njy ýylda Wengriýa Halk Respublikasynyň ady Wengriýa Respublikasy diýip üýtgedilýär. Bolgariýada hem 1991-nji ýylda oppozision güýçler häkimiýete gelýär. Rumyniýada kommunistik režimiň ýykylmagy gozgalaň we möhüm harby çaknyşyk netijesinde bolýar. Gozgalaň Rumyniýa uzak ýyllar ýolbaşçylyk eden diktator Nikolaýe Çauşesku we onuň aýalyny sud etmek, suduň hökümine görä atyp taşlamak prosesi telewideniýede gönüden-göni görkezilmegi bilen tamamlanýar. Gozgalaň prosesinde müňden artyk adam heläk bolýar. Albaniýany demokratik tolkunyň täsirinden saklap galmagyň alajy bolmaýar. Häkimiýetde duran kommunistler örän tiz öz täsirini ýitirýär. Antikommunistik keýpiň aňladyjysy 1989-njy ýylda düzülen Albaniýa demokratik partiýasy bolýar. 1992-nji ýyldaky saýlawlarda demokratik lider Sali Berişa Albaniýa prezident edip saýlanýar.



*Nikolaý Çauşeskiý Sowet goşunlarynyň Çehoslowakiýa girmegine garşy mitingde*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Nikolaý Çauşeskiý

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR

*1. Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň sosial-ykdysady ösüşi Günbatar Ýewropadan yzda galmagynyň esasy sebäpleri nämelerden ybarat?*

*2. Wengriýada Imre Nad, Polşada «Raýdaşlyk» hereketiniň wekilleriniň işini umumy we tapawutly taraplaryny analiz ediň.*

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlaryndan birini saýlap, şu döwletde kommunistik režimiň ýykylmagy prosesini öz içine alan kiçi esse ýazyň.*

MGÝ ýurtlaryndaky özgerişleriň Ýugoslawiýa täsiri az bolýar. Emma jemgyýetçilik düzümiň esaslarynda bolup geçen özgerişler milli gatnaşyklara hem täsir etmezden galmaýar. Öň her bir döwleti berk merkezleşen düzümler ýeke-täk döwlet hökmünde birleşdirýärdi. Bu düzümleriň ýykylmagy diňe bir milletleriň öz takdyny özi kesgtlemegi üçin däl, eýsem milletçi we kemsidiji güýçleriň işjeleşmegi üçin hem mümkinçilik döredýär. Sosialistik ýurtlaryň arasyndaky ykdysady we syýasy aragatnaşyklar barha çylşyrymlylaşýar. 1991-nji ýylda Özara ykdysady kömek geňeşi, soň bolsa Warşawa şertnamasy guramasy hem dargap gidýär. Mahlasy, 40 ýyldan artyk iş ýöreden sosialistik arkalaşyk ýatyrylýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşy Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň soňky ösüşine nähili täsir etdi?**
2. **Çehoslowakiýada düýpli öwrülişik döwründe nähili taryhy wakalar ýüze çykdy?**
3. **Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda totalitar režimleriň berkarar ekenliginiň sebäplerini analiz ediň.**
4. **Näme sebäpden Özara ykdysady kömek geňeşi we Warşawa şertnamasy guramasy hem dargap gitdi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Aýa goýlan ilkinji gadam

Amerikan astronawty Nil Armstrong 1969-njy ýylyň iýulynda «Apollon-11» kosmos gämisinde Aýa ekspedisiýa ugraýar. 1969-njy ýylyň 21-nji iýulynda Nil Armstrong Aýyň üstüne gadam basan birinji adam hökmünde taryhda galdy.

Nil Armstrong şeýle diýipdi: «Bu – ynsan üçin kiçi bir ädim, ýöne bütin adamzat üçin uly böküş».







## Hytaýdaky **medeni rewolýusiýa**

«Medeni rewolýusiýa», doly ady «Beýik proletar medeni rewolýusiýasy» – 1966–1967-nji ýyllarda Hytaýyň ýolbaşçysy Mao Szedun tarapyndan amala aşyrylan kampaniýa. Onuň maksady HHR-da emele gelmegi mümkin bolan «kapitalizmi dikeltmäge» garşy çykmak bahanasynda syýasy oppozisiýany abraýdan gaçyrmak we ýok etmekdi.



## Afrikadaky **aparteid**

Aparteid – jynsy kemsitmäniň iň aýylganç görnüşi bolup, belli bir ilat toparlaryny olaryň jynsy degişliligine garap, syýasy, sosial, ykdysady we raýatlyk hukuklaryndan mahrum etmegi, çäk taýdan üzňeleşdirmäge çenli barmagy aňladýar. Häzirki halkara hukuk aparteidi adamzada garşy jenaýat hasaplaýar.




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



IV
BAP

# OÝANÝAN DÜNÝÄ: 1945–1991-NJI ÝYLLARDA AZIÝA, AFRIKA WE LATYN AMERIKASY ÝURTLARY



# 24-nji tema

# Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň her birinden iň bolmanda on sanydan döwleti dünýänyň syýasy kartasyndan tapyň.
2. Birinji jahan urşy Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlary üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
3. Ikinji jahan urşy Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlary üçin nähili netijeler bilen tamamlandy hem-de bu ýurtlar jahan uruşlaryndan nähili netije çykardy?



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ikinji jahan urşundan soň öňki kolonial imperiýalaryň ornunda döräն onlarça döwletler üçin modernizasiýa we ösüş ýaly özara bagly meseleler derwaýys bolýar. Bu meseleler we olary çözmegiň usullarynda ençeme meňzeş taraplar bar bolup, olar Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlaryny ýeke-täk birlik hökmünde garamak mümkinçiligini berýär.

**ÝADA SALYŇ**

*Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň garaşsyzlyk gazanmak basgançagy nähili faktorlar sebäpli emele gelipdi?*

## AZATLYK WE ÖSÜŞ MESELELERI

Ikinji jahan urşundan soň Ýewropa döwletleri kolonial imperiýalarynyň ýykylmagy, koloniýa halklarynyň azat bolmak prosesi başlanýar. Bu proses ähli ýurtlarda hem parahatçylykly ýol bilen amala aşmady. Beýik Britaniýa Malaýýada, Fransiýa Hindihytaýda we Alžirde, Portugaliýa Angolada we Mozambikde kolonial uruşlaryny alyp baryp, bu ýurtlara örän uly betbagtçylyk getirýär. 1960-njy ýyl taryha «Afrika ýyly» hökmünde girdi. Şu ýylda kontinentdäki 17 koloniýa ýurtlar öz garaşsyzlygyny yglan edýär. Taryhda ahyrky – Portugaliýa kolonial imperiýasy 1975-nji ýylda ýykylýar.

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe, kolonial ulgamyň dargamagyna esasy sebäpler nämelerden ybaratdy?*

## Dawalar we krizisler

Aziýada, Afrikada we Latyn Amerikasynda peýda bolan ençeme döwletleriň araçäkleri etnik, dini araçäkler bilen laýyk gelmeýärdi, bu bolsa köp içki we döwletlerara dawalara sebäp bolýar. Hindistan garaşsyzlyk gazanandan soň ol dini alamat esasynda 1947-nji ýylda iki döwlete – Hindistan Soýuzyna we Päkistana bölünýär, millionlarça adamlar gaçaklara öwrülýär, iki döwletiň arasynda birnäçe gezek harby dawalar bolup geçýär. 1947-nji ýylda Palestinanyň arap we musaýy döwletlerine bölünmegi Ýakyn Gündogarda hemişelik krizis ojagyny emele getirýär.

Günorta-Gündogar Aziýadaky Filippin, Koreýa, Wýetnam ýaly ýurtlar hem garaşsyzlygyň ilkinji döwürlerinde içki we daşary uruşlary başdan geçirýärdi. Hytaýda raýatlar urşy **1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda** Hytaý Halk Respublikasy yglan edilmegi bilen tamamlanýar.

1950-nji ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň aglabasynda demokratik ugurdaky hökümetler iş başlaýar. Bu hökümetler daşary ýurt, ilki bilen ABŞ kapitalynyň täsirini kemeltmek üçin göreşýär. Emma 1960–1970-nji ýyllarda aglaba Latyn Amerikasy ýurtlarynda döwlet agdarylyşyklary bolup, häkimiýete harby huntalar gelýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MODERNIZASIÝANYŇ KYN ÝOLY

Garaşsyz ösüş ýoluna giren ýurtlarda modernizasiýa ýoluny saýlamak kyn prosese öwrülýär. Bir bölek döwletler düýnki kolonizatorlara eýermegi islemeýärler we garaşsyz modernizasiýa ýoluny saýlaýarlar. Olaryň aglabasyda entek gaty yzagalak jemgyýetçilik gatnaşyklary höküm sürýärdi. Işe ýaramly ilatyň örän uly (käbir ýurtlarda 90% çenli) bölegi oba hojalygynda meşguldy. Tehnika bilen üpjünçilik derejesi-de örän pesdi. Ilat sanynyň köpligi we çalt ösüşi, arzan işçi güýji-de modernizasiýa üçin uly kömek bermedi. Şoňa seretmezden, öňki koloniýalar garaşsyzlyk gazanmagy, ýarym garaşsyz ýurtlarda milli režimleriň häkimiýete gelmegi netijesinde yzagalaklygy ýeňip geçmek, çalt ösüş ýoluny saýlamak taglymlary ileri tutulýan taglymlara öwrülýär. Ösýän ýurtlaryň käbirleri örän uly ykdysady üstünlikleri gazanýarlar.



### ÝATDA SAKLAŇ

*1947-nji ýylda Hindistan Soýuzy we Päkistan emele geldi.*

*1947-nji ýylda Palestinanyň arap we musaýy döwletlerine bölünmegi Ýakyn Gündogarda hemişelik krizis ojagyny emele getirdi.*

*1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Hytaý Halk Respublikasy yglan edildi.*

*Portugaliýa kolonial imperiýasy 1975-nji ýylda ýykylýar.*

## Yslam ýurtlarynda modernizasiýanyň özboluşly ýollary

Ýakyn we Orta Gündogarda hem-de Demirgazyk Afrika ýurtlarynda yslam dini aýratyn orna eýedi. Bu ýurtlaryň halklarynyň taryhynda, olaryň sosial-ykdysady we syýasy durmuşynda yslam dini möhüm rol oýnapdyr. Ilkinji milli-azatlyk hereketleri hem yslam baýdagy astynda amala aşyrylypdy. Şu sebäpli yslam dini bu ýurtlardaky modernizasiýa prosesine-de uly täsir edýär. Aglaba musulman ýurtlarynda modernizasiýa prosesi dini urp-adatlary hasaba almak bilen amala aşyrylandygy üçin ilat tarapyndan uly garşylyklarsyz kabul edilip, oňyn netijelere getirýär.

Käbir yslam ýurtlarynda geçirilen özgertmeler prosesinde şu faktory hasaba almazlygyň netijelerini Eýrandaky modernizasiýa prosesi aýdyň görkezýär. 1979-njy ýylda adaty yslam gymmatlyklaryna we durmuş ýörelgelerine gaýtmak şygary astynda başlanan hereket bütin ýurdy gurşap alýar. Şa Muhammet Riza Pahlawy daşary ýurda gaçmaga mejbur bolýar, häkimiýet yslam dini ýolbaşçylarynyň eline

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



geçýär. Şu sebäpli yslam dininiň täsiri güýçli bolan ençeme ýurtlarda häkimiýet ilatyň durmuş ýörelgelerini we däplerini özgertmäge hereket etmeýärler. Olar jemgyýetde fanatiklik keýpiniň ösüşine garşylyk etmezden, yslam raýdaşlygy taglymyna daýanýarlar. Şeýle raýdaşlyk mümkinçilikleri çäklendirilen ýurtlarda häzirlikçe jemgyýeti modernizasiýa etmek we içki durnuklylygy üpjün etmegiň ýeke-täk ýoly hökmünde garalýardy.

*Muhammet Riza Pahlawy*

## Awtoritar režimler: modernizasiýa tejribesi

Awtoritarizm – bir şahs (ýa-da topar) häkimiýetiniň çlyşmazlygyna esaslanan demokratik däl syýasy režim. Onda raýatlaryň mälim ykdysady, syýasy we başga hukuklary saklanyp galýar. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň aglabasynda garaşsyzlyk ýyllarynda awtoritar režimler ornaşdyrylýar. Bu köp yagdaylarda şu ýurtlarda şekillenen ösüş modeli we dini ynançlar bilen bagly. Ençeme döwletlerde awtoritar režimler modernizasiýa prosesini şowly amala aşyrmak mümkinligini görkezdi. Braziliýa, Argentina, Çili ortaça ösüş derejesine ýetýär. Emma Aziýadaky we Afrikadaky aglaba awtoritar režimler jemgyýetiň krizisine, ykdysady pese gaçma, ençeme ilatyň heläk bolmagyna getirýär.

### TARYHY SER SALMA

*Bu döwürde käbir döwletler ösen döwletlere eýermek islemedi we özbaşdak modernizasiýa ýoluny saýladylar.*

*Siziň pikiriňizçe, munuň esasy sebäpleri nämelerden ybarat bolupdyr? Synpda kiçi toparlara bölünip, pikiriňizi esaslandyryň we IKT-dan peýdalanmak bilen tanyşdyrma taýýarlaň.*

### UGRUKDYRYJY SORAGLAR

*1. Özbaşdak ýagdaýda ikinji jahan urşundan soň Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysady ösüşi bilen tanşyň.*

*2. Geografiýa predmetinde alan bilimleriňize daýanyp, Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň paýtagty, pul birligi we klimaty we başga hemme bilmeli bolan maglumatlary jedwel görnüşinde depderiňize bellik ediň.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mahlasy, XX asyryň ikinji ýarymy Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň aglabasy üçin ösüş ýönelişini saýlamak döwri bolýar. Şu döwürde syýasy garaşsyzlygy gazanan döwletleriň bir böleginde saýlama döwri entegem dowam edýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*«Meniň nazarymda, Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň makul ýoly» temasynda esse ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Imperiýa –** 1) imperator, patyşa, korol dolandyrýan döwlet; 2) birnäçe kolonial çäklere eýe bolan, totalitar düzüme esaslanan döwlet.

**Harby hunta –** ispan dilinde gepleşýän ýurtlardaky bileşme. Latyn Amerikasynyň käbir ýurtlarynda harby agdarylyşyk netijesinde häkimiýet başyna geçen harby hökümet.

**Modernizasiýa, modernizirleme** (fransuzça moderne — «iň täze», «döwrebap») — käbir zady täzelemek, häzirki zaman talaplaryna we normalaryna laýyklykda üýtgetmek.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşundan soň Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynda ýüze çykan dawalaryň we krizisleriň sebäplerini aýdyp beriň.**
2. **Aziýa we Afrika döwletlerinde modernizasiýanyň kyn ýoly haýsy taraplarda ýüze çykdy?**
3. **Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynda awtoritar režim şertinde modernizasiýa tejribesiniň özboluşly taraplary nämelerden ybaratdy?**
4. **Aziýadaky we Afrikadaky ykdysady krizisiň esasy sebäpleri nämelerden ybarat bolupdyr?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 25-nji tema

# Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa: Aziýa siwilizasiýasy gymmatlyklary we Günbatar önümçilik usulynyň sazlaşyklygy

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa döwletlerini dünýäniň syýasy kartasyndan tapyň.
2. Orta asyrlar we täze döwür taryhynda Aziýa ýurtlary siwilizasiýasy gymmatlyklarynyň esasy taraplary nämelerden ybaratdy?
3. Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa döwletleri birinji we ikinji jahan uruşlaryndan nähili netije çykardy?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BAZAR YKDYSADYÝETINE GEÇIŞ. ÝAPON «YKDYSADY TÄSINLIGI»

**ÝADA SALYŇ**

*Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa döwletleriniň täze döwür taryhynda ýüze çykan iň möhüm haýsy wakalaryny bilýärsiňiz?*

Ýaponiýada häkimiýet general D.Makartur baştutanlygyndaky ABŞ-nyň okkupasion goşunlarynyň ştabyna geçýär. Ýaponiýada demokratik prosesleri başlan amerikanlar iki maksady: birinjiden, Ýaponiýanyň demokratik döwlete öwrülmegi we hiç haçan başgalara howp salmazlygyny; ikinjiden, ýaponlarda özüniň müň ýyllyk söweşjeň däplerine eýe bolan söweşjeň ruhuny syndyrmak gözläpdiler. D.Makartur Ýaponiýada agrar özgertmeleri geçirmek barada direktiwa çykarýar. Öz ýer emläginde ýaşamaýan iri ýer eýeleri şu emläge eýelik etmek hukugyndan mahrum edilýär, ýer onda işleýänlere berilýär. Ilatyň esasy gatlagy fermerlere öwrülýär.

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe, bu günki Ýaponiýanyň ösüşiniň hakyky sebäpleri nämelerden ybarat?*

Emma senagatda dikeldiş örän haýal geçýärdi. Aziýa pikir we zähmet däplerine eýe bolan ýaponlary günbatarça zähmet usullaryna öwretmek aňsat geçmeýär. Ameriknlar ýaponlary iň häzirki zaman biznes usullary bilen tanyşdyrýar, kadrlary taýýarlamagyň amerikan standartlary girizilýär. 1950-nji ýyllaryň ortalaryna gelip Ýaponiýada bazar ykdysadyýeti infragurluşy şekillenýär. Bütin dünýäde «ýapon ykdysady täsinligi» diýilýän döwür başlanýar. Bu döwürde senagatyň ösüşi hem örän ýokary bolup, esasan agyr industriýa we himiýa önümçiliginiň hasabyna ösýärdi. Bu ilki bilen zähmet öndrijiliginiň çalt depginler bilen ösüşi sebäpli gazanylar. 1960-njy ýyllaryň ahyryna gelip Ýaponiýa ähli içki önümiň göwrümi boýunça dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orna çykýar.

## Postindustrial ykdysady modeliň şekillenmegi

1970–1980-nji ýyllardaky ykdysady ösüş netijesinde Ýaponiýada şekillenen ykdysady model postindustrial siwilizasiýa esas bolýar. Täze ykdysady ulgamda üçünji sektor diýlip atlandyrylýan ugurlar – söwda, hyzmat etmek, maliýe, sosial ugur, ylym, informatika, infragurluşlar esasy orny eýeleýär. Bu ugurlaryň esasyny ylmy täzelikler, dizaýn, nou-hau we şular ýalylar döredýär. 1980-nji ýyllardan Ýaponiýada 26 sany tehnopolisler döredilýär. Bu häzirki zaman infragurluş, transport

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we informasion ulgama eýe bolan nusga şäherlerdi. Netijede Ýaponiýa dünýä bazaryna täze görnüşdäki önümler – mikroprosessorlar, personal kompýuterler, senagat robotlary we tiz özgerýän önümçilik ulgamlary bilen çykýar. Eksportyň uly bölegini halk sarp ediş harytlary – telewizorlar, wideo-magnitofonlar, mikserler, mikrotolkunly peçler we şular ýalylar düzýär.

Mahlasy, Ýaponiýa täzelikler bilen däpleri ajaýyp ýagdaýda uýgunlaşdyryp bilýänligini görkezýär. Bu ýurduň iň täze taryhy Günbataryň tehniki üstünlikleri bilen Gündogaryň gumanistik etikasyny üstünlikli utgaşdyrylmagyna aýdyň mysal bolup biler.

**ÝATDA SAKLAŇ**

*1960-njy ýyllaryň ahyryna gelip Ýaponiýa ähi içki önümiň göwrümi boýunça dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orna çykdy.*

## HYTAÝDA **RAÝATLAR URŞY**

1. «Ýüz gül» syýasaty, pikir we söz azatlygy, birinji bäş ýyllyk meýilnama (1953–1957)
2. «Uly böküş», ikinji bäş ýyllyk meýilnama (1958-1962)
3. SSSR bilen gatnaşyklarda dartgynlyk
4. «Medeni rewolýusiýa» (1966–1976), hunweýbinler we szaofanlar
5. ABŞ bilen ysnyşyk, Prezident R. Niksonyň HHR-na sapary



*Hytaý Halk Respublikasy Mao Szedun döwründe*

**1945**-nji ýylyň awgustynda SSSR-iň we ABŞ-nyň arada durmagynda Hytaý Kommunistik partiýasy (HKP) we Gomindan özara duşmançylyk hereketlerini togtatmaga ylalaşylýar. HKP öz gözegçiligi astyndaky çäklerde agrar özgertme geçirip, ýeri gaýtadan paýlamagy amala aşyrýar. Gomindan bolsa parahatçylyk baradaky ylalaşygy ýatyryp, öz goşunlaryny toplap başlaýar. Hiç kim garaşmadyk ýagdaý 1946-njy ýylyň iýunynda Hytaýda kommunistler bilen gomindanyň arasynda raýatlar urşy gaýtadan başlanýar.

1949-njy ýylyň sentýabrynda Günorta Hytaýyň ähli diýen ýaly çäkleri kommunistleriň gözegçiligine geçýär. **1-nji oktýabr** güni **Hytaý Halk Respublikasy (HHR)** yglan edilýär. Gomindan administrasiýasy Taýwan adasyna göçýär. Şeýdip, bütin ýurt bir döwlete birleşýär. Häkimiýete kommunistler gelip, Mao Szedun HHR-nyň başlygy wezipesini eýeleýär – ol ýokary häkimiýet simwolyna öwrülýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Syýasy ulgamyň şekillenmegi. «Uly böküş» we «Medeni rewolýusiýa».

**1950**-nji ýyllarda Hytaýda SSSR-iň kömeginde sosializm gurmak başlanýar. Emma 1956-njy ýyldan iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar bozulýar. **1958-nji ýylda** kabul edilen plan Hytaýda möhletinden öň sosializm gurmagy nazarda tutupdy. Bu plan senagat önümçiliginiň we oba hojalygynyň çalt ösüşini nazarda tutýardy. Ol **«uly böküş»** diýlip atlandyrylyp, onuň düzüm bölegi «tehniki rewolýusiýa» bolýar. Zähmet netijeliligini artdyrmak «üç ýyl edermen zähmet – üç müň ýyl bagt-sagadat» şygary astynda alnyp barylýar. 12 sagatlyk iş güni girizilýär, adamlar dynç alyş günlerisiz zähmet çekýärler. Bu we şoňa meňzeş ençeme çärelerden gözlenen maksat, «uly böküş» arkaly kommunizm gurmak bolup, örän uly başyny başlaýjylyk ruhuna seretmezden, bu planlar esasan kagyzda galýar. «Uly böküş» şeýdip şowsuz tamamlanýar. **1966-njy ýylda** Hytaýda býurokratiýa garşy göreş prosesi «medeni rewolýusiýa» adyny aldy. Ol ýurtda Mao Szedunyň şahsy häkimiýetini ornatmak, oppozisiýany ýok etmek üçin alnyp barylan syýasy prosesdi. **«Medeni rewolýusiýa»** intelligentlere garşy giň möçberli gadaganlara, HKP we jemgyýetçilik guramalary derbi-dagyn edip, medeniýete we bilime örän uly zyýan ýetirýär, feodal urp-adatlara we däplere garşy göreş şugary astynda köp medeniýet ýadygärlikleri ýok edilýär, daşary syýasy kurs ýiti özgerip, ýurtda antisowetizm güýçlenýär. **«Medeni rewolýusiýa»** amala aşyrmak netijesinde 20 mln adam heläk bolupdyr.



### ÝATDA SAKLAŇ

*Siziňçe, Hytaýda «Uly böküş», «Medeni rewolýusiýa» we «üç ýyl edermen zähmet – üç müň ýyl bagt-sagadat» şygary astynda geçirilen özgertmeleriň netijeleri nähili tamamlanypdyr? Pikiriňizi esaslandyrmak bilen synpda kiçi toparlara bölünip, ylmy klasterden peýdalanyp, IKT-dan peýdalanyp tanyşdyrma taýýarlaň.*

## Den Sýaopin we täze özgertmeleriň başlanyşy

**1976**-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda Mao Szedun aradan çykýar we «Medeni rewolýusiýa» resmi taýdan tamamlanýar. Häkimiýete gelen Den Sýaopin pragmatik özgertmeleriň täze konsepsiýasyny işläp taýýarlaýar. Konsepsiýada «dört modernizatsiýa» özgertmeleri – oba hojalygyny, senagaty, ylmy-tehnikany we harby ugry özgertmek kesgitläp alynýar. Hytaýyň ykdysadyýetine daşary ýurt inwestisiýalary hem akyp gelip başlaýar. Aýry daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylar işjeň inwestisiýa girizýär. Daşary ýurt kapitalyny çekmek üçin Hytaý günortada 4 sany erkin ykdysady zonalary döredýär. Bilelikdäki kärhanalar we daşary ýurt karzlary barada kanun kabul edilýär. 1980-nji ýyllaryň ahyryna gelip Hytaý ösüşiň täze basgançagyna çykýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KOREÝA RESPUBLIKASY: YKDYSADY ÖSÜŞ BASGANÇAKLARY WE SYÝASY HÄKIMIÝET MESELELERI

- **1948 Sentýabr** – Günortada Koreýa Respublikasy döreýär, muňa jogap edip Demirgyzykda KHDR düzülenligi yglan edilýär.
- **1950 Iýun** – Demirgazyk armiýasynyň Günorta çozup girmegi bilen bir-biriňi gyrmak urşy başlandy
- **1950 Sentýabr** – ABŞ Günorta goşunlaryna kömek iwerdi.
- **1950 Noýabr** – Hytaý KHDR-na kömek edip başlaýar.
- **1953 Iýul** – Uruş gutaryp, 38-nji parallel boýunça serhet geçirilýär.

**1945**-nji ýylyň awgustynda Ýaponiýanyň Koreýadaky goşunlary boýun egýär. Olary ýaragsyzlandyrmak bahanasynda SSSR we ABŞ Koreýanyň çägini wagtlaýyn ikä bölýär. Şeýdip Koreýa ikä bölünip gidýär – günorta bölegine ABŞ, demirgazyk bölegine – SSSR öz goşunlaryny girizýär.

Günorta Koreýa ösüşiň birnäçe basgançaklaryny öz içine alýar. Ilki bilen agrar özgertme geçirilip, onuň netijesinde ýer daýhanlara hususy emläk edip berilýär. 1960-njy ýyllaryň dowamynda, ýurtda industrirleme syýasaty amala aşyrylýar. 1970-nji ýyllary öz içine alan üçünji basgançakda agyr senagat, ilki bilen, metallurgiýa, maşyn gurluşyk, himiýa senagaty ösdürilýär. Iri metallurgiýa kombinatlary gurlup, ýurt polat guýmak boýunça Aziýada Ýaponiýadan soň ikinji orna çykýar.

Koreýa Respublikasynyň syýasy ösüşi-de örän çylşyrymly geçýär. Ýurtda birnäçe harby agdarylyşyklar amala aşyrylýar. Şoňa seretmezden, Koreýa Respublikasy 1980-nji ýyllaryň ahyryna gelip dünýäniň iň ösen ýurtlaryndan birine öwrülýär.



*Günorta we Demirgazyk Koreýa*

### BILJEK BOLUŇ

*D.Makartur Ýaponiýada…*
*1950-nji ýyllaryň ortalarynda…*
*1956-njy ýyldan…*
*«Uly böküş» bu - ...*
*«Medeni rewolýusiýa» bu - ...*
*Mao Szedunyň wepaty ...*
*Zähmet netijeliligini ardyrmak…*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR

*Geografiýa predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa we Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň paýtagtyny, pul birligini hem-de hukuk predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, döwlet dolandyryşy we syýasy partiýalaryň jemgyýetdäki ornuny görkezýän maglumatlary jedwel görnüşinde depderiňize bellik ediň.*

## ÇEPER BILEN BILEN IŞLEMÄGE DEGIŞLI ÝUMUŞ

*Özbaşdak ýagdaýda Daron Ajemogly we Jeýms Alan Robinson galamyna degişli «Ýurtlaryň krizisiniň sebäpleri: güýç, abadançylyk we garyplyk çeşmeleri» eserini okaň.*

*«Meniň nazarymda, ýurtlaryň krizisiniň sebäpleri şunda, ....» temasynda esse ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Direktiwa** – ýokary ýolbaşçy organlar tarapyndan berlen we ýerine ýetirilmegi mejbury hasaplanýan resmi görkezme, maksatnama.

**Postindustrial siwilizasiýa –** ösen ýurtlarda XX asyryň ikinji ýarymyndan jemgyýetçilik ösüşinde emele gellip başlan täze basgançak.

**Antisowetizm** – sowet häkimiýetine, sowet durmuş tärine ýa-da Sowet Soýuzyna garşy gönükdirilenm garaýyşlar ulgamy bolup, 1920-nji ýyllardan başlap şekillenen.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Nähili faktorlar sebäpli Ýaponiýada bazar ykdysadyýetiniň infragurluşy şekillenip, «ýapon ykdysady täsinligi» döwri başlandy?**
2. **Hytaýda raýatlar urşy nähili netijeler bilen tamamlandy?**
3. **Hytaýyň taryhynda Mao Szedun we Den Sýaopin ýaly taryhy şahslar nähili orun eýeleýär?**
4. **Koreýa Respublikasynyň özboluşly ösüş ýoly we ykdysady ösüş basgançaklary barada aýdyp beriň.**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



26-njy tema

# Hindistanda we Päkistanda garaşsyzlygyň çylşyrymly ýoly

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Hindistan we Päkistan döwletlerini dünýä syýasy kartasyndan tapyň.
2. Hindistanyň we Päkistanyň çäklerinde bar bolan orta asyr döwletlerinden haýsylaryny bilýärsiňiz?
3. Baburylar döwleti Ekberşa döwründe haýsy çäklerden emele gelipdi?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Garaşsyzlygyň yglan edilmegi

**ÝADA SALYŇ**

*«Ost-Indiýa» kompaniýasy haçan we nähili maksatda döredilen?*

Ikinji jahan urşy tamamlanmagy bilen Hindistandaky hindi we musulman dini obşinalarynyň arasynda agzalalyklar ýene-de ýitileşýär. Munuň üstesine uruşdan soňky azyk krizisi Hindistany açlyk diýen ýaly ýagdaýa getirip, ony örän kynlaşdyrýar. Şeýle kyn şertde **1947-nji ýylyň 15-nji awgust** güni iki garaşsyz döwlet – Hindistanyň we Päkistanyň döredilenligi yglan edilýär. Hindistanyň hökümetini **Jawaharlal Neru**, Päkistanyň hökümetini bolsa **Liakat Alihan** dolandyrýar. Emma Hindistanyň bölünişi wagtyndaky dawalarda adamlaryň köpçülikleýin öldürilmegi uzak ýyllara Hindistan bilen Päkistanyň arasynda özara duşmanlyk duýgusyny döredýär. Öz ýurduny taşlap, başga çäklere göçmek hem millionlarça adamlar durmuşyna täsir edýär.



*Jawaharlal Neru*

## Häzirki zaman syýasy ulgamynyň şekillenmegi

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe, şu döwürde Hindistandaky azyk krizisi hem-de açlyk ýagdaýynyň hakyky sebäpleri nämelerden ybaratdy?*

XX asyrda garaşsyzlygyny gazanan Aziýa we Afrika ýurtlarynyň içinde Hindistan hemişelik parlament demokratiýasyny şekillendirmegi başaran ýeke-täk döwletdi. 1949-njy ýylda Hindistanyň täze Konstitusiýasy kabul edilýär. Oňa görä Hindistan dünýewi respublika diýlip yglan edilýär. Konstitusiýa esasy demokratik azatlyklary, adam hukuklaryny, kastalaryň deňligini, häkimiýetiň bölüniş prinsiplerini yglan edýär. Hindistan – uly awtonom hukuklara eýe bolan ştatlar we çäkler bileleşigi federasiýasy. Her bir ştat özüniň kanun çykaryjy mejlisine we hökümetine eýe. Koloniýa döwründen Hindistana agyr ykdysat miras galýar. J. Neru hökümeti ykdysady meseleleri çözmegi, modernizasiýany amala aşyrmagyň ýoly hökmünde ykdysadyýetde döwletiň roluny artdyrmagy saýlaýar. Ýurt maliýe syýasaty, umummilli möçberdäki iri kärhanalar we infragurluş obýektleri, daşary syýasat, goranma we şular ýalylar merkezi häkimiýetiň garamagyna geçýär. Hindistan lingwistik alamata garap ştatlara bölünýär. 1964-nji ýylda Jawaharlal Neru aradan çykandan soň onuň ýerini Lal Bahadur Şastri eýeleýär. 1966-njy ýylda ýanwarda Daşkentde Hindistan bilen Päkistanyň arasyndaky gepleşiklerden soň «Daşkent deklarasiýasy»na gol çekilýär. Şu mynasybetli Daşkende gelen L.B. Şastri tötänden wepat bolýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## ÝATDA SAKLAŇ!

*1947-nji ýylyň 15-nji awgust güni iki garaşsyz döwlet – Hindistan we Päkistan döredilýär.*

*1949-njy ýylda Hindistanyň täze Konstitusiýasy kabul edildi.*

*1966-njy ýyl ýanwarda Daşkentde Hindistan bilen Päkistanyň arasyndaky gepleşiklerden soň «Daşkent deklarasiýasy»na gol çekilýär.*

Häkimiýete J.Nerunyň gyzy Indira Gandi gelýär. Ol ýurtda «ýaşyl rewolýusiýa» diýlip atlandyrylan täze agrar syýasaty amala aşyrýar. Netijede 1970-nji ýylda galla we şaly hasyllylygy ýiti artýar. Gallanyň, şalynyň we gandyň lomaý söwdasy doly nasionalizasiýa edilýär. Nasionalizasiýa prosesi senagatda hem amala aşyrylýar. Emma ýurtda I. Gandiniň syýasatyndan närazylyk barha güýçlenýär. Aýratynam obalary elektrifikasiýa etmek örän uly ähmiýete eýe bolýar. Emma Hindistan entegem köpçülikleýin garyplyk ýurdy bolup galardy. Hökümet garyplyk derejesini ýuwaş-ýuwaşdan peseltmegiň çärelerini amala aşyrýar. Netijede garyplyk derejesiniň ýiti kemelmegi gazanylýar. Şeýle ýagdaýda 1991-nji ýylyň 21-nji maý güni terrorçy tarapyndan R.Gandi öldürilýär. Häkimiýete gelen Narasimha Rao hökümeti bazar özgertmeleriniň täze basgançagyny başlamaga mejbur edýär.




## TARYHY SER SALMA

*Siziňçe, Hindistanda nasionalizasiýa prosesiniň netijeleri nähili tamamlanypdyr. Synpda kiçi toparlara bölünip, T-çyzgy grafik organaýzerinden peýdalanyp tanyşdyrma taýýarlaň we pikiriňizi esaslandyryň.*

## PÄKISTAN

1947-nji ýylda Hindistanyň bölünmegi netijesinde Beýik Britaniýanyň gözegçiligi astynda bolan täze döwlet – Päkistan dominiony döredilýär. Täze döwletiň düzümine bu günki Päkistanyň çäginden daşary Gündogar Bengaliýa hem girip, ol täze döwlet – Bangladeş hökmünde 1971-nji ýyl bölünip çykýar. Päkistan esasan musulman ilat ýaşaýan, bir-biri bilen baglanmadyk birnäçe çäklere eýe bolýar. Şeýle bölüniş iki döwletiň arasynda hemişelik araçäk meselelerini getirip çykarýar.

1951-nji ýylda Päkistan öz garaşsyzlygy barada yglan edýär. 1956-njy ýylda Esaslandyryjy mejlisi Konstitusiýany kabul edýär. Oňa görä Päkistan Respublikasynyň düzülenligi yglan edilýär. Emma ýurtdaky syýasy güýçleriň ara-

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**BILJEK BOLUŇ**

*1964-nji ýylda...*

*1951-nji ýylda....*

*1980-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda...*

*1977-nji ýylda ....*

*1990-njy ýyllaryň başlarynda...*

*general Ziýa ul-Hakyň işi...*

synda agzybirlik ýokdy. Netijede syýasy gapma-garşylyk birnäçe harby agdarylyşyklara getirýär.

Päkistanda durnuksyz syýasy ýagdaý saklanyp galýar. 1977-nji ýylda nobatdaky harby agdarylyşykdan soň harbylar jemgyýeti yslamlaşdyrmak arkaly umumy deňlik we abadançylyk döwletini gurmaga synanyşýar. Şerigat sudy döredilip, ol kabul edilýän kanunlaryň Gurhana we şerigata laýyklygynyň üstünden gözegçiligi ýola goýýar Ykdysadyýeti hem yslamlaşdyrmak başlanýar. Ýurtda adatdan daşary ýagdaý yglan edilip, bütin çäk 5 zona bölünip, olara harby ýolbaşçylar bellenýär. Tertip saklamak üçin tribunallar döredilýär.

1988-nji ýylda harby diktator general Ziýa ul-Hak parlamenti dargadýar, premýer-ministri wezipesinden boşadýar we erkin saýlawlar bellenýär. Emma şu ýylda ol awiaheläkçilik netijesinde heläk bolýar. Şondan soň bolup geçen saýlawlar netijesinde Benazir Bhutto ýurduň premýer ministri bolýar. Ol harby režim döwründe tussag edilen ähli syýasy işgärlere amnistiýa berýär. Päkistandaky durnuksyz syýasy ýagdaý ýurduň ykdysadyýetine hem erbet täsir edýär. Päkistan ösýän agrar-industrial ýurt bolup, ilatyň uly bölegi oba hojalygy bilen meşgullanýar. Eksport edilýän esasy harytlaryna dokma, deri önümleri, sport önümleri, himiki maddalar we halylar girýär.




*Päkistandaky syýasy göreşiň ýyl ýazgysy*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR

*1. Özbaşdak ýagdaýda ikinji jahan urşundan soň Hindistanyň we Päkistanyň ykdysady ösüşi bilen tanşyň.*

*2. Geografiýa predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, Hindistanyň we Päkistanyň geografik ýerleşýän ýerleşişi, paýtagty, pul birligi hem-de hukuk predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, döwlet dolandyryşy we syýasy partiýalar ýa-da häkimiýet başyna gelen şahslaryň amala aşyran işlerini görkezýän maglumatlary jedwel görnüşinde depderiňize bellik ediň.*

## DÖREDIJILIKLI IŞ

*Garaşsyzlyk ýyllarynda täzeden dörän Hindistan we Päkistan döwletleriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm taraplaryny analiz ediň.*

*«Meniň nazarymda, Hindistanyň we Päkistanyň ösüşi hem-de meseleleri şundan ybarat, ...» temasynda esse ýazyň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Kastalar** – çylşyrymly jemgyýetçilik düzümi bolup, gatlaklanmagy aňladýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşy tamamlanmagy bilen Hindistandaky hindi we musulman dini obşinalarynyň arasynda agzalalyklaryň ýene-de ýitileşmegi nähili netijeler bilen tamamlandy?**
2. **1949-njy ýylda kabul edilen Hindistanyň täze konstitusiýasyna görä ýurtda nähili düýpli özgerişler boldy?**
3. **Päkistan öz garaşsyzlygy barada yglan edenden soň 1956-njy ýylda Esaslandyryjy mejlisi kabul eden konstitusiýa ýurtda nämeleri üpjün edip bilmedi?**
4. **Päkistanyň taryhynda general Ziýa ul-Hak hem-de Benazir Bhuttolaryň dolandyran döwri nämeler bilen düşündirilýär?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# 27-nji tema

# Türkiýe, Eýran we Owganystan: dini gymmatlyklar we häzirki zaman siwilizasiýanyň meseleleri

### IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR

1. Türkiýe Ikinji jahan urşunda haýsy döwletler bilen ýaranlykda urşa giripdir?
2. Ikinji jahan urşy Eýranyň ykdysadyýetine nähili derejede täsir edipdir?
3. Kartadan Owganystan bilen serhetdeş döwletleri görkeziň.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 1945–1980-NJI ÝYLLARDA TÜRKIÝE

Türkiýäniň prezidenti Ismet Inýonýu ikinji jahan urşundan soň Atatürkuň ýoluny dowam etdirýär, ýurtda bir partiýa diktaturasy saklanyp galýar.

«Sowuk uruş» ýyllarynda Türkiýe Günbatar bilen bile bolýar. Beýik Britaniýa, soň ABŞ Türkiýä maliýe we ykdysady kömek berýär. Türkiýe «Marşallyň planyna» girizilýär. NATO agza bolýar. Günbatar döwletleri bilen hyzmatdaşlyk, olaryň kömegine seretmezden, 1980-nji ýyllara çenli Türkiýede ykdysady ösüş depginleri pes bolýar. Demokratik prosesler haýal ösüp, syýasatda armiýanyň roly ýokary bolmagynda galýar. Bu ençeme harby agdarylyşyklara getirýär.

**TARYHY SER SALMA**

*Osmanly türkler döwleti barada nämeleri bilýärsiňiz?*

1980-nji ýylyň sentýabrynda general **Kenan Ewren** nobatdaky harby agdarylyşyk geçirip, ýene harbylar häkimiýeti ele alýar. Örän berk, hatda gazaply usullar bilen bolsa-da, ýurtda tertip yerleşdirilýär. **1982-nji ýylyň noýabrynda** geçirilen referendum täze konstitusiýany tassyklaýar. 1983-nji ýylda Türkiýäniň premýer ministri bolan **Turgut Ozal** Türkiýede XX asyryň ahyrlarynda amala aşyrylan özgertmelerde örän uly rol oýnaýar. Ol Türkiýede haýal etmän ykdysady özgertmeleri başlap goýberýär. Ykdysadyýetde döwletiň roly peselýär, döwlet sektoryny giň hususylaşdyryş başlanýar, eksporty höweslendirmek barada, erkin ykdysady zonalary düzmek barada kanunlar kabul edilýär. Netijede Türkiýe çalt ösüş ýoluna düşýär. Ykdysadyýetde döwlet sektorynyň üstünligi uruşdan soňky Türkiýäniň häsiýetli tarapydy. Diňe T.Ozalyň özgertmeleri muňa çäk goýýar, ýurtda syýasy ýagdaý hem oňyn tarapa özgerýär. **1989-njy ýyldaky** salawlarda T. Ozal Türkiýe Respublikasynyň prezidenti edip saýlanýar. 1990-njy ýyldan premýer ministr wezipesini başga bir tejribeli syýasatçy Suleýman Demirel eýeleýär.

## EÝRAN

1946-njy ýylda iňlis we sowet goşunlary Eýrandan äkidilýär. 1950-nji ýyllaryň birinji ýarymynda Eýranyň syýasaty esasan ýurduň nebit senagatyny nasionalizasiýa etmäge bagyşlanýar.

Eýran şasy Muhammet Riza Pahlawy häzirki zaman, bilimli adamdy. Ol ýurtda korrupsiýa garşy, ykdysadyýeti modernizasiýa etmek üçin ençeme çäreleri amala aşyrýar. 1963-nji ýyl referendum geçirilip, onda şa ýurtda özgertmeler geçirmek teklibini girizýär. Referendumda ilat şanyň tekliplerini goldaýar. Bu özgertmeler umumy at bilen **«ak rewolýusiýa»** diýlip atlandyrylýar. «Ak rewolýusiýanyň» on ýylynda Eýran ykdysady ösüş boýunça dünýäde iň ýokary görkezijileri gazanýar. Eýranyň nebitden alýan girdejisi hem ýiti artýar. Senagatyň maşyn gurluşyk, stanok gurluşyk we başga ugurlary çalt ösýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Şa häkimiýetiniň agdarylmagy

Özgertmeleriň üstünligine seretmezden, şanyň režiminden närazylar ep-eslidi. Bu ýagdaý gozgalaňlara getirýär. Netijede **1979-njy ýylyň fewralynda** hökümet otstawka çykýar. Şanyň režimi agdarylýar, Eýran Yslam respublikasy diýlip yglan edilýär. Dindar şahslardan düzülen Geňeş täze konstitusiýany işläp taýýarlamaga girişýär. Derrew özüňi alyp barmagyň dini normalary girizilýär: alkogol içmek. Aýallar yslam däpleri boýunça geýinmäge mejbur edilýär. Günbatar ýurtlary Eýrana garşy sanksiýalary yglan edýär. Ýurduň ykdysady ýagdaýy barha agyrlaşýar. Şeýle ýagdaýda **1980-nji ýylda** Yragyň goşunlary Eýrana çozup girýär. Başlanan Eýran-Yrak urşy 1988-nji ýyla çenli dowam edýär. Eýranda azyk kynçylygy başlanyp, kartoçka ulgamy girizilýär, ykdysadyýet krizise duçar bolýar.

## OWGANYSTAN



*Sowet goşunlarynyň Owganystana girip gelmegi*

Owganystan şasy **Muhammet Zahirşa** bilimli adam bolup, owgan jemgyýetini gowy bilýär we modernizasiýanyň möhümligine çuňňur duýýar.

Bu döwürde jemgyýetçilik durmuşynda özgerişler haýal geçýär, ýiti özgertmeler amala aşyrylmaýar. Bu özgerişler şany agdarmak tarapdarlaryny işeňňirleşdirip goýberýär. Şa 1973-nji ýylda tagtdan agdarylýar. **Muhammet Dawud** prezident diýlip yglan edilýär. M. Dawud ençeme özgertmeleri amala aşyrýar. Emma bular owgan halkynyň diňe örän az bölegine täsir edýär. Iň möhüm çärelerden biri sowatsyzlygy ýok etmek boýunça döwlet müdirliginiň düzmek bolýar. **1977-nji ýylda** täze Konstitusiýa kabul edilip, oňa görä M. Dawud ömürlik prezident, diýlip yglan edilýär. Emma M. Dawud armiýanyň üstünden öz hökümdarlygyny yerleşdirip bilmeýär. 1978-nji ýylyň 27-nji aprelinda Owganystanda harbylar döwlet agdarylyşygyny amala aşyryp, M. Dawudy häkimiýetden daşlaşdyrýarlar. Rewolýusiýa geňeşi düzülýär. Geňeşe **Nur Muhammet Taraky** ýolbaşçylyk edýär. Häkimiýete gelen toparyň içinde hem birlik ýokdy. Netijede N.M. Taraky öldürilýär. Häkimiýeti Hafizullo Emin öz eline alýar. Ol SSSR-e ýüzlenip, Owganystana sowet goşunlaryny girizmegi soraýar.

Şeýle şertde **1979-njy ýylyň dekabrynda** Owganystana sowet goşunlary girizilýär. H.Emin öldürilýär. Ýurtda ýagdaý agyrlaşýar. Millionlarça adamlar ýurdy terk edip, goňşy ýurtlarda gaçaga öwrülýär. OHDP-a bäsdeş bolan söweşjeň mujahidler ýurduň uly bölegine gözegçilik edýärdiler.

1986-njy ýylda häkimiýete **Muhammet Najibulla** gelýär. Onuň syýasaty esli üstünlikli bolýar. **1989-njy ýylda** SSSR öz goşunlaryny alyp çykarýar, ABŞ we Päkistan bolsa gozgalaňçylara ýarag bermegi bes edýär. M.Najibulla häkimiýeti saklap galýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1946** – Emir Zahirşanyň ýurdy özbaşdak dolandyrmaga geçmegi

**1953** – Muhammet Dawudhanyň hökümet başyna gelmegi

**1964** – Ýurtda demokratik konstitusiýanyň kabul edilmegi

**1973** – Döwlet agdarylyşygy: Muhammet Dawudhanyň prezidentliginiň başlanmagy

**1978–1979** – Sawr rewolýusiýasy; Sowet goşunlarynyň Owganystana girizilmegi

*Owganystanyň sowuk uruş döwrüniň ýyl ýazgysy*

## INTERNET BILEN IŞLEMEK

*Internet çeşmelerinden Eziz Nesiniň «Täsin çagalar» romanyny tapyp okaň, ol boýunça kiçi okuw taslamasyny taýýarlap, gurnak sapagynda tanyşdyrma geçiriň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**«Ak rewolýusiýa»** – 1963–1979-njy ýyllarda Şa Muhammet Riza Pahlawy tarapyndan Eýranda amala aşyrylan syýasy we sosial-ykdysady özgertmeler toplumy. Olar medeniýet we agrar sektordaky özgerişleri, ilatyň saýlaw hukuklaryny giňeltmegi we ýurdy senagatlaşdyrmagy öz içine alýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Türkiýede 1945–1980-nji ýyllarda amala aşyrylan özgerişler nähili netijelere getirdi?**
2. **Türkiýäni çalt ösüş ýoluna düşüren T.Ozal özgerişler we olaryň netijeleri barada aýdyp beriň.**
3. **Eýrandaky «Ak rewolýusiýa» nähili maksatlary gözläpdi we ol nähili netijelere getirdi?**
4. **1979-njy ýylda Eýranda şa režiminiň agdarylmagy we Eýran Yslam Respublikasynyň yglan edilmegine nähili faktorlar sebäp boldy?**
5. **Owganystanda 1979-njy ýylda amala aşyrylan «rewolýusiýa» owgan jemgyýetinde nähili özgerişlere getirdi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



28-nji tema

# Siriýa, Yrak we Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Siriýa, Yrak döwletlerini dünýäniň syýasy kartasyndan tapyň.
2. Birinji jahan urşuna çenli Siriýa, Yrak haýsy döwletiň(leriň) koloniýasy hasaplanypdyr?
3. Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SIRIÝA

Siriýa Ikinji jahan urşundan öň Fransiýanyň mandaty astyndady. 1943-nji ýylda de Gollyň garşylygyna seretmezden, Siriýa öz garaşsyzlygyny yglan edýär. Emma real garaşsyzlyk 1946-njy ýylda daşary ýurt goşunlary ýurduň çäginden äkidilenden soň gazanylýar. Resmi taýdan parlament respublikasy diýlip yglan edilenine seretmezden, Siriýada berkarar demokratik däpler şekillenmeýär, häkimiýet üçin ýiti göreş gidýär.

1940-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda Siriýada buržuaz-demokratik döwleti gurmak maksadyny öz öňüne goýan milli buržuaz hökümetleri bir-birini çalyşýar.

Jemgyýetiň syýasy durmuşynda öňdebaryjy rol oýnaýan Arap sosialistik oýanyş partiýasy 1957-nji ýylda ýurda Müsür goşunlaryny çagyrmagyň tarapdary bolup çykýar. 1958-nji ýylyň fewralynda Siriýa bilen Müsür ýaranlyga birleşip, Birleşen Arap Respublikasy (BAR) diýlip yglan edilýär.

Ençeme närazylyk çykmaklaryndan soň 1961-nji ýylyň sentýabrynda armiýa ofiserleri harby agdarylyşygy amala aşyrýar. Şol güni harby serkerdelik Siriýanyň BAR düzüminden çykanlygyny we Siriýa Arap Respublikasynyň döredilenligini yglan edýär.

1970-nji ýylyň noýabryndaky harby agdarylyşykdan soň ýurtda häkimiýet goranmak ministri general Hafiz Asadyň eline geçýär. Soňky ýylda geçirilen referendumda H.Asad Siriýanyň prezidenti edip saýlanýar. Siriýada uzak ýyllara H.Asadyň ýeke hökümdarlygy ýerleşdirilýär. 1980 – 1990-njy ýyllarda Siriýa sosializm gurmak kursuny dowam etdirýär. 1980-nji ýyllaryň ahyryna gelip ÄIÖ-iň esasy bölegini döwlet sektory berýärdi. Daşary syýasatda Siriýa Ysraýyla garşy berk pozisiýany eýeleýär. Liwiýa bilen ýakynlaşýar. 1980 – 1988-nji ýyllardaky Yrak – Eýran urşunda Yragy goldaýar. 1990-njy ýylda Yragyň Kuweýte garşy çozuşynda Siriýa Kuweýtiň tarapynda bolýar, oňa diplomatik, maddy we ruhy kömek berýär.

### PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ

*Siziňçe, şol döwürde Siriýada bolup geçen harby agdarylyşyklaryň sebäpleri nämelerden ybaratdy?*

## YRAK

1932-nji ýylda öz garaşsyzlygyny yglan eden Yrak köp taýdan Beýik Britaniýa bagly bolup galyberýär. 1958-nji ýylda generallar Abdul Kerim Kasym we Abdul Selim Arefiň baştutanlygynda döwlet agdarylyşygy guralyp, korol Feýsal, premýer ministr we korol maşgalasy agzalary öldürilýär. Emma özara jenjeller sebäpli soňluk bilen Abdul Kerim Kasym we Abdul Selim Aref hem öldürilýär. Ýurtda häkimiýet üçin göreş, döwlet agdarylyşyklary dowam edýär. 1968-nji ýyldaky nobatdaky döwlet agdarylyşygyndan soň real häkimiýet goranmak ministri Saddam Huseýniň eline geçýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ykdysadyýetde özgerişler geçirilip, ilat abadançylygyny artdyrmak gazanylýar. Ykdysady syýasatda döwlet sektoryny berkitmäge aýratyn üns berilýär. 1973-nji ýyla gelip eksportdan düşýän girdejiniň esasy bölegini nebit we nebit önümleriniň girdejisi düzýär.

1979-njy ýylda Saddam Huseýn resmi taýdan Yragyň prezidenti edip saýlanýar. 1980-nji ýylyň 22-nji sentýabrda Yrak Eýrana garşy uruş başlaýar. Eýran-Yrak urşy XX asyryň iň uzak dowam eden çäk taýdan çaknyşygy bolýar. Uruş 1988-nji ýyla çenli dowam etdi we uly gurbanlara getirdi.

1990-njy ýylda Yrak Kuweýte çozup girip, onuň çägini eýeleýär. BMG Howpsuzlyk geňeşi Kuweýtden Yrak goşunlarynyň haýal etmän çykarylmagyny talap edýär. 1991-nji ýylyň ýanwarynda halkara güýçler Kuweýti azat etmek boýunça «Sähradaky tupan» operasiýasyny başlaýar. Gysga möhletde Yrak armiýasy doly derbi-dagyn edilýär.



### TARYHY SER SALMA

*Siziňçe, ýurtda «Sähradaky tupan» operasiýasyndan soň daşary syýasatda nähili özgerişler bolupdyr? Pikiriňizi esaslandyryp, IKT-dan peýdalanyp tanyşdyrma taýýarlaň.*

## Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary

Günorta-Günbatar Aziýa sebitinde 16 sany garaşsyz döwletler ýerleşýän bolup, biz olaryň käbirleri bilen tanşyp geçeris.

## LIWAN

Ikinji jahan urşundan soň Günbatar döwletleriniň syýasy hökümdarlygynyň aradan aýrylmagy, daşary ýurt goşunlarynyň ýurtdan äkidilmegine seretmezden, daşary ýurt monopoliýalary Liwanda öz ýagdaýyny saklap galýar. 1948-nji ýylda Liwan «azat ýurt» diýip yglan edilýär. 1958-nji ýylyň maýynda ýurtda raýatlar urşy başlanyp, 3 müň adamyň ölümine getirýär. Şondan soň häkimiýete gelen we garaşsyz syýasat alyp baran Liwanyň täze hökümetini giň köpçülik goldaýar. 1960-njy ýyllarda Liwanyň ykdysadyýeti esasan hyzmat etmek ugruna ugrukdyrylypdy. Emma Ysraýyl agressiýasy Liwanda jemgyýetçilik, syýasy we etnokonfessional gapma-garşylyklary güýçlendirip goýberýär.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*«Sähradaky tupan» operasiýasy*

1975-nji ýylda Beýrutda palestinli söweşijiler bilen hristianlaryň otrýadlarynyň arasyndaky çaknyşyk Liwanda raýatlar urşuny başlap berýär, ol 1990-njy ýyla çenli dowam edýär.

## IORDANIÝA

1946**-njy ýylyň 22-nji martynda** Londonda **Transiordaniýanyň** garaşsyzlygy yglan edilýär we şu ýyl maý aýynda ýurduň ady **Iordaniýa** diýlip özgerdilýär. Emir **Abdallah I ibn Huseýn** ýurduň koroly bolýar. 1967-nji ýyldaky uruşda Iordaniýa şowsuzlyga duçar bolup, Günbatar kenar Ysraýyl tarapyndan çekip alnandan soň Iordaniýanyň çägine ýüz müňlerçe palestinaly gaçaklar gelip ýerleşýär. Korol Iordaniýanyň Günbatar kenara bolan hukugyndan palestinalylaryň peýdasyna ýüz öwürýär. Emma Ysraýylyň täsiri astynda 1988-nji ýylda Iordaniýa Günbatar kenar bilen islendik aragatnaşyklary kesýär. Netijede arap döwletleriniň maliýe kömeginden mahrum bolýar. Diňe Ýewropa Soýuzy we halkara maliýe guramalarynyň kömeginde Iordaniýa 1991-nji ýylyň ahyryna gelip maliýe krizisinden çykýar.

## SAUD ARABYSTANY

1950-nji ýylda Amerikanyň «Aramko» kompaniýasy bilen nebit gazyp almak barada ylalaşandan soň ýurduň baýlygynyň tymsalyna öwrülýär. Tiz Saud Arabystanynda nebit känleri işe düşüp, ýurduň keşbi özgerýär. 1960-njy ýyllarda musulman dünýäsinde Saudiýa koroly **Feýsal**yň abraýy barha artýar. Ol Eýran bilen gatnaşyklary gowulandyryp başlaýar, Mekgede Eýran şasyny kabul edýär. Rabatda bolan Arap ýurtlary ýolbaşçylarynyň geňeşinde Feýsalyň teklibi bilen **«Yslam konferensiýasy»** guramasy düzülýär. 1973-nji ýyldan başlap nebitiň nyrhy ýiti ýokarlanýar we Saud Arabystanynyň baýlygy misilsiz derejä ýetýär. 1990-njy ýyla gelip saudiýalylar dünýä maliýe resurslarynyň 1/3 bölegini öz ellerinde toplaýar. Dünýäde anyklanan nebit gorlarynyň ¼ bölegi şu ýerde ýerleşýärdi. Bularyň hemmesi korollygyň musulman ýurtlarynyň arasynda abraýynyň artmagyna getirýär.

## UGRUKDYRYJY SORAGLAR

*Geografiýa predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, Günorta-Günbatar Aziýa sebitinde ýerleşýän ýurtlaryň geografik ýerleşişi, paýtagty, pul birligi hem-de hukukşynaslyk predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, döwlet dolandyryşy we syýasy partiýalar ýa-da häkimiýet başyna gelen şahslaryň amala aşyran işlerini görkezýän maglumatlary jedwel görnüşinde depderiňize bellik ediň.*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERI

**1971-nji ýyl**da iňlis goşunlary çykyp gidensoň Arabystan ýarym adasynyň gündogarynda **Birleşen Arap Emirlikleri (BAE)** federasiýasy döredilýär. Oňa 7 emirlik – Abu-Dabi, Dubaý, Şarja, Ajman, Umm ul-Kaýwaýn, Al-Fujaýra we Ra's ul-Haýma girýär. Bu emirlikleriň içinde iň ululary Abu-Dabi we Dubaý hasaplanýar. Nebitden alýan örän uly peýdanyň hasabyna ýurduň ilatynyň jan başyna girdeji boýunça dünýäde öňki orunlardan birini eýeleýär. Daşary ýurt kapitalyny çekmek üçin azat industrial zonalar döredilen. BAE Ýakyn Gündogardaky iň iri maliýe we tranzit söwda merkezi hasaplanýar.

### INTERNET BILEN IŞLEMEK

*Internet arkaly Birleşen Arap Emirlikleri (BAE) federasiýasyna wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy reallygy analiz ediň.*

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Sanksiýa** – kanun bozuja görä ulanylýan we onuň üçin belli bir netijeleri getirýän çäre. (halkara şertnamasyny bozan döwlete garşy ulanylýan jezalandyryş çäreleri).

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **1940-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda Siriýanyň taryhynda nähili syýasy prosesler bolup geçýär?**
2. **1932-nji ýylda öz garaşsyzlygyny yglan eden Yrak näme sebäpden köp tarapdan Beýik Britaniýa bagly bolup galypdy?**
3. **Saud Arabystanynda ýurduň keşbi özgerip gitmegine sebäp bolan haýsy faktorlary bilýärsiňiz?**
4. **Haýsy wakadan soň Arabystan ýarym adasynyň gündogarynda Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) federasiýasy döredildi?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



29-njy tema

# Latyn Amerikasynda milli reformizm we ösüşiň başga ýollary

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Latyn Amerikasy döwletlerine haýsy döwletler girýär?
2. Ikinji jahan urşuna çenli Latyn Amerikasy haýsy döwletiň koloniýasy hasaplanypdyr?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ikinji jahan urşundan soň Latyn Amerikasynyň ýurtlary ykdysady üýtgetmeler geçirmek üçin amatly şert emele gelýär: olar esli uly walýuta goruna eýe bolup, dünýä söwdasynda olaryň ülşi artýar. Bu ýagdaý Latyn Amerikasy ýurtlarynda köpçülikleýin, ýöne awtoritar režimleriň şekillenmegi üçin amatly gurşaw döredýär.

**ÝADA SALYŇ**

*Ikinji jahan urşunda Latyn Amerikasynyň gatnaşyşy barada nämeleri bilýärsiňiz?*

1970-nji ýyllaryň ahyry – 1980-nji ýyllaryň başlarynda Latyn Amerkasy ýurtlarynda diktatorlik režimlerine garşy göreş janlanýar. Bu 1979-njy ýylda Nikaraguada rewolýusiýa, Salwadorda we Gwatemalada pitneçilik hereketiniň güýjemegine getirýär. Günorta Amerika döwletleri – Ekwador, Peru, Boliwiýa, Argentina, Braziliýa we Urugwaýda harby režimler raýat hökümetleri bilen çalşyrylýar. XX asyrda Latyn Amerikasy ýurtlary üçin umumy bolan modernizirlemegiň üç – rewolýusion, neokonserwatiw we reformizm wariantlary aýdyň göze ilýär. Bu wariantlary üç ýurduň mysalynda garap geçýäris.



*Kuba ýolbaşçysy Fidel Kastro*

## KUBA – MODERNIZIRLEME REWOLÝUSIÝASY WARIANTY

1950-nji ýyllaryň ahyrynda Karib deňzindäki kiçijik ada – Kubada bolup geçen wakalar bütin dünýäniň ünsüni özüne çekýär. Kuba jemgyýeti modernizasiýa etmegiň rewolýusion ýoluny saýlaýar. **1959-njy ýylyň 1-nji ýanwar** güni Fidel Kastronyň baştutanlygynda gozgalaňçylar Gawana girip gelýärler, rewolýusiýa ýeňiş gazanýar. F.Kastro hökümeti diňe ýiti hil üýtgeýşi Kubany yzagalaklykdan alyp çykýar, jemgyýeti ösüşiň döwrebap derejesine göterýär, diýip oýlap, ýiti sosial-ykdysady syýasaty amala aşyrýar. ABŞ-nyň Kubadaky täze hökümete duşmanlarça gatnaşygy anyk bolansoň, F.Kastro hökümeti SSSR bilen ylalaşyk arkaly ýurduň goranma gudratyny berkidip başlaýar. Bu bolsa **1962-nji ýyldaky Karib krizisine** getirýär.

Kuba ilkinji döwürde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli diýen ýaly ugurlaryny modernizasiýa etmekde uly üstünlikleri gazanýar. Sap agrar ýurt bolan Kubany agrar-industrial ýurda öwürmek kursy saýlanýar. Emma 1980-nji ýyllardan jemgyýeti modernizasiýa etmegiň Kuba wariantynda mälim kemçilikler göze ilip başlaýar. Ykdysady ösüş depginleri, ilatyň ýaşaýyş derejesi peselýär. SSSR-iň dargamagy Kuba üçin örän uly zarba bolýar. 1990-njy ýyllarda köpçülik F.Kastro režiminiň ýykyljagyny çaklapdylar. Emma Kuba hötdesinden geldi.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÇILI – MODERNIZIRLEMÄNIŇ NEOKONSERWATIW WARIANTY

Ikinji jahan urşundan soň Latyn Amerikasy ýurtlary jemgyýeti modernizasiya etmegiň optimal wariantyny gözleýärler. 1**960-njy ýyllarda** Çiliniň hökümeti ýurdy modernizirlemekde öňdebaryjy ýurtlarda synagdan geçenn özgertme ulgamlaryna daýanýar. Emma başlanan özgertmeler jemgyýetdäki bölünişigi güýçlendirýär, ýurduň durmuşynyň jemgyýetçilik-syýasy ugurlarynda dartgynlygy ýüze çykarýar. Prezidentlik saýlawlaryndan öň döredilen **Halk birligi** bloguna kommunistler, sosialistler, radikallar we «Halk işi bitewi hereketi» girýär. **1970-nji ýyl**da şu bloguň dalaşgäri — **Salwador Alýende** Çiliniň prezidenti edip saýlanýar. S. Alýendeniň hökümetiniň özgertmeleri-de ýurtda dürli garaýyşlary, garşylyklary getirip çykarýar. **1973-nji ýyl**da döwlet agdarylyşygy amala aşyrylyp, häkimiýete general **Awgusto Pinoçetiň** baştutanlygyndaky harby hunta gelýär. Konstitusiýa we ähli diýen ýaly demokratik azatlyklar ýatyrylýar. Pinoçetiň hökümeti saýlan modernizirlemegiň neokonserwatiw warianty uly sosial meseleleri getirip çykarýar. Ilki bilen, iş haky, aýratynam, özgertmeleriň ilkinji ýyllarynda duýarly derejede kemelýär, işsizlyk ýiti artýar. 1989-njy ýylda geçirilen prezidentlik saýlawlarynda Hristian-demokratik partiýanyň öňdebaryjysy **Patrisio Eýlwin** ýeňiş gazanýar. Şunuň bilen diktatura döwri tamamlanýar.

## MEKSIKA – MODERNIZIRLEMEGIŇ REFORMIZM WARIANTY

1958-nji ýylda Meksika senagat önümleriniň umumy göwrümi boýunça Latyn Amerikasynda birinji orna çykýar. Ýurduň üstünlikli ykdysady ösüşinde ep-esli güýçli döwlet sektory esasy rol oýnaýar. Latyn Amerkasynda uly şow-şuwa sebäp bolan Kuba rewolýusiýasy Meksikanyň ýolbaşçylaryny hem sosial ugra möhüm üns bermäge ündeýär. Emma Meksikanyň hökümdarlary ösüşiň liberal-reformizm ýolundan çekinmeýärler.



Salwador Alýende

### ÝATDA SAKLAŇ

*1959-njy ýylyň 1-nji ýanwar güni F.Kastronyň baştutanlygynda gozgalaňçylar rewolýusiýasy ýeňiş gazandy.*

*1970-nji ýylda halk frontunyň dalaşgäri Salwador Alýende Çiliniň prezidenti edip saýlanýar.*

*1958-nji ýylda Meksika senagat önümleriniň umumy göwrümi boýunça Latyn Amerikasynda birinji orna çykýar.*

1980-nji ýyllardaky dünýä ykdysady krizisi Meksika üçin uly synag bolýar. Krizis ýeňip geçilen bolsa-da, işsizlik, daşary karz ýiti artýar, daşary dünýä, birinji nobatda ABŞ-a tabynlyk hem artýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

*1963-nji ýylda Kubanyň ýolbaşçysy Fidel Kastronyň Özbegistana sapary baradaky maglumatlary gözläp tapyň we «Şaraf Raşidow we Fidel Kastro» temasynda tanyşdyrma taýýarlaň.*

## ÇEPER ESER BILEN IŞLEMÄGE DEGIŞLI ÝUMUŞ

*Alwaro Ýunkeniň «Mugallyma üçin bägül» hekaýasyny okaň, analiz ediň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Harby režim** – döwleti dolandyryş şekli bolup, onda bütin häkimiýet harbylara degişli bolýar. Adatda harby režimler harby agdarylyşyk arkaly ornaşdyrylýar.

**Agrar-industrial ýurt** – esasy baýlygyny oba hojalyk önümleri düzýän, senagaty oba hojalyk önümleri we tebigy baýlyklary gaýtadan işlemäge ugrukdyrylan ýurt.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **1950 – 1980-nji ýyllaryň birinji ýarymynda Latyn Amerikasy ýurtlarynda bolup geçen esasy syýasy özgetrmeler barada aýdyp beriň.**
2. **Modernizirlemegiň Kuba warianty özüni ödedimi? 1980-nji ýyllardan bu wariantyň nähili kemçilikleri göze ilýärdi?**
3. **Çilide S.Alýendäniň hökümetiniň özgertmeleri mälim üstünliklere seretmezden näme üçin ýaýbaňlanýar?**
4. **Pinoçetiň diktaturasy döwründäki özgertmeler Çiliniň soňky ösüşinde nähili rol oýnady?**
5. **Meksikada modernizirlemäniň reformizm warianty Kuba we Çili wariantlaryndan nämesi bilen tapawutlanýar?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



30-njy tema

# Afrikada garaşsyzlyk, garyplyk we ösüş meseleleri

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. Afrikanyň geografik taýdan haýsy böleklere bölünýändigini kartanyň kömeginde ýa-da salyň.
2. Täze döwürde Afrika ýurtlary haýsy döwletleriň koloniýalarydy?
3. Birinji we ikinji jahan uruşlarynda Afrika ýurtlarynyň gatnaşyşy nähili geçdi?

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DEMIRGAZYK AFRIKA DÖWLETLERI

Demirgazyk Afrikadaky arap ýurtlaryna Müsür, Sudan, Liwiýa soň Magrib döwletleri: Alžir, Tunis, Marokko we Mawritaniýa girýär. Bu ýurtlarda ilat esasan yslam dinine uýýar. Şu sebäpli sebit arap-yslam siwilizasiýasy ýurtlary hasaplanýar.

## MÜSÜR

Demirgazyk Afrikadaky arap ýurtlaryna Müsür, Sudan, Liwiýa soň Magrib döwletleri: Alžir, Tunis, Marokko we Mawritaniýa girýär. Bu ýurtlarda ilat esasan yslam dinine uýýar. Şu sebäpli sebit arap-yslam siwilizasiýasy ýurtlary hasaplanýar.

Uruşdan soňky ýyllarda Müsürde syýasy we ykdysady gurşaw örän durnuksyzdy. 1952-nji ýylda ýurtda rewolýusiýa amala aşyrylyp, häkimiýete Jemal Abdul Nasyr baştutanlygyndaky «Ýaş ofiserler» gelýär. Ilki bu adatdaky harby agdarylyşygy ýatladýar. Emma wakalaryň soňky ösüşi bu antiimperialistik we antifeodal rewolýusiýadygyny görkezdi. Rewolýusiýa uzak dowam eden milli-azatlyk hereketini jemleýär we Müsüriň hakyky garaşsyzlyk döwrüni başlap berdi.

Täze hökümet Müsürde ençeme özgertmeleri amala aşyrýar. Ýurtda ähli syýasy partiýalar dargadyp goýberilýär. Ýeke-täk resmi syýasy birleşik – Azatlyk guramasy düzülýär we ol täze režimiň daýanjyna öwrülýär. Ýer reformasy netijesinde ençeme daýhanlar ýere eýe bolýar. Emma hökümetiň işine garşy «Musulman biradarlar» dini fanatiklik guramasy hereket edýär. Ilatyň uly bölegi sowatsyz bolan ýurtda olar güýçli täsire eýedi. Netijede, 1954-nji ýylda «Musulman arkadaşlar» tarapdarlary bilen Azatlyk guramasynyň tarapdarlarynyň arasyndaky ganly çaknyşykdan soň «Musulman arkadaşlar» guramasy derbi-dagyn edilýär. J.A.Nasyryň hökümeti Müsüri ösdürmekde SSSR-iň kömegine daýanýar. 1970-nji ýylda J.A.Nasyr aradan çykandan soň Müsüriň prezidenti edip saýlanan Enwer Sadat SSSR bilen ähli aragatnaşyklary üzüp, ABŞ bilen ýakynlaşýar we onuň kömeginde ykdysady ösüşi başlaýar. 1981-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Enwer Sadatyň öldürilmegi-de täze ykdysady kursy üýtgedip bilmeýär. Husni Mubarak prezident edip saýlanandan soň bütin 80 we 90-njy ýyllaryň başlarynda Müsür çalt ösmegini dowam etdirýär.

## SUDAN

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe, bu günki Afrikanyň ösüşiniň meseleleri nämelerden ybarat?*

1956-njy ýylda özbaşdak bolan Sudan unitar demokratik respublika diýlip yglan edilýär. Şondan soň ösüşiň dünýewi we dini ýolunyň tarapdarlarynyň arasynda ençeme çaknyşyklar bolup geçýär. Netijede Sudan ösüşiň yslam ýoluny saýlaýar. Yslam – döwlet dini, arap dili – döwlet dili, şerigat – ähli kanunlaryň esasy diýlip yglan edilýär. 1969-njy ýylda «Azat ofiserler» guramasy

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bu režimi agdaryp taşlaýar. Häkimiýet polkownik **Jafar Nimeýri** baştutanlygyndaky Rewolýusioi geňeşine geçýär. Ýurt **Sudan Demokratik Respublikasy** diýlip yglan edilýär. J. Nimeýranyň şahsy režimi yerleşdiryär. Ýurtda adam hukuklary aýagasty edilýär.

Uzak hereketlerden soň 1985-nji ýylda J.Nimeýranyň režimi hem agdaryp taşlanýar. Şondan soň ýurduň günortadaky yslam döwleti tarapdarlary bilen hökümetiň arasynda uruş başlanýar. Netijede Sudan XX asyryň ahyrynda hem sebitiň iň yzagalak ýurdy bolmagynda galýar.

## LIWIÝA

1. XX asyryň başy – Türkiýäniň koloniýasy; Türk-Italiýan urşundan soň Italiýa tabynlyk başlanýar.
2. II jahan urşy döwründe iňlisler we fransuzlar eýeleýär. 1952-nji ýylda BMG Liwiýa garaşsyzlyk berýär.
3. Liwiýa Birleşen patyşalygy agdarylyp, Liwiýa Arap Respublikasy düzülýär (1969).
4. 1977 – LAR-nyň ýerine Liwiýa Arap Sosialistik Halk Jamahiriýasy yglan edilýär.



**Muammar Kaddafi**

*Liwiýanyň XX asyr ýyl ýazgysy: garaşsyzlykdan diktatura tarap*

**1949-njy ýyl** Italiýanyň öňki koloniýalary – **Fessan, Kirenaika** we **Tripolitaniýa** birleşdirilip, Liwiýa korollygy düzülýär. Liwiýa 1951-nji ýylda garaşsyz döwlet diýlip yglan edilýär. 1950-nji ýylda Liwiýa çäginde nebitiň we gazyň uly ýataklary anyklanýar. Bu baýlyklar daşary ýurt, birinji orunda ABŞ kompaniýalary tarapyndan özleşdirilýär. Soňky ýyllarda nebit gazyp almak senagaty örän çalt ösýär. Nebit senagatynyň çalt ösüşi Liwiýanyň sosial-ykdysady durmuşynda hem düýpli özgerişler başlanýar. Bu proses diňe bir oba ilatynyň ýiti kemelemegine getirmän, şol bir wagtda, ýurtdaky monarhiýa ulgamynyň daýanjy bolan adaty dini durmuş täri hem bozulyp, ýuwaş-ýuwaşdan armiýanyň roly barha artýar. Netijede 1969-njy ýylda 29 ýaşly **Muammar Kaddafi**niň baştutanlygyndaky «Ýaş ofiserler» guramasy koroly agdaryp taşlaýar we ýurdy **Liwiýa Arap Respublikasy** diýip yglan edýär. M. Kaddafi hökümdarlygy döwründe ýurt ykdysady ösüşde we ilaty sosial goramakda uly üstünlikler gazanan bolsa-da, raýatlaryň hukuklary üpjün edilmeýär, bir bölek ilatyň närazylygy barha artýar.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TROPIK WE GÜNORTA AFRIKA ÝURTLARY

1945-nji ýylyň oktýabrynda Angliýanyň Mançester şäherinde V Panafrika kongresi bolýar. Onda antikoloniýa, antiimperialistik ruh üstün bolýar. Kongres bütin kontinente we ähli iri sebitlere hem-de ýurtlara gönükdirilen täze rewolýusion talaplary öňe sürýär. Köp Afrika ýurtlary üçin uruşdan soňky ýyllar syýasy partiýalary düzmek döwri bolýar. Olar indi gönüden-göni köpçülige ýüzlenýän bolýar. Mitiňler, boýun egmezlik kampaniýalary geçirýär, daşary ýurt harytlaryny boýkot edýär. 1940-njy ýyllaryň ahyry – 1950-nji ýyllaryň başlarynda köpçülikleýin çykyşlar we polisiýa bilen ganly çaknyşyklar döwrüň häsiýetli tarapydy. Ýaragly çykyşlar, Madagaskar, Pil Süňki Kenary, Keniýa we Kamerun halklarynyň kolonizatorlyga garşy ýaragly gozgalaňy güýjeýär. 1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymy koloniýa režimlerini ýykmak üçin göreşler döwri bolýar. Beýik Britaniýanyň koloniýasy Altyn Kenar öz garaşsyzlygyny yglan edýär we özüni Gana döwleti diýip atlandyrýar. Fransiýanyň koloniýasy Gwineýa hem öz garaşsyzlygyny yglan edýär. Bu ilkinji ädimler bütin Afrika tarapyndan kontinentiň kolonializmden abat bolmagy simwoly hökmünde kabul edilýär.

Kolonializmden azat bolmak prosesiniň iň ýokary nokady 1960-njy ýyla gabat gelýär. Ol taryha **«Afrika ýyly»** hökmünde girdi. Dünýä kartasynda 17 sany täze Afrika döwletleri peýda bolýar. Soňky ýyllarda Beýik Britaniýa garaşly ähli diýen ýaly döwletler öz garaşsyzlygyny yglan edýär. 1975-nji ýylda Portugaliýada rewolýusiýa bolup geçenden soň onuň koloniýalary hem garaşsyz döwletler hökmünde döredildi.



Panafrika kongresi

### TARYHY SER SALMA

*Siziňçe, Afrika halklarynyň taryhyndaky V Panafrika kongresi hem-de «Afrika ýyly» nähili ähmiýete eýe? Pikiriňizi esaslandyryp synpda T-çyzgy grafik organaýzerden peýdalanyp tanyşdyrma taýýarlaň.*

Garaşsyzlykdan soň birbada diýen ýaly durmuş düýpgöter gowulanýar, diýen ynam giň ýaýrapdy. Emma, köp halatlarda kapitalistik däl ösüş ýoluny saýlan ýurtlarda agyr ýagdaýlar emele gelýär, garaşsyzlyk üçin göreşen düýnki liderler we hökümdar partiýalar häkimiýete gelensoň, zalyma we diktatorlara öwrülýärler, raýatlar uruşlary bolsa köp gan döküşiklere getirýär. Kapitalistik ýoly gutulgysyz diýip hasaplan başga ençeme döwletlerde hem şeýle, birmeňzeş diýen ýaly meseleler peýda bolýar.

Ençeme Afrika döwletlerinde köp sanly, tejribesiz we netijesiz, gulagyna çenli korrupsiýa batyp galan, döwletiň baýlygynyi talaýan we şu esasda bir-birini goldaýan býurokratik apparat emele gelýär. Şeýle şertde ýeke-täk tertibe we güýje eýe bolan gurama armiýa bolýar. Netijede dyngysyz harby agdarylyşyklar bolup geçýär. Garyplykdan, uruşdan we genosidden, senagatyň ýoklugy sebäpli işsizlikden we alaçsyzlykdan gutulmak üçin millionlarça afrikalylar öz kontinentini taşlap gidýärler.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## APARTEID REŽIMINE GARŞY GÖREŞ

Afrikanyň günortada jynsparazlyk režimine esaslanan **Günorta Afrika Respubllkasy** (GAR) bardy. Bu režim dürli jynsdaky adamlar goşulmazdan aýratyn ýaşamagy, aralaşmagy, durmuşda we zähmet prosesinde bir-biri bilen iň az aragatnaşykda bolmagyny talap edýärdi. Bu garaýyş ak tenli adamlaryň üstünligi baradaky taglyma esaslanýardy. Gara tenliler saýlawlarda gatnaşmak hukugyna eýe däldiler. Hatda başlangyç tälim ulgamy hem olar üçin aýratyn, kemräk bilim bermäge niýetlenendi. Şeýle tertiplere garşy çykýan syýasy guramalar yzarlanýar.

Aparteid režimine garşy diňe hukuksyz ýagdaý salnan gara tenli ilat we oňa garşy närazylyk bildirýän bir topar ak tenliler göreşmezden, eýsem halkara bileleşik we BMG hem bu adalatsyzlyga garşy göreşýär. BMG aparteid režimini boýkot etmäge gönükdirilen ençeme çäreleri amala aşyrýar. Netijede GAR hökümeti demokratik çäreleri amala aşyrmaga mejbur bolýar, ähli syýasy partiýalardan çäklendirme alnyp taşlanýar, syýasy tussaglar azat edildi. 1994-nji ýylda bolup geçen saýlawlardan soň GAR taryhyndaky birinji gara tenli ýolbaşçy – **Nelson Mandela** ýurduň prezidenti bolýar.

Aparteid režiminiň agdarylmagy bilen Afrikada kolonializm doly tamamlanýar.

### ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Genosid** – halkara jenaýatlaryň bir görnüşi: jynsyna, milletine, dinine, etnik düzümine görä, ilat toparlaryny uçdantutma ýa-da bölekleýin beden taýdan gyryp taşlamaga gönükdirilen hereket.

**Aparteid** – jynsy kemsitmäniň iň rehimsiz görnüşi.

### SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda Müsürde syýasy we ykdysady gurşaw gaty durnuksyzlygynyň sebäpleri nämelerden ybaratdy?**
2. **XX asyryň 40 ýyllarynda Liwiýa patyşalygynyň düzülmegi we soňky ösüşi barada nämeleri bilýärsiňiz?**
3. **1945-nji ýylyň oktýabrynda Angliýanyň Mançester şäherinde bolup geçen V Panafrika kongresi kontinentiň taryhynda nähili ähmiýete eýe?**
4. **1940-njy ýyllaryň ahyry – 1950-nji ýyllaryň başlarynda köpçülikleýin çykyşlar we polisiýa bilen ganly çaknyşyklaryň häsiýetli taraplary nämelerden ybarat?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



31-nji tema

# XX asyryň ikinji ýarymynda ylym-bilimiň we medeniýetiň ösüşi

**IŞJEŇLEŞDIRIJI SORAGLAR**

1. XX asyryň ikinji ýarymyna çenli takyk ylymlar ugrunda nähili oýlap tapmalar amala aşyryldy?
2. Birinji we ikinji jahan uruşlarynda dünýä döwletleri nähili ýaraglardan peýdalanypdyrlar?
3. XX asyryň başlarynda edebiýatda haýsy ugurda eserler ýazylypdy?

ебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# YLMY-TEHNIKI REWOLÝUSIÝA WE ONUŇ NETIJELERI

Soňky ýüz ýylyň dowamynda ylmyň ösüşi XX asyryň ikinji ýarymynda ylmy-tehniki rewolýusiýa getirýär. Bu rewolýusiýanyň esasy alamtlary tebigy we sintetik materiallardan harytlary köpçülikleýin öndürmek, maşynlardan giň peýdalanmak, önümçiligiň konweýerli liniýalaryny, zawod-awtomatlary we senagat robotlaryny döretmek bolýar. Ylmy-tehniki rewolýusiýasy dünýä ykdysadyýetini kapitalizmiň postindustrial döwrüne alyp çykdy.

Şol bir wagtda, ylmy-tehniki rewolýusiýa ençeme erbet netijelere hem getirdi. Hususan-da, önümçiligi awtomatlaşdyrmak we kompýuterleşdirmek netijesinde iş orunlary has kemelýär we işsizlik artýar. Energiýanyň täze görnüşlerini, emeli materiallary peýdalanmak tebigy resurslardan peýdalanmak mümkinçiligini giňeldýär, emma munuň tebigata zyýany hem barha artýar.

## Ylym-bilimiň üstünlikleri

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryna gelip ylmy aňyň esaslarynda iri özgertmeler bolup geçdi. Isaak Nýutondan başlanan we mehanika esaslanan dünýägaraýyş öz mümkinçiliklerini jemledi we bu Täze döwür ylmynyň krizisine getirdi. Muňa **elektron**yň we **radioaktiwligi**ň açyş edilmegi uly itergi bolýar. Ylymdaky krizisi aradan aýyrmak prosesinde fizikadan başlanan we ylmyň ähli ugurlaryny gurşap alan ylmy-tehniki rewolýusiýasy bolup geçdi. Bu, ilki bilen, **Maks Plank** we **Albert Eýnşteýn** ýaly alymlaryň ady bilen bagly. Elektronyň we radiýniň açyş edilmegi, himiki elementleriň transformasiýasy, **otnositellik nazaryýeti** we **kwant nazaryýeti**niň döredilmegi mikroälem we uly tizlik ugrunda uly täzelik bolýar. Kwant nazaryýeti himiki baglanyşyklaryň tebigatyny düşündirip, ylmy we önümçiligiň öňünde **maddalaryň himiki transformasiýasy** üçin giň mümkinçilikler gapysy açyldy. Nesil yzarlaýjylyk kanunlary ugruna girip barmak başlandy, genetika ylmy ösdi, **hromosomiýa** nazaryýeti şekillendi.

**ÝADA SALYŇ**

*Dünýäde birinji demir ýol haçan we haýsy prosesiň netijesinde oýlap tapylypdy?*

**PIKIRLENIŇ WE LOGIKI NETIJE ÇYKARYŇ!**

*Siziňçe, XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda ylym-bilimiň täze basganҫaga göterilmegine sebäp bolan faktorlar nämelerden ybarat?*

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «SOWUK URUŞ» DÖWRÜNIŇ TOP-7 AÇYŞY

**Ýene haýsy açyşlary we oýlap tapmalary şu sanawa girien bolardyňyz? Pikiriňizi deliller bilen düşündirjek boluň.**

**KOMPÝUTER**

**ENIAC (ABŞ, Pensilwaniýa uniwersiteti, 1946)**



**PLASTIK**



**Plastik senagatynyň emele gelmegi (1950-nji ýyllar)**

**KOSMONAWTIKA**

**Adamyň kosmosa ilkinji uçuşy (1961)**



**ÖÝJÜKLI TELEFON**



**«Motorola» (1984)**

**INTERNET**

**ARPANET (1969)**



**ATOM TEHNOLOGIÝALARY**



**Obninsk AES (1954)**

**GEN INŽENERLIGI**

**Stenli Kohen, Herbert Boýer (1973)**



Bu ýyllarda takyk ylymlar gazanan iň uly üstünliklerden biri lazeriň açyş edilmegi boldy. Bu açyş XX asyr fizika ylmyndaky iň aýdyň açyşlardan biri hökmünde ykrar edilen. 1960-njy ýylda sowet fizikleri N.G.Basow, A.M. Prohorow we amerikan alymy Ç.Tauns **lazer** – (bu iňlisçe Lighit Amplification bu Stimulated Emission of Radiation–*mejbury şöhlelenme netijesinde ýagtylygyň güýçlendirilmegi* jümlesiniň baş harplaryndan alnan) – şöhläniň umuman täze görnüşini döretdiler. Bu üç alymlara fizika ugrunda **Nobel baýragy** berildi.

Täze tehnikadan we tehnologiýalardan peýdalanmak bilen bagly ýene bir täzelik kompýuteriň oýlap tapylmagy boldy. Kompýuter (iňlisçe computer – «hasaplaýjy») ilki maglumaty gaýtadan işlemek we hasaplamak üçin döredildi, elektron hasaplaýjy maşyny – EHM diýilýärdi we örän uly göwrüme eýedi. 1959-njy ýylda amerikan inženerler D. Kilbi we R. Noýs tarapyndan **ýarymgeçirijili integral mikroshemalaryň** döredilmegi kompýuter we başga esbaplar göwrüminiň ýiti gysgalmagyna, iş pudagyny ýiti giňeltmäge getirdi. Integral mikroshemalaryň döredilişini alymlar XX asyryň soňky 50 ýylyň içinde edilen iň meşhur oýlap tapma diýip atlandyrýarlar. Häzir ähli diýen ýalymyz peýdalanýan öýjükli telefonlar hem XX asyr oýlap tapmasy. Şwesiýanyň Televerket kompaniýasy 1940-njy ýyllaryň ahyryndan başlap öýjükli telefonlary döretmegiň üstünde iş başlanypdy. Şwedler tarapyndan hödürlenen birinji köpçülikleýin öýjükli telefon aragatnaşygy **MTA** – *Mobiltelefonsistem* (mobil telefon ulgamy) diýlip atlandyryldy. 1970–1980-nji ýyllarda **Ericsson, Philips** we başga ençeme meşhur kompaniýalar tarapyndan öýjükli telefon apparatlarynyň täze görnüşleri döredildi. Şu ýyllarda häzirki zaman görnüşe ýakyn apparatlar peýda bolýar. Massaçuset tehnologiýa institutynyň işgärleri uzak aralykdan

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

durup kompýuter arkaly aragatnaşyk baglanyşdyrmak mümkinligini esaslandyrdylar we Internediň döredilişini ýakynlaşdyrýarlar. 1969-njy ýylda Internediň geçmişdeşi **ARPANET** döredildi.

Ikinji jahan urşundan soň başlanan «sowuk uruş», ABŞ bilen SSSR-iň arasyndaky ýaraglanyşygy haýdatmak kosmos ugruna-da göçýär. **1957-nji ýylyň 4-nji oktýabr** güni Sowet Soýuzynda dünýäde birinji Ýeriň emeli hemrasy uçuryldy. Akademik **S.P. Korolew**yň ýolbaşçylygyndaky topar tarapyndan Aýa kosmos gämisini uçurmak boýunça barlaglar alnyp baryldy. Olaryň netijesinde **1961-nji ýylyň 12-nji aprel** güni dünýäde birinji gezek **Ýu.A. Gagarin** «Vostok» kosmos gämisinde kosmosa uçdy. Komanawtika döwri başlanyp, ol kosmos baradaky bilimlerimizi giňeltdi.

**Ykdysady nazaryýet** ugrunda hem möhüm özgerişler bolup geçdi. Ykdysady nazaryýetdäki iň möhüm özgerişi XX asyryň birinji ýarymynda iňlis ykdysatçysy Jon Keýns amala aşyrdy. Ol amalda ykdysady nazaryýetde täze ýöneliş – **makroykdysadyýeti** döretdi. J.Keýns nazaryýeti ylymda **keýnsçilik** adyny aldy. Ikinji jahan urşundan soň keynsçilik esasynda döredilen ykdysady nazaryýet **neokeýnsçilik** adyny aldy. Bu nazariýa ykdysadyýeti täze döwrüň talabyna laýyklaşdyrmaga gönükdirilipdi.

## GYMMATLYKLAR ULGAMYNDAKY ÖZGERIŞLER

XX asyryň ikinji ýarymyndaky ylmy-tehniki rewolýusiýa we onuň bilen bagly özgerişler adamyň durmuşynyň hemme taraplaryna täsir etdi. Gymmatlyklar ulgamyndaky özgerişler ilki bilen sungatda we edebiýatda öz şöhlelenmsini tapdy.

Sungatda ***abstraksionizm*** (*abstraksiýa-hyýaly*) ýönelişi giň ýaýran. Abstraksionizm fotografiýa sungatynyň ösüşine özboluşly jogap hökmünde peýda boldy. Abstraksionizmiň wekilleri indi teswirde hereketi, duýgyny aňlatmaga ymtylýarlar, sebäbi, olaryň pikiriçe, hut şu taraplary fotografiýada şöhlelendirmegiň alajy ýokdy. Abstraksionizme garşylykly ýagdaýda ***pop-art*** (*köpçülikleýin sungat*) peýda boldy we tizara Ýewropa ýaýrady. Pop-art müşderileriniň pikiriçe, dünýädäki islendik zat özüniň ilkinji sarp ediş ähmiýetini ýitirip, çeper, estetik hile eýe bolmagy mümkin.

Sungatyň bu ugrunda älemiň keşbindäki logikanyň we takyklygyň ýoklugy sungatdaky modernizm basgançagy öz mümkinçiliklerini tükedendigini delillendirýär. Indi Günbatar we Gündogar sungaty, geçmiş we häzirki zaman metodlar, folklor we köpçülikleýin medeniýet elementlerini özünde jemleýän **postmodernizm** metody peýda boldy.

## Edebiýat

Uruşdan soň ençeme ýazyjylaryň romanlary urşy çeper usullar bilen aňmaga bagyşlandy. Bu döwürde aglaba eserler antifaşistik, pasifistik ruhda ýazylan bolsa, 1960-njy ýyllardan soň realizm jemgyýetdäki täze derwaýys meseleleri görkezýän guralyna öwrülýär. Olarda adam bilen tebigatyň arasyndaky berk baglylyk, tebigatdaky heläkçilikler adamyň we jemgyýetiň hem peselmegine getirmegi barada gaty täsirli çeper obrazlar arkaly adyň beýan edilýär.

Beýan etmegiň realistik şekli XX asyryň täze edebi ýönelişi – **köpçülikleýin edebiýatda** özüne ýol tapdy. Bu edebiýat köpçülikleýin okyja niýetlenip, anyk ülňüler esasynda ýazyan, çeper taýdan onçakly ýokary bolmadyk, aňyýet taýdan bar tertipleri goldamaga ugrukdyrylan eserler.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu ugurda ýazylan eser bazaryň ähli kanunlaryny berjaý edýän, hyrydarlaryň dürli gatlagyna niýetlenen edebi haryt hasaplanýar. Bu özüniň açyk täjirçilik häsiýeti, gyzyklandyryjy funksiýasy we wakalaryň ösüşiniň öňünden mälimligi bilen XX asyryň birinji ýarymyndaky edebiýatdan tapawutlanýar.

## ÇEPER ESER BILEN IŞLEMÄGE DEGIŞLI ÝUMUŞ

*«Dünýä edebiýaty» žurnalynda neşir edilen çeper-taryhy eserleriň nusgasyny göçürip alyň we dynç alyş döwründe olary okaň hem-de «Dynç alyş we kitap okamak» temasynda okuw portfoliosyny taýýarlaň.*

## ADALGALARYŇ MAZMUNY

**Konweýer** – ýük daşamak, maşyny gurnamak ýa-da işlenýän zatlary bir iş ýerinden ikinji iş ýerine yzygider üznüksiz eltmek üçin dyngysyz ýa-da döwürleýin ýagdaýda aýlanyp işläp durýan lenta şekilli ýörite transport gurluşy.

**Postmodernizm** – XX asyryň ortalarynda we ahyrlarynda ösen ugur bolup, ol esasan filosofiýa, sungat, arhitektura we edebi tankytçylykda modernizm däplerinden çekinmegi özünde jemleýär. Adalga esasan modernizmden soň gelen taryhy döwri aňlatmak üçin ulanylýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. **Kapitalizmiň postindustrial döwründe ylmy-tehniki ösüş nähili basgançaklary öz içine alýar?**
2. **Häzirki zaman EHM-leriň, kompýuterleriň we öýjükli aragatnaşyk pudagynyň döredilmeginde integral mikroshemalaryň oýlap tapylmagy nähili rol oýnady?**
3. **Internet pudagynyň peýda bolmagyna nähili nazaryýet esas boldy?**
4. **XX asyryň edebiýatyndaky we sungatyndaky nähili ugurlary aýdyp bilersiňiz? Edebiýatyň we sungatyň jemgyýetçilik durmuşyna täsiri nämelerde ýüze çykýar?**
5. **XX asyryň ikinji ýarymynda ylmy açyşlar edilmegine nähili faktorlar sebäp boldy?**

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

**Giriş** ........................................................................ 3

**I BAP**
**XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ ÝURTLARY: INDUSTRIAL SIWILIZASIÝANYŇ BERKARAR BOLMAGY**

**1-nji tema.** Industrial siwilizasiýanyň berkarar bolmagy ........................ 6
**2-nji tema.** «Ýene-de Beýik Britaniýa» üçin: täze ykdysady we aňyýet ulgamynyň peýda bolmagy ........................ 11
**3-nji tema.** Fransiýa we Germaniýa: Ýewropada öňdebaryjylyk üçin göreş ....... 16
**4-nji tema.** Gündogar Ýewropa we Russiýa: jemgyýeti özgertmek meseleleri ... 22
**5-nji tema.** Iki hili Amerika: Demirgazyk we Günorta Amerikada ösüşiň ugurlary ........................ 27
**6-njy tema.** Ýaponiýa, Hytaý we Hindistan: özgertmeleriň aziýa ýoly ................ 32
**7-nji tema.** Yslam siwilizasiýasy ýurtlarynda däpler bilen reformizmiň arasyndaky göreş ........................ 38
**8-nji tema.** Afrika ýurtlarynda kolonializm we ösüş meseleleri ........................ 43

**II BAP**
**JAHAN URUŞLARY ARALYGYNDA SIWILIZASIÝANYŇ ÖSÜŞINIŇ IKI UGRY: LIBERAL-DEMOKRATIÝA HEM-DE TOTALITAR WE AWTORITAR DIKTATURA ÝURTLARY**

**9-njy tema.** Birinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we netijeleri ................. 50
**10-njy tema.** Liberal-demokratik ýurtlarda ösüşiň täze meseleleri ....................... 56
**11-nji tema.** Totalitar we awtoritar diktatura ýurtlary: täze uruş ojagynyň peýda bolmagy ........................ 61
**12-nji tema.** Aziýa ýurtlarynda garaşsyzlyk we ösüş meseleleri........................ 67
**13-nji tema.** Afrikada milli galkynyş we garaşsyzlyk taglymlarynyň peýda bolmagy ........................ 73
**14-nji tema.** Ikinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we netijeleri .................... 77

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## III BAP — 1945 – 1991-NJI ÝYLLARDA ÝEWROPA WE DEMIRGAZYK AMERIKA ÝURTLARY


**15-nji tema.** Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary ........ 86

**16-njy tema.** SSSR-iň we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary ........ 91

**17-nji tema.** ABŞ: täze lideriň peýda bolmagy ........ 95

**18-nji tema.** Beýik Britaniýa we Fransiýa: Täze Ýewropany gurmak ........ 100

**19-njy tema.** Germaniýa we Italiýa: şowsuzlykdan soňky ösüş ........ 106

**20-nji tema.** Günbatar Ýewropada ykdysady we syýasy integrasiýa prosesleri ........ 112

**21-nji tema.** Günorta we Demirgazyk Ýewropa ýurtlary: diktatura we demokratiýa ........ 118

**22-nji tema.** Sowet Soýuzyndaky özgertmeler we krizis: imperiýanyň ýatyrylmagy ........ 124

**23-nji tema.** Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlary totalitarizm we demokratiýa aralygynda ........ 130


## IV BAP — OÝANÝAN DÜNÝÄ: 1945–1991-NJI ÝYLLARDA AZIÝA, AFRIKA WE LATYN AMERIKASY ÝURTLARY


**24-nji tema.** Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ösüşiniň esasy ugurlary ........ 138

**25-nji tema.** Ýaponiýa, Hytaý we Günorta Koreýa: Aziýa siwilizasiýasy gymmatlyklary we Günbatar önümçilik usulynyň sazlaşyklygy ........ 143

**26-njy tema.** Hindistanda we Päkistanda garaşsyzlygyň çylşyrymly ýoly ........ 149

**27-nji tema.** Türkiýe, Eýran we Owganystan: dini gymmatlyklar we häzirki zaman siwilizasiýanyň meseleleri ........ 154

**28-nji tema.** Siriýa, Yrak we Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary ........ 158

**29-njy tema.** Latyn Amerikasynda milli reformizm we ösüşiň başga ýollary ........ 163

**30-njy tema.** Afrikada garaşsyzlyk, garyplyk we ösüş meseleleri. Aparteid we oňa garşy göreş ........ 167

**31-nji tema.** XX asyryň ikinji ýarymynda ylym-bilimiň we medeniýetiň ösüşi ........ 172

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýä taryhy 10 [Tekst] : 10-njy synp üçin derslik / Ş. Ergaşew we başg. -Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022.-180 s.

ISBN 978-9943-8455-9-6

UO‘K 94(100)(075.3)
KBK 63.3(0)ya72

***O‘quv nashri***

# JAHON TARIXI

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 10-sinfi uchun darslik*

*(Turkman tilida)*

Terjime eden K. Hallyýew

Redaktor A. Alymjanowa

Tehniki redaktor A. Suleýmanow

Suratçy A. Abdusamatow

Sahypalaýjy-dizaýner A. Nurullaýew

Korrektor Ş. Ahmedowa

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 30-njy awgustynda rugsat edildi. Möçberi 60×84 1/8.
«Arial» garniturasy. Kegli 12 şponly. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 20,93. Neşir hasap listi 15,30.
______ nusgada çap edildi. Buýurma № ____.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaýy | Synp ýolaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |
| 7 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Ýagşy | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| Kanagatlanarly | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE